**TÜRKMENISTANYŇ MALIÝE WE YKDYSADYÝET MINISTRLIGINIŇ**
**INTELLEKTUAL EÝEÇILIK BOÝUNÇA DÖWLET GULLUGY**

# TÜRKMENISTANYŇ INTELLEKTUAL EÝEÇILIK ULGAMYNA DEGIŞLI KANUNÇYLYK NAMALARYNYŇ ÝYGYNDYSY

## MAZMUNY

Algoritmleriň, elektron hasaplaýjy maşynlar (EHM) üçin programmalaryň, maglumat bazalarynyň we integral mikroshemalaryň topologiýasynyň hukuk taýdan goralyşy hakynda........................................................................................ 3
Seleksiýanyň gazananlaryny hukuk taýdan goramak hakynda.........11
Awtorlyk hukugy we gatyşyk hukuklar hakynda.............................31
Oýlap tapyşlaryň hukuk goragy hakynda.........................................54
Senagat nusgalarynyň hukuk goragy hakynda.................................76
Haryt nyşanlary hakynda..................................................................94
Harytlaryň gelip çykan ýerleriniň atlary hakynda...........................111

**TÜRKMENISTANYN**
**K A N U N Y**

**Algoritmleriň, elektron hasaplaýjy maşynlar (EHM) üçin programmalaryň, maglumat bazalarynyň we integral mikroshemalaryň topologiýasynyň hukuk taýdan goralyşy hakynda**

(Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary¸ 1994- nji ýyl¸ № 3¸ 20- madda)

*( 22.06.2013 ý. № 414-IV, 09.06.2018 ý. № 41-VI Türkmenistanyň Kanunlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)*

**I. bölüm**
**UMUMY DÜZGÜNLER**

**1-nji madda. Esasy düşünjeler**

1. Şu Kanunda ulanylýan esasy düşünjeler:
algoritm - berlen meseläni çözmek üçin edilýän amallaryň ýeke-täk yzygiderliliginiň netijeli beýany;
EHM üçin programma - munuň özi elektron hasaplaýjy maşynlaryň (EHM-leriň) we beýleki kompýuter enjamlaryň belli bir netijäni almak maksady bilen işlemegi üçin niýetlenilen maglumatlaryň we tabşyryklaryň bilelikdäki jeminiň obýektiw görnüşidir (formasydyr). EHM üçin programma diýlende, programma işlenilip düzülýän wagtda alnan taýýarlyk materiallaryna we onuň emele getirýän audiowizual şöhlelenmelerine hem düşünilýär;
maglumat bazalary - munuň özi düşünjeleriň we maglumatlaryň jemini guramagyň (mysal üçin, makalalaryň, hasaplamalaryň) EHM-niň kömegi bilen maglumatlary tapyp we gaýtadan işläp bolar ýaly edip sistemalaşdyrylan obýektiw görnüşidir (formasydyr);
EHM üçin programmalaryň ýa-da maglumat bazalarynyň adaptasiýasy (uýgunlaşmagy) - munuň, özi peýdalanyjynyň anyk tehniki serişdelerinde ýa-da onuň anyk maksadyna laýyklykda EHM üçin programmalaryň we maglumat bazalarynyň işläp bilmegini üpjün etmek niýeti bilen olara girizilýän üýtgetmelerdir;
EHM üçin programmalaryň ýa-da maglumat bazalarynyň modifikasiýasy (gaýtadan işlenilmegi) - munuň özi olaryň adaptasiýasy hasaplanylmaýan islendik üýtgetmelerdir;
EHM üçin programmany dekomplirlemek - munuň özi EHM üçin programmanyň düzumini öwrenmek we olary kodlaşdyrmak maksady bilen başlangyç tekstdäki obýekt koduna üýtgetme girizmekden ybarat bolan tehniki usuldyr;
EHM üçin programmany we maglumat bazalaryny gaýtadan öndürmek - munuň özi EHM üçin programmalaryň ýa-da maglumat bazalarynyň bir ýa-da köp ekzemplýaryny islendik material görnüşinde taýýarlamakdyr, şeýle hem olary EHM-niň ýadyna ýazmakdyr;
EHM üçin programmanyň ýa-da maglumat bazalarynyň ýaýradylmagy (köpeldilmegi) - munuň özi EHM üçin programmalaryň ýa-da maglumat bazalaryny islendik material görnüşinde gaýtadan öndürip peýdalanmaga rugsat bermekdir, şol sanda sete birleşdirmek we beýleki usullar bilen, şeýle hem satmak, prokata, kireýine, karzyna bermek, importyda goşmak bilen gaýtadan öndürmäge rugsat bermekdir;
EHM üçin programmany ýa-da maglumat bazalaryny köpçülige ýetirmek (çap etmek) - munuň, özi EHM üçin programmany ýa-da maglumat bazalarynyň ekzemplýarlaryny awtoryň razylygy bilen adamlaryň näbelli toparyna (şol sanda EHM-niň ýadyna ýazmak we teksti çap etmek arkaly) bermekdir.
EHM üçin programmany ýa-da maglumat bazalaryny peýdalanmak - munuň özi olary çap etmek, nusgasyny almak, ýaýratmak (köpeltmek) we hojalyk dolanyşygyna şol sanda modifisirlenen görnüşde girizmek üçin amala aşyryljak beýleki hereketlerdir;
kommersiýa maksatlary üçin peýdalanmak - munuň özi satmak, kireýine bermek ýa-da kommersiýa

taýdan ýaýratmagyň beýleki usullarydyr, şeýle hem bu hereketleri amala aşyrmak baradaky teklipdir. Mundan beýläk şu Kanunyň tekstinde peýdalanmak diýlip, eger başgaça şertleşilmedik bolsa, hut şu kommersiýa maksatlary üçin peýdalanylmagyna düşünilýär;
integral mikroshema - munuň özi gutarnykly ýa-da aralyk görnüşdäki mikroelektron önümdir, ol elektron shemalaryň wezipelerini ýerine ýetirmek üçin niýetlenendir we elementler hem-de olaryň arabaglanyşygy önüm öndürmek üçin niýetlenen materialyň göwrüminde ýa-da üstünde üznüksiz ýerleşdirilendir;
integral-mikroshemalaryň topologiýasy (mundan beýläk - topologiýa) - munuň özi integral mikroshemalaryň ähli elementleriniň ýörite materiallarda giňişlik-geometrik ýerleşişiniň we olaryň arasyndaky baglanyşlaryň jemidir.
2. Şu Kanunda hak-hukuk eýesi diýlip, awtora, onuň mirasdüşerine, şeýle hem kanuna laýyklykda ýa-da şertnama boýunça aýratyn emläk hukugyna eýe bolan islendik fiziki we ýuridik tarapa düşünilýär.

**2-nji madda. Kanun taýdan düzgünleşdirilýän gatnaşyklar**

1. Şu Kanun bilen algoritmler, EHM üçin programmalary, maglumat bazalaryny we integral mikroshemalaryň topologiýasyny döretmek, hukuk taýdan goramak we peýdalanmak bilen baglanyşykly gatnaşyklar düzgünleşdirilýär.
2. Algoritmler, EHM üçin programmalar we integral mikroshemalaryň topologiýasy şu Kanun esasynda awtorlyk hukugynyň obýektlerine degişli edilýär.
Algoritmlere, EHM üçin programmalara we integral mkroshemalaryň topologiýasyna ylmy işler hökmünde maglumat bazalaryna bolsa - ylmy ýygyndylar hökmünde hukuk taýdan gorag üpjün edilýär.

**3-nji madda. Hukuk taýdan goralýan obýektler**

1. Çap edilen we çap edilmedik obýektiw formada berlen islendik algoritmlere, EHM üçin programmalara, maglumat bazalaryna hem-de integral mikroshemalaryň topologiýasyna, olaryň material taýdan esasynyň, maksadynyň we mynasybetiniň nähilidigine garamazdan, awtorlyk hukugy degişlidir.
2. Awtorlyk hukugy awtoryň döredijilik işiniň netijesi bolup durýan algoritmlere, EHM üçin programmalara, maglumat bazalaryna we integral mikroshemalaryň topologiýasyna degişlidir. Awtoryň işiniň döredijilik häsiýeti, ol tä nädogrudygy subut edilýänçä, dogry hasap edilýär.
3. Şu Kanun esasynda ygtyýar edilýän hukuk taýdan gorag EHM üçin programmalaryň ähli görnüşlerine (şol sanda operasion sistemalara we programmalaýyn komplekslere hem) degişli edilýär¸ olar başlangyç teksti hem-de obýekt koduny goşmak bilen programmirlemegiň islendik dilinde we dürli görnüşlerinde bolup biler.
4. Şu Kanun esasynda kepillendirilýän hukuk goragy maglumatlary seçip almak we jemlemek boýunça döredijilikli zähmetiň netijelerini özünde jemleýän maglumat bazalaryna hem degişli edilýär. Maglumat bazalary olaryň esaslanýan maglumatlarynyň ýa-da olara goşulýan maglumatlaryň¸ awtorlyk hukugynyň obýektleridigine ýa-da däldigine garamazdan, hukuk taýdan goralýar.
5. Şu Kanun esasynda ygtyýar edilýän hukuk goragy algoritmleriň, EHM üçin programmalaryň, maglumat bazalarynyň ýa-da olaryň haýsydyr bir elementleriniň esasynda ýatýan ideýalara we prinsiplere, şol sanda interfeýsi guramagyň¸ şeýle hem programmirlemegiň dilleriniň ideýalaryna hem-de prinsiplerine degişlidir.
6. Integral mikroshemalary işläp düzüjilere we taýýarlaýjylara topologiýanyň döredilen senesine onuň elementleriniň, jemi belli bolan bolsa, onda ol şu Kanun esasynda hukuk taýdan goraga degişli däldir.
7. Algoritmlere, EHM üçin programmalara, maglumat bazalaryna we integral mikroshemalaryň topologiýasyna bolan awtorlyk hukugy olaryň material bazasyna eýeçilik hukugy bilen

baglanyşykly däldir. Material bazasyna degişli bolan hukugyň üýtgemegi algoritmlere, EHM üçin programmalara, maglumat bazalaryna we integral mikroshemalaryň topologiýasyna bolan hukugy hiç bir jähtden üýtgetmeýär.

**4-nji madda. Awtorlyk hukugynyň ykrar edilmeginiň şertleri. Algoritmlere, EHM üçin programmalara, maglumat bazalaryna, integral mikroshemalaryň, topologiýasyna awtorlyk hukugy**

1. Algoritmlere, EHM üçin programmalara, maglumat bazalaryna we integral mikroshemalaryň, topologiýasyna awtorlyk hukugy olaryň döredilmegi bilen emele gelýär.
EHM üçin programmalara awtorlyk hukugyny ykrar etmek we amala aşyrmak üçin denonirlemek (saklamaga bermek), registrirlemek (bellemek) ýa-da beýleki formallyklar ýaly çäreleri amala aşyrmak talap edilmeýär.
Awtorlyk hukugynyň obýekti bolup durmaýan materiallardan ybarat bolan maglumat bazalaryna awtorlyk hukugy şol maglumat bazalaryny döreden adama degişlidir.
Maglumat bazalaryna awtorlyk hukugy şol maglumat bazalaryna girizilen işleriň her birine awtorlyk hukugynyň berjaý edilen şertlerinde ykrar edilýär.
Maglumat bazalaryna girýän işleriň her birine awtorlyk hukugy saklanyp galýar. Şol işler bu maglumat bazalaryndan özbaşdak hem peýdalanylyp bilner.
Maglumat bazalaryna bolan awtorlyk hukugy bu maglumat bazalaryna girizilen işleri we materiallary özbaşdak saýlap almak hem-de guramak işlerini amala aşyrmakda beýleki adamlara päsgel bermeýär.
2. Hak-hukuk eýesi özüniň hukuklaryny habar bermekde EHM üçin programmalaryň, maglumat bazalarynyň ýa-da integral mikroshemalaryň topologiýasynyň çap edilen ilkinji goýberilişinden başlap, awtorlyk hukugyň şu aşakdaky üç elementden durýan gorag nyşanyny peýdalanyp biler:
- gurşalyp alnan ýa-da tegelek ýaýlaryň içindäki S harpyny;
- hak-hukuk eýesiniň adyny;
- EHM üçin programmanyň ýa-da maglumat bazalarynyň birinji goýberilişiniň çap edilen ýylyny.

**5-nji madda. Awtorlyk hukugynyň hereket möhleti**

1. Awtorlyk hukugy algoritmleriň, EHM üçin programmalaryň¸ maglumat bazalarynyň we integral mikroshemalaryň topologiýasynyň döredilen pursatyndan başlap, awtoryň ömrüniň bütin dowamynda we şondan soň hem onuň aradan çykan ýylyndan soňky ýylyň 1-nji ýanwaryndan hasaplanylanda 50 ýylyň dowamynda hereket edýär.
2. Bilelikde döredilen algoritmlere, EHM üçin programmalara, maglumat bazalaryna we integral mikroshemalaryň topologiýasyna awtorlyk hukugynyň hereketiniň gutarýan möhleti awtorlaryň iň soňkysynyň aradan çykan gününden hasaplanylýar.
3. Awtoryň ady görkezilmän (anonim), ýagny golsuz ýa-da lakam bilen çykarylan algoritmlere, EHM üçin programmalara, maglumat bazalaryna we integral mikroshemalaryň topologiýasyna awtorlyk hukugy olaryň goýberilen (çap edilen) pursatyndan başlap, 50 ýylyň dowamynda hereket edýär. Eger anonim ýa-da lakam bilen goýberilen algoritmiň, EHM üçin programmalaryň, maglumat bazalarynyň we integral mikroshemalaryň topologiýasynyň awtory görkezilen möhletiň dowamynda öz şahsyýetini ýa-da özüniň lakamyny aýan edäýse, ýa-da awtor tarapyndan kabul edilen lakam onuň şahsyýeti babatda şübhe döretmese, onda şu maddanyň 1-nji punktunda göz öňünde tutulan gorag möhleti ulanylýar.
4. Algoritmiň, EHM üçin programmalaryň, maglumat bazalarynyň we integral mikroshemalaryň topologiýasynyň awtorynyň şahsy hukugy möhletsiz goralýar.

**6-njy madda. Şu Kanunyň hereket edýän çäkleri (sferasy)**

Türkmenistanyň territoriýasynda ilkinji gezek çap edilen ýa-da çap edilmese-de, onuň çäklerinde

haýsydyr bir obýektiw görnüşde bar bolan algoritmlere, EHM üçin programmalara, maglumat bazalaryna we integral mikroshemalaryň topologiýasyna awtorlyk hukugy Türkmenistanyň territoriýasynda hereket edýär.
Awtor, onuň mirasdary ýa-da hukuk taýdan beýleki mirasdüşeri graždanlyk ýagdaýlarynyň nähilidigine garamazdan, awtorlyk hukugyna eýedirler.
Daşary ýurtlaryň territoriýalarynda neşir edilen ýa-da haýsydyr bir obýektiw görnüşde bar bolan algoritmlere, EHM üçin programmalara, maglumat bazalaryna we integral mikroshemalaryň topologiýasyna Türkmenistanyň graždanlarynyň ýa-da olaryň hukukly mirasdüşerleriniň awtorlyk hukugy ykrar edilýär.
Daşary ýurtlaryň territoriýasynda ilkinji gezek neşir edilen ýa-da haýsydyr bir obýektiw görnüşde bar bolan algoritmlere, EHM üçin programmalara, maglumat bazalaryna we integral mikroshemalaryň topologiýasyna şol ýurtlaryň graždanlarynyň awgorlyk hukugy Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda ykrar edilýär.

## II. bölüm.
## AÝRATYN AWTORLYK HUKUKLARY

### 7-nji madda. Awtorlyk

1. Algoritmleriň¸ EHM üçin programmalaryň, maglumat bazalarynyň we integral mikroshemalaryň topologiýasynyň awtory diýlip, özüniň döredijilikli işiniň netijesinde olary döreden fiziki tarap ykrar edilýär.
Eger algoritmler, EHM üçin programmalar, maglumat bazalary we integral mikroshemalaryň topologiýasy iki ýa-da şondan hem köp fiziki taraplaryň bilelikdäki döredijilikli işiniň netijesinde döredilen bolsa¸ özem şol algoritm, EHM üçin programma, maglumat bazalary we integral mikroshemalaryň topologiýasy her biri özbaşdak ähmiýete eýe bolan bölümlerden ybaratdygyna ýa-da bölünmez baglanyşykdadygyna garamazdan, şol taraplaryň her biri şeýle algoritmiň, EHM üçin programmalaryň, maglumat bazalarynyň we integral mikroshemalaryň, topologiýasynyň, awtory hökmünde ykrar edilýär.
2. Eger algoritmiň, EHM üçin programmalaryň, maglumat bazalarynyň we integral mikroshemalaryň, topologiýasynyň bölümleri aýratynlykda özbaşdak ähmiýete eýe bolan ýagdaýynda awtorlaryň her biriniň özüniň döreden bölümine awtorlyk hukugy bardyr.

### 8-nji madda. Şahsy hukuk

Algoritmiň, EHM üçin programmalaryň, maglumat bazalarynyň we integral mikroshemalaryň topologiýasynyň awtoryna, onuň emläk hukugynyň nähilidigine garamazdan, şu aşakdaky şahsy hukuklar degişlidir:
- awtorlyk hukugy - ýagny algoritmiň, EHM üçin programmalaryň, maglumat bazalarynyň we integral mikroshemalaryň, topologiýasynyň awtorlyk hukugy;
- at goýmak hukugy - ýagny algoritme, EHM üçin programmalara, maglumat bazalaryna we integral mikroshemalaryň topologiýasyna awtoryň adyny şertli (lakam) ýa-da anonim ýagdaýda at goýmak hukugy;
- eldegirilmesizlik (bütewiliginde galdyrmak) hukugy - ýagny algoritmiň, EHM üçin programmalaryň, maglumat bazalarynyň we integral mikroshemalaryň topologiýasynyň hut özüni, şeýle hem olaryň adyny her hili ýoýulmalardan ýa-da beýleki kast etmelerden, awtoryň at-abraýyna we mertebesine mümkin bolan zyýan ýetirilmelerden goramak hukugy.

### 9-njy madda. Emläk hukugy

1. EHM üçin programmalaryň, maglumat bazalarynyň awtoryna ýa-da olara hak- hukukly beýleki eýelik edijilere şu aşakdaky hereketleri amala aşyrmaga ýa-da amala aşyrmaga ygtyýar etmäge

aýratyn hukuk degişlidir:
- EHM üçin programmalary ýa-da maglumat bazalaryny çap etmäge;
- EHM üçin programmalary ýa-da maglumat bazalaryny (tutuşlygyna ýa-da bölekleýin) islendik görnüşde, islendik usul bilen gaýtadan işläp çykarmaga;
- EHM üçin programmalary ýa-da maglumat bazalaryny ýaýratmaga (köpeltmäge);
- EHM üçin programmalary ýa-da maglumat bazalaryny modifikasiýa etmägä; şol sanda EHM üçin programmalary ýa-da maglumat bazalaryny bir dilden beýleki bir dile geçirmäge;
- EHM üçin programmalary ýa-da maglumat bazalaryny başga hili peýdalanmaga.
2. Integral mikroshemalaryň topologiýasynyň awtoryna ýa-da oňa hak-hukukly beýleki eýelik edijilere (mirasdüşerlere) şol topologiýany öz islegine görä, hususan-da, şonuň ýaly topologiýa bilen integral mikroshemalary taýýarlamaga we ýaýratmaga (köpeltmäge), şu topologiýany şu Kanunda göz öňünde tutulan halatlardan beýleki ýagdaýlarda, başga adamlara birugsat peýdalanmagy gadagan edýän hukugy - da öz içine alýan aýratyn hukuk degişlidir.
Topologiýanyň birnäçe awtorlaryna ýa-da oňa hak-hukukly beýleki eýelik edijilere (mirasdüşerlere) degişli bolan hukugy peýdalanmagyň, tertibi olaryň arasyndaky şertnamalar bilen kesgitlenilýär.
Awtoryň ýa-da topologiýa hak-hukukly beýleki eýelik edijiniň rugsat bermedik ýagdaýynda amala aşyrylyp bilinjek şu aşakdaky hereketler topologiýany peýdalanmagyň aýratyn hukuklarynyň bozulmagy diýlip ykrar edilýär:
- topologiýanyň tutuş ýa-da onuň bölekleriniň, ýagny asyl nusga bolup durmaýan integral mikroshema goşmak ýa-da başga hili ýollar bilen kopiýasynyň (nusgasynyň) alynmagy;
- topologiýanyň ýa-da şu topologiýa bilen integral mikroshemalaryň ulanylmagy, getirilmegi, satuwa çykarylmagy, satylmagy we hojalyk dolanyşygyna başga hili ýollar bilen girizilmegi.

**10-njy madda. Emläk hukugynyň berilmegi**

Algoritmlere, EHM üçin programmalara, maglumat bazalaryna we integral mikroshemalarynyň topologiýasyna bolan emläk hukugy başga bir fiziki ýa-da ýuridik taraplara bütewiligine ýa-da bölekleýin görnüşde şertnama esasynda berlip bilner.
Şertnama ýazmaça görnüşde baglaşylýar we onda şu aşakdaky möhüm şertler bellenilmelidir:
- algoritmleri, EHM üçin programmalary, maglumat bazalaryny we integral mikroshemalaryň topologiýasyny peýdalanmagyň möçberi we usullary;
- tölegleriň möçberi we olary tölemegiň tertibi;
- şertnamanyň hereket edýän möhleti.
2. Algoritmlere, EHM üçin programmalara, maglumat bazalaryna we integral mikroshemalaryň topologiýasyna emläk hukugy miras boýunça kanunda bellenilen tertipde geçýär.

**11-nji madda. Gulluk borçlary ýerine ýetirilýän wagtynda we buýrujy (zakazçy) bilen baglaşylan şertnama esasynda döredilen algoritmlere, EHM üçin programmalara, maglumat bazalaryna we integral mikro-shemalaryň topologiýasyna emläk hukugy**

1. Gulluk borçlary ýerine ýetirilýän wagtynda ýa-da iş tabşyrýan adamyň görkezmesi boýunça döredilen algoritmler, EHM üçin programmalar, maglumat bazalary we integral mikroshemalaryň topologiýasy, eger onuň bilen awtoryň arasynda baglaşylan şertnamada başga hili şert göz öňünde tutulmadyk bolsa, emläk hukugy iş tabşyrýan adama degişlidir.
2. Galam hakynyň möçberleri we ony tölemegiň tertibi awtoryň hem-de iş tabşyrýan adamyň arasynda baglaşylan şertnamada kesgitlenilýär.
3. Awtoryň buýrujy (zakazçy) bilen baglaşan şertnamasy esasynda döreden algiritmlerine, EHM üçin programmalara, maglumat bazalaryna we integral mikroshemalaryň, topologiýasyna emläk hukugy, eger buýuryjy iş tabşyrýan adam bolmasa, şertnamada hem başga hili şert göz öňünde tutulmadyk bolsa, ol buýruja degişli bolýar.

**12-nji madda. Registrasiýa edilmäge hukuk**

1. Algoritmlere, EHM üçin programmalara, maglumat bazalaryna we integral mikroshemalaryň topologiýasyna hak-hukuk eýesiniň islegi boýunça hut özi ýa-da özüniň wekiliniň üsti bilen awtorlyk hukugynyň hereket edýän möhletiniň dowamynda algoritmleri, EHM üçin programmalary, maglumat bazalaryny we integral mikroshemalaryň topologiýasyny Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Intellektual eýeçilik boýunça döwlet gullugyna (mundan beýläk-Türkmenpatent) arza bermek arkaly registrasiýa edip biler.
2. Algoritmleri, EHM üçin programmalary, maglumat bazalaryny we integral mikroshemalaryň topologiýasyny resmi taýdan registrasiýa etdirmek üçin berilýän arza (mundan beýläk - registrasiýa üçin arza), diňe bir sany algoritme, EHM üçin ýekeje programma, bir sany maglumat bazasyna ýa-da bir sany topologiýa degişli bolmalydyr.
Registrasiýa üçin berilýän arzalary taýýarlamagyň düzgünini Türkmenpatent kesgitleýär.
3. Registrasiýa üçin gelip gowşan arzalardaky möhüm dokumentleriň ýerbe -ýerdigini Türkmenpatent barlaýar we talaba laýyklykda algoritm, EHM üçin programmany, maglumat bazalaryny we integral mikroshemalaryň topologiýasyny ekspertizadan geçirýär.
Barlag gowy netije berse, Türkmenpatent algoritmi, EHM üçin programmany, maglumat bazalaryny we integral mikroshemalaryň topologiýasyny algoritmler we programmalar fonduna (APF) girizýär. Olaryň resmi taýdan registrasiýa edilendigi barada arza beren adama şahadatnama gowşurýar we algoritmleriň¸ EHM üçin programmalaryň hem-de integral mikroshemalaryň registrasiýa edilendigi hakyndaky maglumaty Türkmenpatentiň resmi býulleteninde çap edýär.
Arza beren adam maglumat resmi býulletende çap edilýänçä Türkmenpatentiň talap etmegi boýunça ýa-da öz islegi bilen zaýawkasyndaky materiallaryň üstüni ýetirmäge, olary takyklamaga we düzetmäge haklydyr.
4. Resmi registrasiýanyň tertibi, resmi registrasiýa baradaky şahadatnamanyň görnüşi (formasy), olarda görkezilýän maglumatlaryň düzümi (sostawy) Türkmenpatent tarapyndan kesgitlenilýär. Resmi býulletende çap edilýän maglumatlaryň sanawyny hem Türkmenpatent kesgitleýär.
5. Registrasiýa edilen algoritmlere, EHM üçin programmalara, maglumat bazalaryna we integral mikroshemalaryň topologiýasyna ähli emläk hukuklarynyň başga birine doly berilýändigi hakyndaky şertnama Türkmenpatentde registrasiýa edilmelidir.
Emläk hukuklarynyň algoritmlere, EHM üçin programmalara, maglumat bazalaryna we integral mikroshemalaryň topologiýasyna berilýändigi hakyndaky şertnamalar taraplaryň razylygy boýunça bölümde registrasiýa edilip bilner.
6. EHM üçin programmalaryň reýestrine (ýazgysyna), maglumat bazalarynyň reýestrine ýa-da integral mikroshemalaryň topologiýasynyň reýestrine girizilen maglumatlar, nädogrudygy subut edilýänçä, ygtybarly hasap edilýär.
Görkezilen maglumatlaryň ygtybarlydygy üçin jogapkärçiligi arza beren adamyň özi çekýär.
7. Algoritmleriň, EHM üçin programmalaryň, maglumat bazalarynyň we integral mikroshemalaryň topologiýasynyň şertnamalaryň hem-de çap edilen maglumatlaryň resmi registrasiýa bilen baglanyşykly amala aşyrylýan işler üçin registrasnon tölegler tutulyp alynýar.
Registrasion tölegleriň möçberi, olary üzlüşmegiň möhleti, şeý-le hem olary töleglerden boşatmagyň ýa-da olaryň möçberini azaltmagyň şertleri Türkmenistanyň Ministrler kabineti tarapyndan kesgitlenilýär.

## III. bölüm.
## ALGORITMLERIŇ, EHM ÜÇIN PROGRAMMALARYŇ MAGLUMAT BAZALARYNYŇ WE INTEGRAL MIKROSHEMALARYŇ TOPOLOGIÝASYNYŇ PEÝDALANYLYŞY

**13-nji madda. Algoritmleriň, EHM üçin programmalaryň, maglumat bazalarynyň we integral mikroshemalaryň topologiýasynyň hak-hukuk eýeleri bilen baglaşylan şertnamalar esasynda peýdalanylyşy**

1. Algoritmleriň, EHM üçin programmalaryň, maglumat bazalarynyň we integral mikroshemalaryň topologiýasynyň, peýdalanyjy tarapyndan ulanylmagy şu Kanunda görkezilen ýagdaýlardan başga halatlarda onuň hak-hukuk eýesi bilen baglaşylan şertnama esasynda amala aşyrylýar.
2. Algoritmleri, EHM üçin programmalary, maglumat bazalaryny we integral mikroshemalaryň topologiýasyny peýdalanmak baradaky şertnamalar ýazmaça görnüşde baglaşylýar.
3. Algoritmler, EHM üçin programmalar¸ maglumat bazalary we integral mikroshemalaryň topologiýasy satylan we köpçülikleýin peýlalanmaga hödürlenilen wagtynda şertnamalary ýeňilleşdirilen görnüşde ulanmaga rugsat berilýär, mysal üçin, algoritmleriň, EHM üçin programmalaryň, maglumat bazalarynyň we integral mikroshemalaryň topologiýasynyň nusgalaryna (ekzemplýarlaryna) baglaşylan şertnamanyň bir tipdäki şertleri ýazmak arkaly beýan edilýär.

**14-nji madda. EHM üçin programmalaryň, maglumat bazalarynyň erkin gaýtadan öndürilmegi we adaptasiýasy (uýgunlaşmagy)**

1. EHM üçin programmalara, maglumat bazalaryna eýelik etmäge hukukly adam olaryň hak-hukuk eýesinden goşmaça ygtyýar almazdan, EHM üçin programmalaryň, maglumat bazalarynyň niýetlenen ugry boýunça işledilmegi bilen baglanyşykly islendik hereketleri amala aşyrmaga haklydyr. Şol sanda ol ýazga geçirmäge we şol ýazgyny EHM-niň ýadynda saklap galdyrmaga, şonuň bilen birlikde mese-mälim görnüp duran ýalňyşlary düzetmäge-de ygtyýarlydyr. Ýazgy geçirmek we ony EHM-niň ýadynda saklap galmak eger onuň hak-hukuk eýesi bilen baglaşylan şertnamada başga hili ýagdaý göz öňünde tutulmadyk bolsa, diňe bir EHM babatda ýa-da sete birikdirip, peýdalanyjynyň diňe birine ygtyýar edilýär.
2. EHM üçin programmalaryň, maglumat bazalarynyň nusgalaryna (ekzemplýarlaryna) eýelik etmäge hukukly adam olaryň hak-hukuk eýesi bilen ylalaşmazdan we oňa goşmaça tölegleri tölemezden, şu aşakdakylara ygtyýarlydyr:
- EHM üçin programmalary, maglumat bazalaryny adaptasiýalaşdyrmaga (uýgunlaşdyrmaga);
- EHM üçin programmalaryň, maglumat bazalarynyň nusgalaryny (kopiýalaryny) başga adama bermezlik şerti bilen, taýýarlamaga ýa-da taýýarlamagy tabşyrmaga we EHM üçin programmalaryň, maglumat bazalarynyň asyl nusgalarynyň ýiten, ýok edilen ýa-da peýdalanmak üçin ýaramsyz bolup galan halatynda olaryň kanuny ýagdaýda alnan nusgasyny çalşyrmak üçin niýetlenen ekzemplýaryny taýýarlamaga; EHM üçin programmalaryň, maglumat bazalarynyň nusgalary (kopiýalary) başga maksatlar üçin peýdalanylyp bilinmez, şol EHM üçin programmalar, maglumat bazalary eger kanuny hukuklaryny ýitiren bolsa, olar ýok edilmelidir.
3. EHM üçin programmalaryň, maglumat bazalarynyň nusgalaryna (ekzemplýarlaryna) eýelik etmäge hukukly adam olaryň hak-hukuk eýesiniň razylygyny almazdan we goşmaça hak tölemezden, EHM üçin programmany dekompilirlemäge ýa-da dekompilýasiýa etmegi başga birine tabşyrmaga hakly däldir.

## IV bölüm. HUKUGY GORAMAK

**15-nji madda. Awtorlyk hukugynyň bozulmagy. Algoritmleriň, EHM üçin programmalaryň, maglumat bazalarynyň we integral mikroshemalaryň topologiýasynyň kontrafakt nusgalary (ekzemplýarlary)**

1. Şu Kanunyň hak-hukuk eýesiniň aýratyn hukuklary babatdaky talaplaryny berjaý etmeýän, şol sanda algoritmleriň, EHM üçin programmalaryň, maglumat bazalarynyň we integral mikroshemalaryň topologiýasynyň hak-hukuk eýesiniň rugsady alynmazdan taýýarlanylan nusgalaryny (ekzemplýarlaryny) Türkmenistana getiren fiziki we ýuridik taraplar awtorlyk hukugyny bozujylar hasaplanylýar.
2. Algoritmleriň, EHM üçin programmalaryň, maglumat bazalarynyň we integral mikroshemalaryň

topologiýasynyň taýýarlanylan ýa-da peýdalanylan nusgalary (ekzemplýarlary) awtorlyk hukugynyň bozulmalaryna getirýän bolsa, onda olar kontrafakt diýlip ykrar edilýär.
3. Türkmenistanda şu Kanuna laýyklykda goralýan algoritmleriň¸ EHM üçin programmalaryň, maglumat bazalarynyň we integral mikroshemalaryň topologiýasynyň beýleki döwletlerden Türkmenistana getirilen nusgalary (ekzemplýarlary) bu algoritmler, EHM üçin programmalar, maglumat bazalary we integral mikroshemalaryň topologiýasy ozal  Kanun tarapyndan şol döwletlerde hiç wagt goralmadyk hem bolsa ýa-da goralmasy bes edilen hem bolsa, kontrafakt hasap edilýär.

**16-njy madda. Algoritmlere, EHM üçin programmalara, maglumat bazalaryna we integral mikroshemalaryň topologiýasyna berlen hukugyň goragy**

1. Algoritmlerin, EHM üçin programmalaryň, maglumat bazalarynyň we integral mikroshemalaryň topologiýasynyň awtory we beýleki hak-hukuk eýesi şu aşakdakylary talap etmäge haklydyrlar:
- hukugyň ykrar edilmegini;
- hukugyň bozulmagyna çenli dowam eden düzgüniň dikeldilmegini we hukugy bozýan ýa-da onuň bozulmagy üçin howp döredýän hereketiň bes edilmegini;
- ýetirilen zyýanyň hukugy bozujylar tarapyndan bikanun alnan girdejileri hem goşmak bilen töledilmegini.
2. Hak-hukuk eýeleri öz hukuklaryny goramak üçin suda ýüz tutup bilerler. Hukuk bozujylar tarapyndan gaýtarylmaly tölegleriň mukdary sud tarapyndan kesgitlenilýär.

**17-nji madda. Algoritmleriň, EHM üçin programmalaryň, maglumat bazalarynyň we integral mikroshemalaryň topologiýasynyň kontrafakt nusgalarynyň (ekzemplýarlarynyň) gadagan edilmegi**

Algoritmleriň, EHM üçin programmalaryň, maglumat bazalarynyň we integral mikroshemalaryň topologiýasynyň awtorlarynyň we beýleki hak-hukuk eýeleriniň hukuklaryny bozmak bilen taýýarlanylan, gaýtadan öndürilen, satylan, getirilen ýa-da başga hili ýol bilen peýdalanylan, ýa-da peýdalanmak üçin niýetlenilen ekzemplýarlary kanun tarapyndan bellenilen tertipde gadagan edilip bilner.

**18-nji madda. Jogapkärçiligiň başga görnüşleri**

Başga biriniň algoritmlerini, EHM üçin programmalaryny, maglumat bazalaryny we integral mikroshemalaryň topologiýasyny öz ady bilen çap eden ýa-da bikanun gaýtadan öndüren hem-de şeýle işleri ýaýradan (köpelden) adam kanuna laýyklykda jenaýat jogapkärçiligine çekilýär.

Aşgabat şäheri
1994-nji ýylyň 23-nji sentýabry

**TÜRKMENISTANYŇ**
**K A N U N Y**

**Seleksiýanyň gazananlaryny hukuk taýdan goramak hakynda**

(Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2011 ý., № 3, 51-madda)

*Şu Kanun goralýan seleksiýanyň gazananlary babatda işiň hukuk, ykdysady we guramaçylyk esaslaryny kesgitleýär, emläk, şeýle hem onuň bilen baglanyşykly goralýan seleksiýanyň gazananlaryny döretmek, ýüze çykarmak, ösdürip ýetişdirmek we peýdalanmak bilen baglanyşykly ýüze çykýan şahsy emläk däl gatnaşyklary düzgünleşdirýär.*

## I BAP. UMUMY DÜZGÜNLER

### 1-nji madda. Esasy düşünjeler

Şu Kanunda aşakdaky esasy düşünjeler ulanylýar:

**seleksiýanyň gazananlary** – seleksiýanyň gazananlarynyň Döwlet sanawynda bellige alnan ösümligiň täze sorty, haýwanyň täze tohumy (olaryň ugurlary, görnüşleri we kroslary);

**sort** – genotipi ýa-da genotipleriň utgaşmasyny häsiýetlendirýän alamatlary boýunça kesgitlenýän we şol bir botaniki taksonyň beýleki ösümlikleriniň toparlaryndan bir ýa-da birnäçe alamatlary bilen tapawutlanýan ösümlikleriň topary;

**tohum** – genetiki taýdan şertlendirilen we ony haýwanlaryň beýleki toparlaryndan tapawutlandyrýan biologik we morfologik häsiýetlere eýe bolan haýwanlaryň topary. Tohum urkaçy we erkek jynsy bilen ýa-da tohumlyk serişde gornüşinde berlip bilner;

**seleksioner** – döredijilikli zähmeti bilen seleksiýanyň gazananlaryny döreden ýa-da ýüze çykaran we kämilleşdiren şahs;

**tohumlyk we oturdylan ekin** – sorty üznüksiz köpeltmek üçin niýetlenen ösümlikleriň tohumy, şitili, soganlygy we beýleki bölekleri;

**tohumlyk haýwan (mal)** – tohumy üznüksiz köpeltmek üçin niýetlenen haýwan;

**tohumlyk serişde** – tohumlyk haýwan, onuň gametalary ýa-da zigotalary (düwünçekleri);

**haýyşnamaçy** – seleksiýanyň gazananlaryna patentiň berilmegi üçin haýyşnama beren ýuridik ýa-da fiziki şahs;

**patent eýesi** – patent bilen goralýan seleksiýanyň gazananlaryna aýratyn hukugy bolan şahs.

### 2-nji madda. Seleksiýanyň gazananlaryny hukuk taýdan goramak babatda Türkmenistanyň kanunçylygy

1. Seleksiýanyň gazananlaryny hukuk taýdan goramak babatda Türkmenistanyň kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar we şu Kanundan hem-de seleksiýanyň gazananlaryny hukuk taýdan goramak meselelerini düzgünleşdirýän Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan durýar.

2. Eger Türkmenistanyň halkara şertnamasynda şu Kanunda göz öňünde tutulandan başga kadalar bellenilse, onda halkara şertnamasynyň kadalary ulanylýar.

### 3-nji madda. Seleksiýanyň gazananlarynyň hukuk taýdan goragy

1. Seleksiýanyň gazananlaryna bolan hukuk şu Kanun, Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk namalary bilen goralýar we seleksiýanyň gazananlaryna bolan patent (mundan beýläk – patent) bilen tassyklanylýar.

Patent seleksiýanyň gazananlaryny peýdalanmaga bolan patent eýesiniň aýratyn hukugyny,

seleksioneriň awtorlygyny we seleksiýanyň gazananlarynyň ileri tutulmagyny tassyklaýar.

Patent berlen seleksiýanyň gazananlaryny goramagyň möçberi seleksiýanyň gazananlarynyň Döwlet sanawynda seleksiýanyň gazananlarynyň resmi ýazgysynda bellenen düýpli alamatlaryň jemi bilen kesgitlenilýär.

2. Patentiň hereket ediş möhleti seleksiýanyň gazananlarynyň Döwlet sanawynda seleksiýanyň gazananlary bellige alnan seneden hasaplanylýar we şu aşakdakylary düzýär:

üzümiň, bezeg, miweli baglaryň we tokaý agaçlarynyň, şol sanda olaryň sapylan nahallarynyň sorty üçin – 30 ýyl;

beýleki görnüşdäki ösümlikleriň sorty üçin – 25 ýyl;

haýwanlaryň tohumy üçin – 30 ýyl.

## II BAP. SELEKSIÝANYŇ GAZANANLARYNY HUKUK TAÝDAN GORAMAGYŇ DÖWLET TARAPYNDAN DÜZGÜNLEŞDIRILIŞI

### 4-nji madda. Döwlet tarapyndan düzgünleşdiriji edaralar

Seleksiýanyň gazananlaryny hukuk taýdan goramagy döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasy, sort synaglary baradaky ygtyýarly döwlet edarasy we haýwanlaryň tohumlarynyň synaglary baradaky ygtyýarly döwlet edarasy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde amala aşyrýarlar.

### 5-nji madda. Seleksiýanyň gazananlaryny hukuk taýdan goramak babatda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ygtyýarlyklary

Türkmenistanyň Ministrler Kabineti:

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň, şu Kanunyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlarynyň, seleksiýanyň gazananlaryny hukuk taýdan goramak babatda gatnaşyklary düzgünleşdirýän Türkmenistanyň halkara şertnamalarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär;

seleksiýanyň gazananlaryny goramak babatda döwlet syýasatyny amala aşyrýar;

seleksiýanyň gazananlaryny hukuk taýdan goralmaga degişli bolan ösümlikleriň sortlarynyň we haýwanlaryň tohumlarynyň botaniki we zoologik uruglarynyň hem-de görnüşleriniň Döwlet sanawyny tassyklaýar;

ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasynyň teklipleri boýunça ösümlikleriň sortlarynyň we haýwanlaryň tohumlarynyň botaniki we zoologik uruglarynyň hem-de görnüşleriniň Döwlet sanawyna urugrlary hem-de görnüşleri goşýar we aýyrýar;

seleksiýanyň gazananlaryny goramak babatda halkara hyzmatdaşlygyny üpjün edýär;

Türkmenistanyň kanunçylygy bilen onuň ygtyýaryna degişli edilen beýleki meseleleri çözýär.

### 6-njy madda. Ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasynyň ygtyýarlyklary

Ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasy:

seleksiýanyň gazananlaryna patentleriň berilmegine bolan haýyşnamalara seretmek üçin kabul edýär;

patentleriň berilmegine haýyşnamalaryň deslapky seljermesini geçirýär;

täzelik üçin seljermäniň, şeýle hem sort synaglary baradaky ygtyýarly döwlet edarasyndan we haýwanlaryň tohumlarynyň synaglary baradaky ygtyýarly döwlet edarasyndan alnan tapawutlylyga,

birmeňzeşlige we durnuklylyga bolan synaglaryň netijeleri boýunça patenti bermek ýa-da ony bermekden ýüz döndermek hakynda karar kabul edýär;

seleksiýanyň gazananlarynyň Döwlet sanawyna seleksiýanyň gazananlaryny döwlet tarapyndan bellige alýar;

seleksiýanyň gazananlarynyň goragyna degişli resmi maglumatlaryň çap edilmegini üpjün edýär;

seleksiýanyň gazananlaryna patentleri berýär;

seleksiýanyň gazananlaryna bolan patentleriň güýjünde saklanylyşyna gözegçilik edýär;

Türkmenistanyň kanunçylygy bilen onuň ygtyýaryna degişli edilen beýleki wezipeleri ýerine ýetirýär.

**7-nji madda. Sort synaglary baradaky ygtyýarly döwlet edarasynyň we haýwanlaryň tohumlarynyň synaglary baradaky ygtyýarly döwlet edarasynyň ygtyýarlyklary**

Sort synaglary baradaky ygtyýarly döwlet edarasy we haýwanlaryň tohumlarynyň synaglary baradaky ygtyýarly döwlet edarasy:

tapawutlylyga, birmeňzeşlige we durnuklylyga bolan synaglary geçirýärler;

degişlilikde ösümlikleriň sortlarynyň we haýwanlaryň tohumlarynyň synaglarynyň netijeleri hakynda netijenamalar berýärler;

Türkmenistanyň kanunçylygy bilen olaryň ygtyýaryna degişli edilen beýleki wezipeleri ýerine ýetirýärler.

**8-nji madda. Wekilçilik**

Ýuridik we fiziki şahslar şu Kanunyň 51-nji maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan halatlardan başga gös-göni, wekilleriň ýa-da patenti ynanylan wekilleriň üsti bilen ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasy bilen işleri alyp barmaga haklydyrlar.

Wekiliň ýa-da patenti ynanylan wekiliniň ygtyýarlyklary ynanç haty bilen tassyklanylýar.

## III BAP. SELEKSIÝANYŇ GAZANANLARYNYŇ GORAG UKYPLYLYGY

**9-njy madda. Seleksiýanyň gazananlarynyň gorag ukyplylygynyň şertleri**

1. Patent gorag ukyplylygynyň şertlerine jogap berýän we ösümlikleriň sortlarynyň we haýwanlaryň tohumlarynyň botaniki we zoologik uruglarynyň hem-de görnüşleriniň Döwlet sanawyna girizilen seleksiýanyň gazananlary üçin berilýär.

Seleksiýanyň gazananlarynyň gorag ukyplylygynyň çelgileri täzelik, tapawutlylyk, birmeňzeşlik we durnuklylyk bolup durýar.

2. Eger tohumlyk we oturdylan ekiniň ýa-da bu seleksiýanyň gazananlarynyň tohumlyk serişdelerine patentiň berilmegi üçin haýyşnamanyň berlen senesinde seleksiýanyň gazananlaryny peýdalanmak üçin seleksioner, onuň hukuk oruntutary tarapyndan ýa-da olaryň razylygy bilen başga şahslara satylmadyk ýa-da başga görnüşde berilmedik bolsa, seleksiýanyň gazananlary täze diýlip hasap edilýär:

Türkmenistanyň çäginde – bu senä çenli bir ýyldan bärde;

beýleki döwletiň çäginde:

a) görkezilen senä çenli dört ýyldan bärde,

b) eger bu üzüme, agaç, bezeg, miweli baglara we tokaý agaçlaryna degişli bolsa alty ýyldan ir.

3. Seleksiýanyň gazananlary, eger ol haýyşnamanyň berlen senesinde bar bolan islendik beýleki umumy mälim bolan seleksiýanyň gazananyndan aýdyň tapawutlansa, tapawutlanýan diýlip

hasap edilýär.

Resmi kataloglarda, maglumat gaznasynda bolan ýa-da çap etmeleriň birinde takyk ýazgysy bolan ýa-da seleksiýanyň gazananlarynyň Döwlet sanawyna goşulan seleksiýanyň gazananlary umumy mälim bolan seleksiýanyň gazananlary diýlip hasap edilýär.

Haýyşnama boýunça patent ýa-da goragyň beýleki şuňa meňzeş görnüşi berilmek şerti bilen seleksiýanyň gazananlary islendik ýurtda haýyşnamanyň berlen senesinden başlap umumy mälim bolan diýlip hasap edilýär.

4. Eger ösümlikleriň we haýwanlaryň köpelmek aýratynlyklaryny hasaba almak bilen özüniň esasy alamatlary boýunça meňzeş bolsa, seleksiýanyň gazananlary birmeňzeş diýlip hasap edilýär.

5. Eger onuň esasy alamatlary birnäçe gezek köpeldilenden soň ýa-da köpeltmegiň aýratyn döwri mahalynda, her bir köpeldiş döwrüniň ahyrynda üýtgewsiz galsa, seleksiýanyň gazananlary durnukly diýlip hasap edilýär.

**10-njy madda. Seleksiýanyň gazananlarynyň ady**

1. Seleksiýanyň gazananlarynyň gelip çykyşyny görkezmek bilen onuň ady bolmalydyr.

Seleksiýanyň gazananlarynyň ady seleksiýanyň gazananlaryny tanamaga mümkinçilik bermelidir, gysga bolmalydyr, oňa ýakyn botaniki ýa-da zoologik toparlaryň seleksiýanyň gazananlarynyň atlaryndan tapawutlanmalydyr. Ol diňe bir sanlardan düzülmeli däldir, seleksiýanyň gazananlarynyň häsiýetleri, gelip çykyşy, ähmiýeti, seleksioneriň şahsyýeti babatda bulaşyklyga getirmeli däldir, jemgyýetçilik ahlagynyň ýörelgelerine garşy gelmeli däldir.

2. Seleksiýanyň gazananlarynyň ady patenti almak üçin ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasyna haýyşnamaçy tarapyndan hödürlenýär. Eger seleksiýanyň gazananlarynyň ady şu maddanyň talaplaryna laýyk gelmese, haýyşnamaçy ony bellenilen möhletlerde üýtgetmäge borçludyr.

Seleksiýanyň gazananlarynyň ady ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan bellenilýän şertler berjaý edilende haýyşnamaçynyň başlangyjy boýunça üýtgedilip bilner.

3. Seleksiýanyň gazananlaryny peýdalanýan islendik şahs Türkmenistanda seleksiýanyň gazananlarynyň Döwlet sanawynda özüniň bellige alnan adyny ulanmalydyr.

Haçan-da seleksiýanyň gazananlary satuwa hödürlenende ýa-da täjirçilik dolanyşygyna girizilende, ony bellige alnan ady bilen we haryt nyşany, täjirçilik ady ýa-da beýleki şuňa meňzeş belgileri utgaşdyryp ulanmaga ygtyýar berilýär. Şeýle utgaşdyrylyp berlen seleksiýanyň gazananlarynyň ady ýeňil tanalar ýaly bolmalydyr.

**11-nji madda. Seleksiýanyň gazananlaryna patentiň berilmegi üçin haýyşnamany bermek hukugyna eýe bolan şahslar**

1. Seleksiýanyň gazananlaryna patentiň berilmegi üçin haýyşnamany (mundan beýläk – haýyşnama) bermek hukugyna seleksioner, iş beriji ýa-da olaryň hukuk oruntutary (mundan beýläk – haýyşnamaçy) eýedir.

Eger seleksiýanyň gazananlary birnäçe şahslar tarapyndan bilelikde döredilse, onda olara haýyşnamany bilelikde bermek hukugy berilýär.

2. Haýyşnama ynanylan şahsyň (wekiliň) üsti bilen berlip bilner, ol ynanç hatyna laýyklykda patenti almak bilen baglanyşykly işleri ýöredýär.

3. Ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasynyň, şeýle hem sort synaglary baradaky ygtyýarly döwlet edarasynyň we haýwanlaryň tohumlarynyň synaglary baradaky ygtyýarly döwlet edarasynyň işgärleri bu edaralarda işlän bütin döwrüniň dowamynda seleksiýanyň gazananlaryna bolan patentiň berilmegi üçin haýyşnama bermek ýa-da wekil hökmünde çykyş etmek hukugyna eýe däldirler.

**12-nji madda. Gulluk tertibinde döredilen seleksiýanyň gazananlary**

1. Seleksiýanyň gazananlary gulluk tertibinde döredilen diýlip hasap edilýär, eger ony döredende seleksioner şu aşakdakylary ýerine ýetirse:

1) özüniň eýeleýän wezipesine mahsus bolan borçlary;

2) seleksiýanyň gazananlaryny döretmek maksady bilen özüniň üstüne ýörite ýüklenen tabşyrygy.

2. Gulluk tertibinde döredilen seleksiýanyň gazananlaryna bolan haýyşnamany bermek hukugy, eger seleksioner bilen iş berijiniň arasyndaky şertnamada başga zat göz öňünde tutulmadyk bolsa, iş berijä degişlidir.

Eger iş beriji döredilen seleksiýanyň gazananlary hakynda seleksioner tarapyndan özüne habar berlen seneden başlap dört aýyň içinde ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasyna haýyşnama bermese, onda seleksioner haýyşnamany bermek we öz adyna patent almak hukugyna eýedir.

Şu ýagdaýda iş beriji şertnamalaýyn esasda kesgitlenýän öwez puluny patent eýesine tölemek bilen öz önümçiliginde seleksiýanyň gazananlaryny ileri tutup peýdalanmaga bolan hukuga eýedir.

3. Iş berijiniň maliýe, tehniki we beýleki maddy serişdelerini peýdalanmak bilen işgär tarapyndan döredilen, ösdürilip ýetişdirilen ýa-da ýüze çykarylan, ýöne öz zähmet borçlaryny ýa-da iş berijiniň anyk tabşyrygyny ýerine ýetirmek tertibinde bolmadyk seleksiýanyň gazananlary gulluk seleksiýanyň gazananlary bolup durmaýar. Patent almaga bolan hukuk ýa-da şeýle seleksiýanyň gazananlaryna bolan aýratyn hukuk işgäre degişlidir.

Şu ýagdaýda iş beriji öz saýlamagy boýunça seleksiýanyň gazananlaryna bolan aýratyn hukugynyň hereket edýän bütin möhleti üçin seleksiýanyň gazananlaryna öz hajatlary üçin peýdalanmaga bolan muzdsuz, ýönekeý (aýratyn bolmadyk) ygtyýarnamanyň berilmegini ýa-da şeýle seleksiýanyň gazananlaryny döretmek, ösdürip ýetişdirmek ýa-da ýüze çykarmak bilen baglanyşykly iş berijiniň çeken çykdajylarynyň işgär tarapyndan öweziniň dolunmagyny talap etmek hukugyna eýedir.

**13-nji madda. Patentiň berilmegi üçin haýyşnamany bermek**

1. Patentiň berilmegi üçin haýyşnama ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasyna berilýär, haýyşnamanyň berlen güni onuň kabul edilen güni diýlip hasap edilýär.

Patentiň berilmegi üçin haýyşnama seleksiýanyň gazananlarynyň birine degişli bolmalydyr.

2. Patentiň berilmegi üçin haýyşnamada şu aşakdakylar bolmalydyr:

1) adyna patent berilmegi soralýan awtory (şärikli awtorlary) we şahsy (şahslary), şeýle hem onuň (olaryň) ýaşaýan ýerini ýa-da bolýan ýerini görkezmek bilen seleksiýanyň gazananlaryna bolan patentiň berilmegi hakynda haýyşnama.

2) sortuň ýa-da tohumyň ýazgysy.

3. Haýyşnama şu aşakdaky resminamalar goşulýar:

1) sortuň (tohumyň) anketasy;

2) sortuň (tohumyň) suratlar toplumy;

3) bellenilen ölçegde haýyşnamanyň berilmegi üçin pajyň tölenendigini tassyklaýan ýa-da paç tölemekden boşatmak ýa-da onuň möçberini azaltmak üçin esaslary tassyklaýan resminama;

4) eger haýyşnama haýyşnamaçynyň wekili tarapyndan berilse, ynanç haty.

4. Haýyşnama goşulýan resminamalar ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasyna haýyşnamanyň gelip gowşan senesinden başlap üç aýyň içinde berilmelidir.

Eger ýatlanylan resminamalar haýyşnamanyň berlen senesinden başlap üç aýyň içinde berilmese, bellenilen möhlet haýyşnamaçynyň towakganamasy boýunça degişli paç tölenen şertinde goşmaça üç aýa çenli uzaldylyp bilner.

Haýyşnamanyň bellenen we goşmaça möhletinde ýokarda görkezilen resminamalar

berilmedik mahalynda haýyşnama yzyna alnan diýlip ykrar edilýär.

5. Patenti bermek hakynda haýyşnama Türkmenistanyň döwlet dilinde berilýär. Haýyşnamanyň beýleki resminamalary olaryň terjimesini goşmak bilen başga dilde berlip bilner.

Başga dilde berlen resminamalar, eger olaryň terjimesi haýyşnamanyň berlen senesinden başlap üç aýyň içinde gelip gowuşsa, ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasyna haýyşnamanyň berlen senesinde berlen diýlip hasap edilýär.

Eger ýatlanylan terjime haýyşnamanyň berlen senesinden başlap üç aýyň içinde berilmese, bellenilen möhlet degişli pajyň tölenen mahalynda haýyşnamaçynyň towakganamasy boýunça goşmaça üç aý uzaldylyp bilner.

Terjime bellenilen we goşmaça möhletde berilmedik mahalynda haýyşnama yzyna alnan diýlip ykrar edilýär.

6. Ileri tutmak hukugyny talap etmek bilen haýyşnama goşmaça ilkinji haýyşnamanyň tassyklanan nusgasy we onuň döwlet diline terjimesi goşulýar, olar ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky döwlet edarasyna haýyşnamanyň berlen senesinden başlap dört aýdan gijä galman berilýär.

7. Haýyşnamaçy haýyşnamanyň materiallarynda görkezilen maglumatlaryň dogrulygy üçin jogapkärçilik çekýär.

Haýyşnamaçy patentiň berilmegi üçin haýyşnamany onuň berlendigi hakynda ýa-da bermekden ýüz dönderilendigi hakynda kararyň çykarylan senesine çenli islendik wagt yzyna almaga hukuklydyr.

8. Patentiň berilmegi üçin haýyşnama we oňa goşulýan resminamalara bolan talaplar ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan bellenilýär.

**14-nji madda. Seleksiýanyň gazananlarynyň ileri tutulmagy**

Seleksiýanyň gazananlarynyň ileri tutulmagy ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasyna haýyşnamanyň berlen senesi boýunça bellenilýär.

Eger haýyşnama ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasyna görkezilen seneden başlap on iki aýyň içinde gelip gowuşsa, seleksiýanyň gazananlarynyň ileriligi daşary ýurt döwletine ilkinji haýyşnamanyň berlen senesi boýunça bellenilip bilner. Eger haýyşnamaça bagly bolmadyk ýagdaýlar boýunça ileriligi talap etmek bilen haýyşnama bellenilen möhletde berlip bilinmese, möhlet üç aýdan köp bolmadyk wagta uzaldylyp bilner.

Ileriligi bellemek hakynda haýyşnama berlende ýa-da ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasyna haýyşnamanyň berlen senesinden başlap üç aýyň içinde mälim edilmelidir.

Ilkinji haýyşnamanyň, şeýle hem haýyşnamalaryň ikisiniň närsesi bolup durýan seleksiýanyň gazananlarynyň meňzeş nusgalary we (ýa-da) beýleki subutnamalary ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasyna haýyşnamanyň gelip gowşan senesinden başlap dört aýdan gijä galman berilýär.

Eger birmeňzeş seleksiýanyň gazananlarynyň şol bir ilerilik senesi bolsa, onda patent ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek boýunça ygtyýarly döwlet edarasyna has irki senede iberilenligi subut edilen haýyşnama boýunça berilýär, bu seneler gabat gelen mahalynda bolsa, bu edarada has irki bellige alyş belgisi bolan haýyşnama boýunça berilýär.

## IV BAP. SELEKSIÝANYŇ GAZANANLARYNYŇ SELJERMESI

### 15-nji madda. Haýyşnamanyň seljermesi

Haýyşnamanyň seljermesi deslapky seljermäni, täzelik üçin seljermäni, şeýle-de berlen seleksiýanyň gazananlarynyň tapawutlylyga, birmeňzeşlige we durnuklylyga bolan synagy öz içine alýar.

### 16-njy madda. Haýyşnamanyň deslapky seljermesi

1. Haýyşnamanyň deslapky seljermesi şu Kanunyň 13-nji maddasynda göz öňünde tutulan resminamalar bolan mahalynda ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasyna onuň berlen senesinden başlap üç aýyň geçmegi bilen bir aý möhletde geçirilýär.

Deslapky seljermäniň geçirilýän döwründe haýyşnamaçy öz başlangyjy boýunça mälim edilen seleksiýanyň gazananlaryny düýpli alamatlaryny üýtgetmezden haýyşnamanyň materiallarynyň üstüni ýetirmäge, takyklamaga ýa-da düzetmäge bolan hukuga eýedir.

2. Deslapky seljerme şu aşakdakylary barlamagy öz içine alýar:

mälim edilen seleksiýanyň gazananlarynyň ösümlikleriň sortlarynyň we haýwanlaryň tohumlarynyň botaniki we zoologik uruglarynyň hem-de görnüşleriniň tassyklanan Döwlet sanawyna laýyk gelşini;

haýyşnamanyň materiallarynyň bir seleksiýanyň gazananlaryna degişliligini;

zerur resminamalaryň bolmagyny we olar üçin bellenen talaplaryň berjaý edilmegini;

seleksiýanyň gazananlarynyň adyna bolan talaplaryň berjaý edilmegini;

ileri tutmany talap etmegiň hukuga laýyk gelşiniň we tertibiniň berjaý edilmegini.

Eger haýyşnama deslapky seljermäniň talaplaryna laýyk gelse, ony bermegiň bellenilen senesini we haýyşnamanyň belgisini görkezmek bilen garamak üçin haýyşnamanyň kabul edilendigi hakynda haýyşnamaça habar iberýär.

Mälim edilen seleksiýanyň gazananlarynyň ösümlikleriň sortlarynyň we haýwanlaryň tohumlarynyň botaniki we zoologik uruglarynyň hem-de görnüşleriniň tassyklanan Döwlet sanawyna laýyk gelmedik ýa-da şu Kanunyň 13-nji maddasynda göz öňünde tutulan resminamalar bolmadyk mahalynda haýyşnama berijä garamak üçin haýyşnamany kabul etmekden ýüz döndermek hakynda habar iberilýär.

3. Talaplary bozmak bilen oňa goşulýan resminamalara resmileşdirilen haýyşnama boýunça haýyşnamaça onuň iberilen senesinden başlap üç aýyň içinde düzedilen ýa-da ýetmeýän resminamalary bermek teklibi bolan talap iberilýär.

Haýyşnamaçynyň towakganamasy boýunça bellenilen üç aýlyk möhlet alty aýa çenli uzaldylyp bilner.

Eger haýyşnamaçy bellenen üç aýlyk möhletde soralýan resminamalary ýa-da ony uzaltmak hakyndaky towakganamany bermese, haýyşnamaça bellenilen möhletiň geçendigi hakynda habar iberilýär.

Soralan resminamalary bermek üçin duşdan geçirilen möhlet haýyşnamaçynyň towakganamasy boýunça dikeldilip bilner. Soralýan resminamalary goşmak bilen duşdan geçirilen möhleti dikeltmek hakynda towakganama bellenilen möhletiň geçen senesinden başlap alty aýdan gijä galman haýyşnamaçy tarapyndan berilmelidir.

Möhleti dikeltmek hakynda alty aýyň içinde towakganama berilmedik halatynda haýyşnama yzyna alnan diýlip ykrar edilýär, ol hakda haýyşnamaçy habarly edilýär.

Deslapky seljermäniň çözgüdi bilen razy bolmadyk mahalynda haýyşnamaçy çözgüdiň iberilen senesinden başlap üç aýyň içinde ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasynyň Apellýasiýa toparyna garşylyk bermäge haklydyr.

**17-nji madda. Haýyşnamany çap etmek**

1. Ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasy oňyn netije bilen haýyşnamanyň deslapky seljermesiniň tamamlanan senesinden başlap alty aý möhlet bilen resmi býulletende haýyşnama hakyndaky maglumatlary çap edýär. Çap edilýän maglumatlaryň düzümi ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan kesgitlenilýär. Haýyşnama hakyndaky maglumatlar çap edilenden soň islendik şahs onuň materiallary bilen tanyşmaga haklydyr.

2. Eger çap etmek möhletiniň gutarmagyna çenli haýyşnama yzyna alynsa, haýyşnama hakyndaky maglumatlary çap etmek geçirilmeýär.

3. Seleksiýanyň gazananlarynyň awtory, eger ol haýyşnamaçy bolmasa, haýyşnama hakdaky çap edilýän maglumatlarda awtor hökmünde ýatladylmakdan ýüz dönderip biler.

**18-nji madda. Wagtlaýyn hukuk goragy**

1. Wagtlaýyn hukuk goragy haýyşnama hakdaky maglumatlaryň çap edilen senesinden seleksiýanyň gazananlarynyň Döwlet sanawynda seleksiýanyň gazananlary hasaba alnan senesine çenli mälim edilen seleksiýanyň gazananlaryna berilýär.

2. Wagtlaýyn hukuk goragy döwründe haýyşnamaça şu Kanunyň 28-nji maddasynyň ikinji we üçünji böleklerine laýyklykda patent eýesiniň hukugy degişlidir.

3. Eger haýyşnama boýunça patenti bermekden boýun gaçyrmak hakynda karar kabul edilse, wagtlaýyn hukuk goragy gelip ýetmedik diýlip hasap edilýär.

4. Mälim edilen seleksiýanyň gazananlary onuň wagtlaýyn hukuk goragy döwründe peýdalanýan şahs patent eýesiniň talap etmegi boýunça patent alnandan soň patente eýelik edijä öwez puluny tölemäge borçludyr, onuň möçberi patent eýesi bilen ylalaşylyp kesgitlenilýär. Eger taraplaryň arasynda ylalaşyk gazanylmasa, öwez puluny tölemegiň möçberi, möhletleri we tertibi kazyýet tarapyndan kesgitlenilýär.

Görkezilen çäreler haýyşnamany bermek hakynda diňe haýyşnamaçynyň habar beren şahslary babatda ulanylýar.

**19-njy madda. Seleksiýanyň gazananlarynyň täzeliginiň seljermesi**

1. Täzelik üçin mälim edilen seleksiýanyň gazananlarynyň seljermesi ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan geçirilýär. Islendik gyzyklanýan şahs haýyşnama hakyndaky maglumatlaryň çap edilen senesinden başlap alty aýyň içinde mälim edilen seleksiýanyň gazananlarynyň täzeligi babatda bu edara nägilelik bermäge hukuklydyr.

Haýyşnamaçy nägileligiň gelip gowşandygy hakynda habarly edilýär. Nägilelik bilen razy bolmadyk mahalynda haýyşnamaçy habaryň iberilen gününden başlap üç aý möhletde ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasyna esaslandyrylan garşylygyny bermäge hukuklydyr.

Seljermäniň netijeleri boýunça ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasy mälim edilen seleksiýanyň gazananlarynyň täzeligiň çelgisine laýyk gelýändigi ýa-da gelmeýändigi hakynda netijenama çykarýar, ol hakda haýyşnamaça we nägileligi beren şahsa habar berilýär.

2. Eger mälim edilen seleksiýanyň gazananlary täzeligiň çelgisine laýyk gelmese, ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasy patent bermekden ýüz döndermek hakynda çözgüt çykarýar.

3. Täzelik üçin seleksiýanyň gazananlarynyň seljermesiniň oňyn netijeleri bolan ýagdaýynda ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasy haýyşnamaça degişli habar iberýär, onda iberilen seneden başlap on iki aý möhletde şu

aşakdakylar teklip edilýär:

- sort synaglary baradaky ygtyýarly döwlet edarasy ýa-da haýwanlaryň tohumlarynyň synaglary baradaky ygtyýarly döwlet edarasy ýa-da beýleki döwletleriň ygtyýarly edaralary tarapyndan degişlilikde geçirilen seleksiýanyň gazananlarynyň synaglarynyň netijelerini bermek;

ýa-da

- tapawutlylyk, birmeňzeşlik we durnuklylyk üçin seleksiýanyň gazananlarynyň synaglaryny geçirmek hakynda towakganama bermek we bellenilen pajy tölemek.

4. Eger haýyşnamaçy bellenilen on iki aý möhletde talap edilýän materiallary bermese ýa-da bellenilen möhleti uzaltmak hakynda towakganama bermese, ýa-da synaglary geçirmek hakynda towakganama bermese, haýyşnama yzyna alnan diýlip hasap edilýär.

Bellenilen on iki aý möhlet haýyşnamaçynyň towakganamasy boýunça alty aýdan köp bolmadyk möhlete uzaldylyp bilner.

**20-nji madda. Seleksiýanyň gazananlarynyň tapawutlylyga, birmeňzeşlige we durnuklylyga synaglary**

1. Mälim edilen seleksiýanyň gazananlarynyň tapawutlylyk, birmeňzeşlik we durnuklylyk üçin degişlilikde sort synaglary baradaky ygtyýarly döwlet edarasy ýa-da haýwanlaryň tohumlarynyň synaglary baradaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan seleksioneriň ýa-da onuň iş berijisiniň towakganamasy boýunça geçirilýär.

Seleksiýanyň gazananlarynyň synaglary kabul edilen nusgawy usulyýetleri boýunça we bu edaralar tarapyndan bellenilýän möhletlerde geçirilýär.

Haýyşnamaçy synag etmek üçin tohumlyk, oturdylan ýa-da tohum serişdeleriniň zerur mukdaryny bermäge borçludyr.

2. Synaglaryň netijeleri boýunça sort synaglary baradaky ygtyýarly döwlet edarasy ýa-da haýwanlaryň tohumlarynyň synaglary baradaky ygtyýarly döwlet edarasy degişlilikde mälim edilen seleksiýanyň gazananlarynyň tapawutlylygy, birmeňzeşligi we durnuklylygy babatda netijenama çykarýar, ol ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasyna iberýär.

3. Netijenama taýýarlananda sort synaglary baradaky ygtyýarly döwlet edarasy we haýwanlaryň tohumlarynyň synaglary baradaky ygtyýarly döwlet edarasy Türkmenistanyň beýleki ygtyýarly guramalary ýa-da daşary ýurtlaryň ygtyýarly guramalary tarapyndan geçirilen synaglaryň netijelerini, şeýle hem haýyşnamaçynyň özi tarapyndan berlen maglumatlary peýdalanmaga haklydyr.

**21-nji madda. Seljerme çözgüdini çykarmak**

1. 20-nji maddanyň ikinji bölegine ýa-da haýyşnamaçy tarapyndan berlen netijenama laýyklykda, 20-nji maddanyň üçünji bölegine laýyklykda synaglaryň netijeleriniň esasynda ösümlikleriň sortlaryna we

haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasy ýokarda ýatlanan resminamalaryň alnan senesinden başlap üç aý möhletden gijä galman seleksiýanyň gazananlarynyň gorag ukyplylygynyň çelgisine laýyk gelşine garaýar.

2. Eger seleksiýanyň gazananlary gorag ukyplylygynyň çelgisini kanagatlandyrsa we onuň ady bellenilen talaplara laýyk gelse, ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasy patenti bermek hakynda çözgüt çykarýar.

Seleksiýanyň gazananlarynyň beýany goşulan çözgüt haýyşnamaça iberilýär.

3. Eger seleksiýanyň gazananlary gorag ukyplylygynyň çelgisine jogap bermese, ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasy patenti bermekden ýüz döndermek hakynda esaslandyrylan çözgüt çykarýar, ony haýyşnamaça iberilýär.

### 22-nji madda. Seljerme çözgüdine şikaýat etmek

1. Haýyşnama garamagyň islendik tapgyrynda çykarylan seljerme çözgüdi bilen razy bolmadyk mahalynda haýyşnamaçy çözgüdiň çykarylan senesinden başlap üç aýyň içinde garşylygyny ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasynyň Apellýasiýa toparyna (mundan beýläk – Apellýasiýa topary) bermäge haklydyr.

Garşylyga onuň alnan senesinden başlap dört aý möhletde Apellýasiýa topary tarapyndan garalmalydyr.

Haýyşnamaçy garşylygyň garalmagyna özi ýa-da öz wekiliniň üsti bilen gatnaşmaga haklydyr.

2. Seljerme çözgütlerine şikaýat etmek ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan tassyklanýan tertibe laýyklykda amala aşyrylýar.

## V BAP. SELEKSIÝANYŇ GAZANANLARYNY BELLIGE ALMAK WE PATENTI BERMEK

### 23-nji madda. Seleksiýanyň gazananlaryny bellige almagyň we patenti bermegiň tertibi

1. Seleksiýanyň gazananlaryny ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasy patentiň hasaba alnandygy we berlendigi üçin pajyň tölenendigi hakynda resminama alnan gününden başlap iki aýyň içinde goralýan seleksiýanyň gazananlarynyň Döwlet sanawynda bellige alynýar.

Seleksiýanyň gazananlary bellige alnandygy üçin pajyň tölenendigini tassyklaýan resminama patentiň berlendigi hakynda çözgüdiň iberilen senesinden başlap üç aý möhletde haýyşnamaçy tarapyndan berilmelidir.

Pajyň tölegi bökdelende bellenen üç aý möhletiň geçen senesinden başlap, degişli pajy tölemek şerti bilen alty aý ýeňillikli möhlet berilýär. Bellenen we ýeňillikli möhletlerde pajyň tölenendigi hakynda resminama berilmedik mahalynda haýyşnama yzyna alnan diýlip hasap edilýär, bu hakda haýyşnamaça habar berilýär.

2. Bellige alnan seleksiýanyň gazananlary üçin ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasy onuň adyna soralýan şahsa patent berýär.

Patent atlaryna soralýan birnäçe şahslar bolan mahalynda bir patent, ol hem haýyşnamada ady birinji görkezilen haýyşnamaça berilýär.

3. Patent hakyndaky maglumata patent eýesi hakyndaky maglumatlary üýtgetmek bilen baglanyşykly üýtgetmeler we patent hakyndaky maglumatlara degişli beýleki üýtgetmeler girizilýär.

4. Goralýan seleksiýanyň gazananlarynyň Döwlet sanawyna girizilýän maglumatlaryň sanawy, patentiň görnüşi we onda görkezilýän maglumatlaryň düzümi ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan bellenilýär.

5. Patenti alandan soň patent eýesi ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasynyň talaby boýunça tohumlyk ýa-da tohum serişdeleriň zerur mukdaryny saklamak üçin ibermäge borçludyr.

### 24-nji madda. Patent hakynda maglumatlary çap etmek

1. Ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasy seleksiýanyň gazananlarynyň Döwlet sanawynda goralýan seleksiýanyň gazananlaryny bellige alnan senesinden başlap alty aýyň içinde patenti bermek hakyndaky maglumatlary we seleksiýanyň gazananlarynyň resmi beýanyny resmi býulletende çap edýär. Çap edilýän maglumatlaryň düzümini ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri

bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasy kesgitleýär.

2. Seleksiýanyň gazananlarynyň awtory, eger ol patent eýesi bolmasa, patent hakyndaky çap edilýän maglumatlarda awtor hökmünde ýatlanylmakdan ýüz döndermäge hukuklydyr.

3. Ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasy şu aşakdakylar babatda goralýan seleksiýanyň gazananlarynyň Döwlet sanawyna girizilen ähli soňky üýtgetmeleri býulletende çap edýär:

- patent eýesi;
- hukuklary we ygtyýarlandyrylan şertnamalary bermek hakynda bellige alnan şertnamalar;
- patentiň hereketini bes etmek ýa-da dikeltmek;
- patenti hakyky däl diýip ykrar etmek;
- patenti ýatyrmak;
- seleksiýanyň gazananlaryna degişli beýleki maglumatlar.

**25-nji madda. Paçlar**

1. Haýyşnamany bermek, seljermesi, synaglary, patenti bermek we ony güýjünde saklamak bilen baglanyşykly hukuk taýdan ähmiýetli hereketleriň edilmegi üçin, şeýle hem beýleki amallar üçin paçlar hakyndaky degişli Düzgünnama bilen bellenen paçlar alynýar.

Paçlar hakyndaky Düzgünnama we paçlaryň möçberlerini, möhletlerini we tölegiň tertibini görkezmek bilen amala aşyrylan hereketler üçin paçlaryň alynýan, oňa goşulýan Sanawy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýar.

2. Patent eýesi patentiň güýjünde saklanylmagy üçin ýyllyk paçlary tölemäge borçludyr.

Ýyllyk paçlary pajyň geçirilýän patentiň hereket edýän ýylynyň birinji aýy gutarandan giç bolmadyk möhletde tölenilýär. Paç patentiň hereket edýän doly ýyly üçin tölenilýär.

Patentiň güýjünde saklanylmagy üçin pajyň tölenilmegi patent eýesine goşmaça pajy tölemek şerti bilen ýeňillikli alty aýlyk möhlet berilýär.

Paçlar haýyşnamaçy, patent eýesi ýa-da başga şahs tarapyndan tölenilip bilner.

Eger patentiň güýjünde saklanylmagy üçin paç we goşmaça paç ýeňillikli möhletiň içinde tölenilmese, patentiň hereketi möhletinden öň bes edilýär.

3. Paçlary almakdan alnan serişdeler Türkmenistanyň Döwlet býujetine gelip gowuşýar.

Tehniki taýdan enjamlaşdyrylmagy, döretmegi we onuň awtomatlaşdyrylan ulgamynyň ulanylmagy; döwlet patent-maglumat binýadynyň döredilmegi; işgärleriň zähmetine hak tölemegi, hünärmenleri taýýarlamagy we höweslendirmegi; seleksiýanyň gazananlaryny goramak babatda Türkmenistanyň halkara ylalaşyklaryna gatnaşmagyny üpjün etmek üçin gerek bolan gatançlaryň we beýleki tölegleriň tölenmegini goşup, bu serişdelerden seleksiýanyň gazananlaryny goramagyň döwlet ulgamynyň işlemegi we ösmegi üçin çykdajy harajatlaryň maliýeleşdirilmegi amala aşyrylýar.

## VI BAP. SELEKSIÝANYŇ GAZANANLARYNYŇ AWTORY WE ONUŇ HUKUKLARY

**26-njy madda. Seleksiýanyň gazananlarynyň awtory**

1. Seleksiýanyň gazananlarynyň awtory diýlip, döredijilikli zähmeti bilen ony döreden fiziki şahs ykrar edilýär.

2. Eger seleksiýanyň gazananlaryny döretmäge birnäçe şahs gatnaşsa, olaryň hemmesi şärikli awtorlar diýlip hasap edilýär. Şärikli awtorlara degişli hukuklary peýdalanmagyň tertibi olaryň arasyndaky ylalaşyk bilen kesgitlenilýär.

3. Seleksiýanyň gazananlarynyň döredilmegine şahsy goşant goşman, diňe awtora (awtorlara) tehniki, guramaçylyk, maddy ýa-da başga kömek beren şahslar şärikli awtorlar diýlip ykrar edilmeýär.

**27-nji madda. Seleksiýanyň gazananlarynyň awtorynyň hukuklary**

1. Awtoryň hukugy aýrybaşgalanmaýan şahsy hukuk bolup durýar we möhletsiz goralýar.

2. Goralýan seleksiýanyň gazananlarynyň Döwlet sanawyna girizilen, patent eýesi bolmadyk, seleksiýanyň gazananlarynyň awtoryna, ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasy, onyň awtorlygyny tassyklaýan ýörite şahsyýetnama berýär.

3. Awtor öz adyndan seleksiýanyň gazananlaryna at dakmaga hukugy bardyr.

4. Awtor patentiň hereket edýän möhletinde patent eýesinden döreden, ýüze çykaran ýa-da çykaran seleksiýanyň gazananlary üçin hak-heşdek almaga hukugy bardyr. Hak-heşdegiň möçberi we almagyň şertleri seleksiýanyň gazananlarynyň awtory bilen patent eýesiniň arasynda baglaşylan şertnama bilen kesgitlenilýär.

Şonda seleksiýanyň gazananlary üçin hak-heşdegiň ölçegi binýatlyk ululygyndan kem bolmaly däldir, ýagny ösümlikleriň sortlarynyň we haýwanlaryň tohumlarynyň her haýsy aýratynlykda, geljeginiň bardygy, ulanylyş möçberi we ykdysady netijeliligi bilen kesgitlenýär we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellenen tertipde tasyklanýar.

5. Patent eýesi bilen awtoryň şertnamasynda başga zat göz öňünde tutulmasa, awtora hak-heşdek seleksiýanyň gazananlarynyň peýdalanylan her bir ýyly geçenden soň alty aýyň içinde tölenilýär.

6. Eger sort ýa-da malyň tohumy birnäçe şärikli awtorlar bolup döredilen ýa-da çykarylan bolsa, hak-heşdek olaryň arasynda ylalaşyga laýyklykda paýlanýar.

7. Seleksiýanyň gazananlaryny peýdalanmak bilen baglanyşykly patent eýesi tarapyndan hak-heşdek tölemegiň möçberi, tertibi ýa-da onuň şertleri hakynda jedel kazyýet tarapyndan çözülýär.

## VII BAP. PATENT EÝESI, ONUŇ HUKUKLARY WE BORÇLARY

**28-nji madda. Seleksiýanyň gazananlarynyň patent eýesi**

Patenti almaga bolan hukuk şu aşakdakylara degişlidir:

- seleksiýanyň gazananlarynyň awtoryna (şärikli awtorlaryna);
- şu Kanunyň 12-nji maddasynda göz öňünde tutulan halatlarda iş berijä;
- seleksiýanyň gazananlarynyň awtorynyň hukuk oruntutaryna (hukuk oruntutarlaryna) ýa-da iş berijä.

**29-njy madda. Patent eýesiniň hukuklary**

1. Goralýan seleksiýanyň gazananlaryny peýdalanmagyň, şeýle hem peýdalanmaga rugsat bermegiň ýa-da gadagan etmegiň aýratyn hukugy patent eýesine degişlidir.

Patent eýesiniň aýratyn hukugynyň bozulmagy bolup durýan hereketleri amala aşyrmaga, şol sanda şu Kanunda göz öňünde tutulan halatlardan başga onuň rugsady bolmazdan seleksiýanyň gazananlaryny peýdalanmaga hiç kimiň haky ýokdur.

2. Seleksiýanyň gazananlary babatda patentiň eýesine hereket etmäge aşakdaky ýagdaýda rugsat talap edilýär:

1) öndürilende ýa-da täzeden öndürilende (köpeldilende);
2) tohumy kopeltmek üçin ekiş kondisiýasyna ýetirilende;
3) satuwa hödürlenende;
4) satuw ýa-da ýerleşdirişiň beýleki görnüşlerinde;
5) Türkmenistanyň çäginden çykarylanda;
6) Türkmenistanyň çägine getirilende;
7) ýokarky maksatlar üçin saklananda.

3. Patent eýesiniň aýratyn hukugy goralýan sortuň tohum ýa-da oturdylan ekinlerden

öndürilen ösümlik materialyna, şeýle-de patent eýesiniň rugsady bolmazdan hojalyk dolanyşygyna girizilen, goralýan tohum haýwanlaryň tohumyndan öndürilen harytlyk mallara degişlidir.

Patent eýesiniň aýratyn hukugy tohumlyk, oturdylan ýa-da tohumlyk serişdelerine hem degişlidir, olar:

- eger bu goralýan sort ýa-da tohum düýpli ýagdaýda beýleki seleksiýanyň gazananlarynyň alamatlaryny nesle geçirmese, düýpli ýagdaýda goralýan (başlangyç) sortuň alamatlary nesle geçirýär;
- goralýan sortdan, tohumdan anyk tapawutlary bolmasalar;
- olary gaýtadan köpeltmek üçin goralýan sortuň, tohumyň birnäçe gezek peýdalanylmagyny talap edýärler.

4. Beýleki (başlangyç) goralýan seleksiýanyň gazananlaryny düýpli ýagdaýda nesil alamatlary bolan seleksiýanyň gazananlary diýlip, başlangyçdan aýdyň tapawutlanýan seleksiýanyň gazananlary ykrar edilýär:

- başlangyç seleksiýanyň gazananlary ýa-da seleksiýanyň gazananlary has düýpli alamatlaryny nesle geçirýär, şunda başlangyç seleksiýanyň gazananlarynyň mahsus alamatlaryny öz nesline geçirip, seleksiýanyň gazananlarynyň genotipini ýa-da genotipleriň kombinasiýasyny görkezýän esasy alamatlary saklanyp galsa;
- tohumyň başlangyç sortundan hususy seçip almak, indusirlenen mutant, gen inženeriýasy ýaly usullary ulanylmak bilen dörän gyşarmalardan başga başlangyç seleksiýanyň gazananlarynyň genotipine ýa-da genotipleriň kombinasiýasyna laýyk gelse.

5. Patent eýesiniň birnäçesine degişli seleksiýanyň gazananlary peýdalanylanda özara gatnaşyklar olaryň arasyndaky ylalaşyk bilen kesgitlenilýär. Şeýle ylalaşyk bolmadyk mahalynda her bir patent eýesi seleksiýanyň gazananlaryny öz islegine görä peýdalanyp biler, ýöne oňa ygtyýarnama bermäge ýa-da galan patent eýeleriniň razylygy bolmazdan patenti başga şahsa bermäge haky ýokdur.

**30-njy madda. Patent eýesiniň borçlary**

Patent eýesi patentiň hereket edýän möhletiniň içinde sorty, tohumy goralýan seleksiýanyň gazananlarynyň Döwlet sanawynda olaryň bellige alnan senesinde sortuň, tohumyň resmi ýazgysynda görkezilen başdaky alamatlary saklar ýaly saklamaga borçludyr.

Patent eýesi ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasynyň talaby boýunça sort synaglary baradaky ygtyýarly döwlet edarasyna ýa-da haýwanlaryň tohumynyň tohum synaglary baradaky ygtyýarly döwlet edarasyna gözegçilik synaglaryny geçirmek üçin degişlilikde tohumlary ibermäge we ýerinde gözegçiligi geçirmek üçin şertleri üpjün etmäge ýa-da ýerinde gözegçilik synagyny geçirmek üçin tohumlyk serişdelerini bermäge borçludyr.

**31-nji madda. Patent eýesiniň hukugynyň gutarmagy**

Patent eýesiniň hukugy, eger şeýle hereketler soňra sorty, tohumy köpeltmek üçin gönükdirilmese, Türkmenistanyň çäginden çykarylanda patent eýeleriniň özlerine ýa-da onuň razylygy bilen satmak ýa-da ýerlemegiň başga görnüşleri arkaly olar hojalyk dolanyşygyna girizilenden soň goralýan sortuň ýa-da tohumyň islendik serişdesi babatda hereketine degişli däldir.

**32-nji madda. Patent eýesiniň hukugynyň bozulmagy**

Patent eýesiniň hukugynyň bozulmagy diýlip, patent eýesiniň rugsady bolmazdan amala aşyrylan şu aşakdaky hereketler ykrar edilýär:

- seleksiýanyň gazananlaryny öndürmek we gaýtadan öndürmek (köpeltmek);
- seleksiýanyň gazananlaryny tohumlyk ýa-da tohum kondisiýasyna ýetirmek;
- seleksiýanyň gazananlaryny peýdalanmak bilen döredilen önümi satmaga teklip etmek,

satmak we  täjirçilik dolanyşygyna başga hili girizmek;

- goralýan seleksiýanyň gazananlaryny tohumlyk, oturdylan ýa-da tohum serişdelerini ýokarda sanalyp geçilen maksatlar üçin Türkmenistanyň çäginde saklamak, onuň çägine getirmek, äkitmek.

**33-nji madda. Patent eýesiniň hukugynyň bozulmagy diýlip ykrar edilmeýän hereketler**

Şu aşakdakylar patent eýesiniň hukugynyň bozulmagy diýlip ykrar edilmeýär:

- goralýan sorty, tohumy täze seleksiýanyň gazananlaryny çykarmak üçin başlangyç material hökmünde peýdalanmak boýunça hereketler;
- patent eýesiniň rugsat beren ýagdaýynda ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasynyň ygtýarnama bermegi bilen, eger patent eýesi adalatly  hak-heşdek alan ýagdaýynda üçünji adama patentiň hereketini amala aşyrmaga ygtyýar berilýär;
- hojalygy ýörediji subýektiň çäginde gaýtadan öndürmek üçin patent eýesinden alnan tohumlyk, oturdylan ýa-da tohum serişdeleriniň şu hojalygy ýörediji subýekt tarpyndan peýdalanylmagy.

**34-nji madda. Patent eýesiniň hukugy we täjirçilik işini düzgünleşdirýän çäreler**

Patent eýesiniň hukugy Türkmenistanyň çäginde seleksiýanyň gazananlarynyň materialynyň öndürilişini, güwälendirilişini we marketingini ýa-da şeýle materialy äkitmegi ýa-da getirmegi düzgünleşdirmek maksady bilen görülýän islendik çärelere bagly däldir.

**35-nji madda. Patent eýesiniň hukuklaryny ýatyrmagyň islendik başga esasyny aradan aýyrmak**

Patent eýesiniň hukugy şu Kanunyň 36-njy maddasynyň birinji böleginiň we 37-nji maddasynyň birinji böleginiň düzgünlerinde beýan edilenlerden tapawutlanýan esaslaryň güýjünde ýatyrylyp bilinmez.

## VIII BAP. PATENTI HAKYKY DÄL DIÝIP YKRAR ETMEK, PATENTIŇ HEREKETINI BES ETMEK WE DIKELTMEK

**36-njy madda. Patenti hakyky däl diýip ykrar etmek**

1.Patent onuň hereketiniň bütin möhletiniň içinde jedelleşilip we hakyky däl diýlip ykrar edilip bilner, eger:

- bellige alnan seleksiýanyň gazananlary şu Kanunda bellenen gorag ukyplylygynyň şertlerine laýyk gelmese;
- patent eýesi hökmünde patentde görkezilen şahsyň ony almak üçin kanuny esaslary bolmasa.

2. Islendik gyzyklanýan şahs  şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan esaslar boýunça patenti hakyky däl diýip ykrar etmek hakynda esasly garşylygyny Apellýasiýa toparyna berip biler. Garşylygyň berilmegi we garalmagy üçin paç tölenilýär.

Garşylygyň nusgasy patent eýesine iberilýär, ol garşylygyň nusgasyny alan senesinden başlap üç aýyň içinde esaslandyrylan jogaby berip biler.

3. Şu maddanyň birinji bölegine laýyklykda hakyky däl diýlip ykrar edilen patentiň hereketi seleksiýanyň gazananlarynyň bellige alnan senesinden bes edilýär.

Ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasy hakyky däl diýlip ykrar edilen patentler hakyndaky maglumaty seleksiýanyň gazananlarynyň Döwlet sanawyna girizýär we býulletende çap edýär.

**37-nji madda. Patentiň hereketini möhletinden öň bes etmek**

1. Eger patent eýesi patenti bellenilen we goşmaça möhletlerde güýjünde saklamak üçin ýyllyk pajy tölemese, patentiň hereketi möhletinden öň bes edilýär. Şu ýagdaýda patentiň hereketi bellenilen möhletiň gutaran senesinden bes edilýär.

2. Patent eýesiniň patentden ýüz öwürmek hakyndaky haýyşnamasynyň esasynda patentiň hereketi möhletinden öň bes edilip bilner. Ýüz öwürmek ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasyna haýyşnamanyň gelip gowşan senesinden güýje girýär. Patentden ýüz öwürmek hakyndaky haýyşnama yzyna alynmaga degişli däldir.

Patent eýesi patentden ýüz öwürmek meýli hakynda awtora (awtorlara) habar bermäge borçludyr. Şu ýagdaýda awtor patente eýelik etmäge bolan artykmaç hukuga eýedir.

Eger patent ygtyýarnama şertnamasynyň obýekti bolsa, eger şertnamada başga zat göz öňünde tutulmadyk bolsa, ondan ýüz öwürmek diňe ygtyýarnamanyň eýesiniň razylygy bilen mümkindir.

3. Ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasy hereketi möhletinden öň bes edilen patentler hakyndaky maglumatlary seleksiýanyň gazananlarynyň Döwlet sanawyna girizýär we býulletende çap edýär.

**38-nji madda. Patenti ýatyrmak**

1. Patent aşakdaky ýagdaýlarda ýatyrylýar, eger:

- seleksiýanyň gazananlary birmeňzeşligiň we durnuklylygyň  çelgisine indiden beýläk laýyk gelmese;

- patent eýesi on iki aýyň içinde sort synaglary baradaky ygtyýarly döwlet edarasynyň, haýwanlaryň tohumlarynyň synaglary baradaky ygtyýarly döwlet edarasynyň ýa-da ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasynyň talaby boýunça birmeňzeşligiň we durnuklylygyň çelgisi seleksiýanyň gazananlaryna laýyk gelşini barlamak üçin gerek bolan tohumlyk, oturdylan, tohum serişdelerini, resminamalary we maglumaty bermese ýa-da bu maksatlar üçin ýerinde seleksiýanyň gazananlarynyň barlagyny geçirmek mümkinçiliklerini bermese;

- seleksiýanyň gazananlarynyň ady ýatyrylsa, patent eýesi bolsa, başga gabat gelýän ady teklip etmese.

2. Ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasy ýatyrylan patentler hakyndaky maglumatlary seleksiýanyň gazananlarynyň Döwlet sanawyna girizýär we býulletende çap edýär.

**39-njy madda. Geçirilen möhletleri dikeltmek**

1. Haýyşnamaçy ýa-da patent eýesi tarapyndan 13-nji maddanyň dördünji böleginde, 16-njy maddanyň üçünji böleginde, şu maddanyň ikinji böleginde, şu Kanunyň 23-nji maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan, geçirilen möhletler ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan dikeldilip bilner.

2. Seljermäniň talap etmegi boýunça resminamalary we goşmaça materiallary bermegiň haýyşnamaçy tarapyndan geçirilen möhleti, seljermäni geçirmek hakynda towakganamany bermegiň möhleti, seljermäniň çözgüdine garşylygy bermegiň möhleti haýyşnamaçynyň towakganamasy boýunça dikeldilip bilner.

3. Geçirilen möhleti dikeltmek hakyndaky towakganama haýyşnamaçy tarapyndan goşmaça paç tölenilen mahalynda bellenilen möhletiň gutaran senesinden başlap alty aýdan gijä galman ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasyna haýyşnamaçy tarapyndan berlip bilner.

**40-njy madda. Patentiň hereketini dikeltmek**

1. Seleksiýanyň gazananlaryna bolan patentiň güýjünde saklanylmagy üçin pajyň tölenmezligi bilen baglanyşykly onuň bes edilen hereketi patent eýesi ýa-da aýratyn ygtyýarnama eýelik edijiniň towakganamasy boýunça dikeldilip bilner. Towakganama patentiň hereketiniň bes edilen senesinden başlap üç ýylyň içinde, ýöne onuň hereketiniň bellenilen möhletiniň gutarmagyndan gijä galman ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasyna berilmelidir. Towakganama patentiň hereketiniň dikeldilmegi üçin pajyň tölenilmegini tassyklaýan resminama goşulmalydyr.

2. Ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasy patentiň hereketini dikeltmek hakyndaky maglumaty býulletende çap edýär.

**41-nji madda. Soňundan ulanmak hukugy**

Patentiň hereketiniň bes edilen senesi bilen patentiň hereketini dikeltmek hakyndaky maglumatlaryň ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasynyň resmi býulleteninde çap edilen senäniň arasyndaky döwürde ýuridik ýa-da fiziki şahs Türkmenistanyň çäginde patentlenen seleksiýanyň gazananlaryny peýdalanmaga başlasa ýa-da görkezilen döwürde munuň üçin gerek bolan taýýarlyk etse, şeýle peýdalanmagyň möçberini artdyrmazdan ony mundan beýläk muzdsuz peýdalanmaga bolan hukugyny (soňundan ulanmak hukugyny) saklaýar.

## IX BAP. PATENTE BOLAN HUKUKLARY GEÇIRMEK

**42-nji madda. Seleksiýanyň gazananlaryna bolan hukuklary geçirmek**

Seleksiýanyň gazananlary üçin patent hereket edýän bütin möhletiniň içinde hukugy geçirmegiň obýekti bolup biler.

Patenti almaga bolan hukuk, patentiň berilmegi üçin haýyşnamanyň bellige alynmagyndan gelip çykýan hukuklar, şeýle hem patentden gelip çykýan hukuklar islendik şahsa geçirilip bilner.

Hukuklary geçirmek hukugy şertnama esasynda, hukuk oruntutarlygyň we miras almagyň tertibinde, şeýle hem ygtyýarnama şertnamasynyň esasynda amala aşyrylyp bilner.

**43-nji madda. Patenti bermek**

Patente bolan hukuk erkin görnüşde düzülen we patent eýesi hem-de hukuk oruntutary tarapyndan gol çekilen şertnama boýunça islendik gyzyklanýan şahsa berlip bilner.

Şertnama taraplaryň islendiginiň ýazmaça haýyşnamasy boýunça ösümlikleriň sortlaryna we tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasynda bellige alynýar we seleksiýanyň gazananlarynyň Döwlet sanawynda ol bellige alnandan soň güýje girýär. Şertnamanyň bellige alnandygy hakynda maglumatlar býulletende çap edilýär. Bellige alynmadyk şertnama hakyky däl diýlip hasap edilýär.

**44-nji madda. Patente bolan ygtyýarnama**

1. Patent eýesi bolup durmaýan ýuridik ýa-da fiziki şahs diňe ygtyýarnama şertnamasynyň esasynda patent eýesiniň rugsat bermegi bilen patentlenen seleksiýanyň gazananlaryny peýdalanmaga haklydyr.

Patent eýesi (lisenziar) ygtyýarnama şertnamasy boýunça goralýan seleksiýanyň gazananlaryny peýdalanmaga bolan hukugy şertnamada göz öňünde tutulan möçberde beýleki şahsa (lisenziata) bermäge borçlanýar. Lisenziat şertnama bilen şertlendirilen tölegleri lisenziata geçirmek we şertnamada göz öňünde tutulan beýleki hereketleri amala aşyrmak borjuny öz üstüne alýar.

2. Aýratyn ygtyýarnama bolanda lisenziata berilmeýän böleginde ony peýdalanmak hukugyny lisenziatda saklap galmak bilen şertnamada görkezilen çäklerde lisenziata seleksiýanyň gazananlaryny peýdalanmaga bolan aýratyn hukuk berilýär.

Aýratyn bolmadyk ygtyýarnama mahalynda lisenziar patent bilen berilýän ähli hukuklary, şol sanda üçünji taraplara ygtyýarnamalary bermäge bolan hukuklary özünde saklaýar.

Doly ygtyýarnama mahalynda lisenziara peýdalanmak we ygtyýarnamany beýleki şahslara bermäge bolan hukuklaryny saklap galmazdan lisenziata seleksiýanyň gazananlaryny peýdalanmaga aýratyn hukuk berilýär.

3. Eger ygtyýarnama şertnamasynda kömekçi ygtyýarnama şertnamasyny baglaşmak mümkinçiligi göz öňünde tutulsa, onda şu ýagdaýda kömekçi lisenziat hökmünde çykyş edýän kömekçi lisenziar seleksiýanyň gazananlaryny peýdalanmaga bolan artykmaç däl ygtyýarnamany bermek hakynda üçünji tarap (kömekçi lisenziat) bilen kömekçi ygtyýarnama şertnamasyny baglaşmaga haklydyr.

Eger ygtyýarnama şertnamasy bilen başga zat göz öňünde tutulmasa, kömekçi lisenziaryň hereketleri üçin lisenziatyň öňündäki jogapkärçiligi lisenziat çekýär.

4. Ygtyýarnamanyň bellige alnandygy hakynda maglumatlar býulletende çap edilýär. Bellige alynmadyk ygtyýarnama hakyky däl diýlip hasap edilýär.

5. Patent eýesi seleksiýanyň gazananlaryny peýdalanmaga bolan hukuklary islendik şahsa bermek hakyndaky haýyşnamany ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasyna berip biler (açyk ygtyýarnama). Şu ýagdaýda patentiň güýjünde saklanylmagy üçin paçlar ygtyýarnama hakyndaky maglumatlaryň çap edilen ýylyndan soň gelýän ýyldan başlap 50 göterim kemeldilýär. Görkezilen seleksiýanyň gazananlaryny peýdalanmaga isleg bildiren şahs patent eýesi bilen degişli şertnamany baglaşmaga borçludyr.

Açyk ygtyýarnamada berilýän hukuklar aýratyn bolmadyk ygtyýarnamada berilýän hukuklaryň möçberinden ýokary geçip bilmez.

Açyk ygtyýarnama hakynda maglumatlar çap edilenden soň açyk ygtyýarnama bolan hukuklary bermek hakynda patent eýesiniň haýyşnamasy yzyna alynmaga degişli däldir.

**45-nji madda. Mejbury ygtyýarnama**

1. Eger seleksiýanyň gazananlaryna patent eýesi tarapyndan ýa-da olara hukuk berlen şahslar tarapyndan patentiň berlen senesinden başlap dört ýylyň içinde Türkmenistanda peýdalanylmasa ýa-da ýeterlik peýdalanylmasa, onda seleksiýanyň gazananlaryny peýdalanmak isleýän we peýdalanmaga taýýar bolan islendik şahs degişli tejribede ýola goýlan şertlerde patent eýesi bu şahs bilen ygtyýarnama şertnamasyny baglaşmakdan boýun gaçyran mahalynda görkezilen seleksiýanyň gazananlaryny peýdalanmaga bolan aýratyn bolmadyk mejbury ygtyýarnamanyň özüne berilmegi hakynda hak islegi bilen kazyýete ýüz tutmaga hukuklydyr.

Eger patent eýesi seleksiýanyň gazananlarynyň peýdalanylmazlygyny ýa-da ýeterlik bolmadyk peýdalanylmagyny esasly sebäpler bilen şertlendirilendigini subut etmese, kazyýet peýdalanmagyň çäklerini, hereket ediş möhletini, möçberini, tölegleriň möhletlerini we tertibini kesgitlemek bilen gyzyklanýan şahsa aýratyn bolmadyk mejbury ygtyýarnamany berýär. Tölegleriň möçberi ýola goýlan tejribä laýyklykda kesgitlenen ygtyýarnamanyň bazar bahasyndan pes bolmadyk baha bilen bellenilmelidir.

Mejbury ygtyýarnamanyň hereket ediş möhleti kazyýet tarapyndan bellenilýär.

Mejbury ygtyýarnama diňe berlen ygtyýarnama laýyklykda we çäklerde ýol berilýän usul bilen seleksiýanyň gazananlaryny netijeli peýdalanmagy üpjün edip biljek şahsa berilýär.

2. Mejbury aýratyn bolmadyk ygtyýarnama mejbury ygtyýarnamany peýdalanmak üçin ýeterlik bolan mukdarda ilkinji tohum, oturdylan ýa-da tohum serişdeleri patent eýesinden almak hukugyny onuň eýesine berýär.

Mejbury ygtyýarnama goralýan seleksiýanyň gazananlaryny peýdalanmak ýa-da ony peýdalanmak üçin ygtyýarnamany üçünji şahsa bermek üçin patent eýesine päsgelçilikler döretmeýär.

3. Ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasy mejbury ygtyýarnamany bermek hakyndaky maglumatlary seleksiýanyň gazananlarynyň Döwlet sanawyna girizýär we býulletende çap edýär.

Mejbury ygtyýarnamany bermek hakyndaky maglumatlaryň bellige alnandygy we resmi býulletende çap edilendigi üçin lisenziat tarapyndan degişli paç tölenilýär.

**46-njy madda. Seleksiýanyň gazananlaryny ulanmak**

Eger morfologik we fiziologik alamatlar boýunça tohumlyk, oturdylan ýa-da tohum serişdeleri soňra köpeltmek üçin öndürilen, köpeldilen we sort ýa-da tohum kondisiýasyna ýetirilen, goralýan seleksiýanyň gazananlarynyň resmi ýazgysynda bar bolan maglumatlara laýyk gelse, seleksiýanyň gazananlary ulanylýar diýlip ykrar edilýär.

## X BAP. AWTORLARYŇ, HAÝYŞNAMAÇYLARYŇ WE PATENT EÝELERINIŇ HUKUKLARYNY GORAMAK

**47-nji madda. Patent eýesiniň hukuklarynyň bozulmagy üçin jogapkärçilik**

1. Patentlenen seleksiýanyň gazananlaryny şu Kanuny bozmak bilen peýdalanýan ýuridik ýa-da fiziki şahs patent eýesiniň aýratyn hukugyny bozujy diýlip hasap edilýär we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýär.

2. Patent eýesiniň aýratyn hukugynyň bozulandygy hakynda hak islegi haçan-da patent eýesiniň öz hukugynyň bozulandygy hakynda bilen ýa-da bilmeli bolan gününden başlap üç ýylyň içinde bildirilip bilner.

Patent eýesiniň aýratyn hukugynyň bozulandygy hakynda hak islegi patent eýesi ýa-da onuň hukuk oruntutary tarapyndan bildirilýär.

Patent eýesiniň hukuklarynyň bozulmagy hakynda hak islegi, eger ygtyýarnama şertnamasynda başga zat göz öňünde tutulmadyk bolsa, aýratyn ygtyýarnamanyň eýesi tarapyndan ýa-da eger ygtyýarnama şertnamasynda bu göz öňünde tutulan bolsa, aýratyn bolmadyk ygtyýarnamanyň eýesi tarapyndan hem berlip bilner.

3. Patentlenen seleksiýanyň gazananlaryny bikanun peýdalanýan ýuridik ýa-da fiziki şahs patent eýesiniň  talap etmegi ýa-da kazyýetiň çözgüdi boýunça şu aşakdakylara borçludyr:

patent eýesiniň hukugyny ykrar etmäge;

patent eýesiniň hukuklaryny bozýan hereketleri bes etmäge;

elden gidirilen peýdany goşup, ýitgileriň öwezini dolmaga ýa-da kazyýetiň çözgüdi bilen ýa-da taraplaryň ylalaşmagy boýunça kesgitlenýän öwez puluny tölemäge;

ahlak taýdan ýetirilen zyýanyň öwezini dolmaga;

patent eýesiniň işewür abraýyny dikeltmek maksady bilen kazyýet çözgüdini çap etmäge.

Kazyýet patenti bozujydan goralýan seleksiýanyň gazananlarynyň tohumlyk, oturdylan ýa-da tohum serişdelerini, şeýle hem ony peýdalanmak bilen döredilen önümi muzdsuz almak hakynda karar çykarmaga haklydyr.

**48-nji madda. Apellýasiýa topary**

1. Apellýasiýa topary şu Kanuny ulanmak bilen baglanyşykly aşakdaky garşylyklara garamaga doly ygtyýarlydyr:

a) seleksiýanyň gazananlaryna bolan haýyşnama boýunça seljermäniň çözgüdine;

b) seleksiýanyň gazananlaryny peýdalanmaga bolan patenti başga birine bermek hakynda şertnamanyň ýa-da ygtyýarnama şertnamanyň bellige alnandygy hakynda seljermäniň çözgüdine;

ç) şu Kanunyň 36-njy maddasyna laýyklykda patenti hakyky däl diýip ykrar etmek hakynda;

d) şu Kanunyň 37-nji, 38-nji we 40-njy maddalarynyň esasynda patentiň hereketini möhletinden öň bes etmek, ýatyrmak ýa-da hereketini dikeltmek hakynda ösümlikleriň sortlaryna

we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasynyň çözgüdine;

e) Apellýasiýa toparynyň ygtyýaryna girýän beýleki meseleler boýunça.

2. Haýyşnamaçy ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan bellenen möhletlerde şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan garşylyklary Apellýasiýa toparyna bermäge haklydyr.

Şu maddanyň birinji böleginiň "a", "b", "d" we "e" kiçi bentlerinde göz öňünde tutulan garşylyklar olaryň gelip gowşan senesinden başlap dört aý möhletde Apellýasiýa topary tarapyndan garalmalydyr.

Şu maddanyň birinji böleginiň "ç" kiçi bendinde göz öňünde tutulan garşylyklar, eger seleksiýanyň gazananlarynyň goşmaça synaglaryny geçirmek talap edilmese, olaryň gelip gowşan senesinden başlap alty aý möhletde Apellýasiýa topary tarapyndan garalmalydyr.

3. Apellýasiýa toparynyň çözgüdine Apellýasiýa topary tarapyndan çözgüdiň tassyklanan senesinden başlap alty aýyň içinde gyzyklanýan taraplaryň islendigi tarapyndan kazyýete şikaýat edilip bilner.

4. Apellýasiýa topary hakyndaky Düzgünnama we Apellýasiýa toparyna berlen garşylyklara we haýyşnamalara garamagyň Tertibi ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasynyň ýokarda durýan guramasy tarapyndan tassyklanylýar.

### 49-njy madda. Seleksiýanyň gazananlaryny döretmegi we peýdalanmagy döwlet tarapyndan höweslendirmek

Ylmy-tehniki progresi üpjün etmek, Türkmenistanyň intellektual mümkinçiligini pugtalandyrmak we seleksiýa babatda döredijiligiň ösdürilmegine ýardam etmek maksady bilen döwlet tarapyndan patent eýelerine we ygtyýarnama şertnamasy boýunça seleksiýanyň gazananlaryny peýdalanýan şahslara, şeýle hem seleksiýanyň gazananlaryna bolan hukugy almaga we goramaga ýardam edýän şahslara Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ýeňillikler berilýär.

## XI BAP. SELEKSIÝANYŇ GAZANANLARYNY HUKUK TAÝDAN GORAMAK BABATDA HALKARA GATNAŞYGY

### 50-nji madda. Beýleki döwletlerden patenti almak üçin haýyşnamany bermek hukugy

Türkmenistanyň ýuridik we fiziki şahslary seleksiýanyň gazananlarynyň hukuk goragy üçin haýyşnamany beýleki döwletiň ygtyýarly edaralaryna bermäge haklydyrlar.

Seleksiýanyň gazananlarynyň hukuk goragy üçin beýleki ýurda berilýän haýyşnama Türkmenistanda ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasyna deslapdan berilmelidir. Türkmenistanyň çäklerinden daşarda seleksiýanyň gazananlaryna bolan hukuk goragy bilen baglanyşykly çykdajylary haýyşnamaçy çekýär.

### 51-nji madda. Daşary ýurtly ýuridik we fiziki şahslaryň hukuklary

1. Daşary ýurtly ýuridik we fiziki şahslar gatnaşyjysy Türkmenistan bolup durýan halkara şertnamalarynyň güýjünde ýa-da arkalaşyklylyk ýörelgesiniň esasynda Türkmenistanyň ýuridik we fiziki şahslary bilen bir hatarda şu Kanunda göz öňünde tutulan hukuklardan peýdalanýarlar.

2. Daşary ýurtly ýuridik we fiziki şahslar, şeýle hem Türkmenistanyň çäklerinden daşarda ýaşaýan we hemişelik ýaşaýan ýeri bolan Türkmenistanyň raýatlary ösümlikleriň sortlaryna we haýwanlaryň tohumlaryna patentleri bermek baradaky ygtyýarly döwlet edarasy bilen gatnaşyklarda, eger gatnaşyjysy Türkmenistan bolup durýan halkara şertnamalarynda başga tertip göz öňünde tutulmadyk bolsa, bu edarada bellige alnan patentli ynanylan wekilleriň üsti bilen öz

hukuklaryny durmuşa geçirýär.

**52-nji madda. Seleksiýanyň gazananlarynyň getirilişine we äkidilişine gözegçilik**

Seleksiýanyň gazananlarynyň Döwlet sanawynda hasaba alnan seleksiýanyň gazananlarynyň Türkmenistanyň çägine getirilişine we ondan äkidilişine gözegçilik Türkmenistanyň Gümrük kodeksine we seleksiýanyň gazananlaryny getirmegiň we äkitmegiň meselelerini düzgünleşdirýän Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk namalaryna laýyklykda gümrük edaralary tarapyndan amala aşyrylýar.

## XII BAP. JEMLEÝJI DÜZGÜNLER

**53-nji madda. Jedellere garamak**

Şu Kanuny ulanmak bilen baglanyşykly jedellere Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde garalýar.

**54-nji madda. Şu Kanunyň güýje girmegi**

Şu Kanun onuň resmi taýdan çap edilen gününden güýje girýär.

Aşgabat şäheri.
2011-nji ýylyň 4-nji awgusty.
№ 207-IV.

## TÜRKMENISTANYŇ KANUNY

## Awtorlyk hukugy we gatyşyk hukuklar hakynda

(Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 1, 8-madda)

(25.11.2017 ý. № 668-V Türkmenistanyň Kanuny esasynda girizilen goşmaça bilen)

*Şu Kanun ylym, edebiýat we sungat eserlerini (awtorlyk hukugy), ýerine ýetirmeleri, fonogrammalary we wideogrammalary, gepleşik guramalarynyň gepleşiklerini (gatyşyk hukuklar) döretmek we peýdalanmak bilen baglanyşykly ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýär.*

### I BÖLÜM. UMUMY DÜZGÜNLER

**1-nji madda. Esasy düşünjeler**

Şu Kanunda aşakdaky esasy düşünjeler ulanylýar:

**awtor** – özüniň döredijilikli zähmeti bilen ylym, edebiýat we sungat eserini döreden fiziki şahs;

**audiowizual eser** – öz aralarynda şekiller bilen (sesli ýerine ýetirme bilen ýa-da şonsuz) baglanyşýan seriýalardan ybarat bolan, hereketlenmäge täsir döredýän, görüş (we eşidiş) arkaly kabul edip bolýan eser. Audiowizual eserlere, olaryň ilkibaşdaky ýa-da soňraky gönükdiriliş usullaryna garamazdan, kinematografiýa (tele-, wideofilmler, diafilmler we beýlekiler) meňzeş serişdeler bilen aňladylýan kinematografiýa we gaýry eserler degişlidir;

**maglumatlar binýady** – döredijilikli zähmetiň netijesi bolup durýan (maglumatlaryň kompilýasiýasy) we şeýlelik bilen bu maglumatlaryň kompýuteriň kömegi bilen tapylyp bilner ýaly we işlenip taýýarlanar ýaly ulgamlaşdyrylan materiallary seçip almak ýa-da ýerleşişi boýunça maglumatlaryň (makalalaryň, hasaplamalaryň, faktlaryň we beýleki materiallaryň) jemi;

**wideogramma** – audiowizual esere goşulan şekilleriň ýazgysyndan başga ses alyp barmak bilen ýa-da şonsuz yzygiderli şekilleriň islendik ýazgysy;

**eseriň ýa-da gatyşyk hukuklar obýektiniň gaýtadan döredilmegi** – eseriň ýa-da gatyşyk hukuklar obýektiniň kompýuteriň we beýleki kompýuter enjamlaryň ýadynda hemişelik ýa-da wagtlaýyn saklanylmagyny goşup, islendik usul bilen we islendik maddy görnüşde eserleriň ýa-da gatyşyk hukuklaryň obýektiniň ýa-da olaryň bölekleriniň bir ýa-da köp nusgalyklarynyň taýýarlanylmagy;

**kompýuter programmasynyň dekompilirlenmegi** – kompýuter programmasynyň gurluşyny öwrenmek we kodirlemek maksady bilen deslapky ýazgyda obýekt kodunyň özgerdilmegini öz içine alýan tehniki tär;

**ýazgy** – birnäçe gezek kabul etmäge, gaýtadan döretmäge ýa-da habar bermäge mümkinçilik berýän haýsydyr bir maddy görnüşde tehniki serişdeleriň kömegi bilen sesleriň we (ýa-da) şekilleriň ýa-da olaryň şekillendirmeleriniň ýazyp bellenilmegi;

**audiowizual eseri taýýarlaýjy** – şeýle eseriň taýýarlanylmagy üçin öz üstüne başlangyç we jogapkärçilik alan fiziki ýa-da ýuridik şahs; başga subutnamalar bolmadyk mahalynda audiowizual eseri taýýarlaýjy hökmünde adaty usul bilen bu eserde ady ýa-da atlandyrylyşy bellenen şahs ykrar edilýär;

**fonogrammany taýýarlaýjy** – ýerine ýetirmegiň ilkinji ses ýazgysynyň ýa-da beýleki sesleriň ýa-da sesleriň şöhlelendirmeleriniň amala aşyrylmagy üçin öz üstüne başlangyç we jogapkärçilik alan fiziki ýa-da ýuridik şahs; başga subutnamalar bolmadyk mahalynda fonogrammany taýýarlaýjy hökmünde ady ýa-da atlandyrylyşy degişli ýagdaýda bu fonogrammada ýa-da onuň gabynda bolan fiziki ýa-da ýuridik şahs ykrar edilýär;

**wideogrammany taýýarlaýjy** – ses alyp barmak bilen ýa-da şonsuz yzygiderli şekilleriň ilkinji ýazgysynyň amala aşyrylmagy üçin özüne başlangyç ýa-da jogapkärçilik alan fiziki ýa-da ýuridik şahs; başga subutnamalar bolmadyk mahalynda wideogrammany taýýarlaýjy hökmünde ady ýa-da atlandyrylyşy degişli ýagdaýda bu wideogrammada ýa-da onuň gabynda bellenilen fiziki ýa-

da ýuridik şahs ykrar edilýär;

**ýerine ýetirmek** – janly ýerine ýetirmekde ýa-da haýsydyr bir tehniki serişdeleriň (tele-, radio alyp eşitdirişiň, kabel telewideniýesiniň we beýleki tehniki serişdeleriň) kömegi bilen oýun, deklamasiýa, aýdymlar, tans arkaly eseri, fonogrammany we wideogrammany, oýunlary bermek; olaryň yzygiderliliginde (ses alyp barmak bilen ýa-da şonsuz) audiowizual eseriň kadrlaryny görkezmek;

**ýerine ýetiriji** – roly oýnaýan, aýdym aýdýan, okaýan, deklamirleýän, saz guralyny çalýan ýa-da haýsydyr bir ýagdaýda edebiýat ýa-da sungat eserini ýerine ýetirýän (şol sanda estrada, sirk ýa-da gurjak nomeri) aktýor, aýdymçy, sazanda, tansçy ýa-da başga şahs, ýa-da folklor aňlatmasy, şeýle hem oýun goýujy režissýor we dirižýor;

**kompýuter programmasy** – geljekde maşyn arkaly okalýan görnüşde aňladylan sözler, kodlar, shemalar görnüşinde ýa-da başga görnüşde gollanmalaryň jemi, belli bir maksatlara ýa-da netijä ýetmek üçin kompýuteri herekete getirmek; kompýuter programmasy ony işläp taýýarlamagyň barşynda alnan we onuň audiowizual şöhlelendirmelerini döredýän taýýarlyk materiallaryny hem öz içine alýar;

**eseri halka ýetirmek** – awtoryň razylygy bilen amala aşyrylan hereket bolup, ol ilkinji gezek çap etmek, köpçülikleýin görkezmek, köpçülikleýin ýerine ýetirmek, ýaýlyma bermek ýa-da başga usul bilen hemmeleriň dykgatyna ýetirmek üçin eseri elýeter edýär;

**awtorlyk we (ýa-da) gatyşyk hukuklara eýelik ediji:**

- awtora ýa-da ýerine ýetirijä emläk hukuklary berlen halatlarda awtor ýa-da ýerine ýetiriji;
- ilkibaşda emläk hukuklary şeýle fiziki ýa-da ýuridik şahsa berlen halatlarda awtora ýa-da ýerine ýetirijä, ýa-da ýuridik şahsa garanda başga fiziki şahs;
- emläk hukuklary berlen fiziki ýa-da ýuridik şahs;

**çap etmek (dünýä çykarmak)** – satmak, kireýine bermek, köpçülikleýin prokat arkaly ýa-da eýeçilik hukuklaryny ýa-da eseriň, fonogrammanyň, wideogrammanyň nusgalyklaryna eýelik etmek hukugyny başga hili bermek arkaly jemgyýetiň paýhasly isleglerini kanagatlandyrmak üçin ýeterlik mukdarda awtoryň ýa-da awtorlyk hukuklarynyň we gatyşyk hukuklaryň başga eýesiniň razylygy bilen eserleriň, fonogrammalaryň, wideogrammalaryň nusgalyklaryny dolanyşyga çykarmak; çap etmek diýlip maglumatyň elektron ulgamlarynyň üsti bilen esere, fonogramma, wideogramma elýeterligi bermeklige hem düşünilýär;

**ýaýlyma bermek** – radio we telewideniýe boýunça (kabel telewideniýesinden başga), şol sanda hemralaryň üsti bilen hemmeleriň dykgatyna ýetirmek üçin gepleşik guramalarynyň eserlerini, fonogrammalaryny, wideogrammalaryny, ýerine ýetirmeleri, gepleşikleri bermek. Hemranyň üsti bilen ýaýlyma eserler, fonogrammalar, wideogrammalar, ýerine ýetirmeler, gepleşik guramalarynyň gepleşikleri berlende ýaýlyma bermek diýlip ýerüsti stansiýasyndan hemra signallaryň kabul edilmegine we olaryň köpçülik tarapyndan hakyky kabul edilişine garamazdan hemmeleriň dykgatyna ýetirip bilinjek eser, fonogramma, wideogramma, ýerine ýetirmek, gepleşik guramalarynyň gepleşigi arkaly hemradan signallaryň berilmegine düşünilýär; kodlaşdyrylan signallary bermek, eger dekodirlemek serişdeleri köpçülige ýaýlym gepleşik guramasy tarapyndan berilse, ýa-da onuň razylygy bilen berilse, ýaýlyma bermek bolup durýar;

**gepleşik guramasynyň gepleşigi** – ýaýlym ýa-da kabel gepleşik guramasynyň özi tarapyndan, şeýle hem onuň buýurmasy boýunça ýa-da onuň serişdeleriniň hasabyna – başga gurama tarapyndan döredilen gepleşik;

**prokata bermek (kireýine bermek)** – täjirçilik peýda almak maksady bilen eserleriň ýa-da gatyşyk hukukly obýektleriň asyl nusgasyny ýa-da nusgalyklaryny wagtlaýyn peýdalanmaga bermek;

**bezeg-amaly haşam sungatynyň eseri** – elde ýa-da senagat usuly bilen döredilen we iş ýüzünde peýdalanmak wezipeleri bolan ýa-da iş ýüzünde peýdalanmak närseleri üçin geçirilen sungat eseri;

**jemagat ýerine ýetirilişi** – hem gös-göni (janly ýerine ýetirişde), hem islendik enjamlaryň we prosesleriň kömegi bilen deklamasiýa, oýun, aýdym, tans arkaly ýa-da başga hili gepleşik guramalarynyň eserlerini ýerine ýetirijileri, fonogrammalary, wideogrammalary bermek, şeýle hem

audiowizual eseriň şekillerini olary yzygiderlilikde (onuň seslerini alyp barýan gaýtadan döretmek bilen) şol bir maşgalanyň agzalary bolup durmaýan adamlaryň giň toparynyň gatnaşýan ýerinde ýa-da ýerlerinde görkezmek;

**jemagata habar bermek (hemmeleriň dykgatyna ýetirmek üçin habar bermek)** – gatyşyk hukuklaryň eserlerini ýa-da obýektlerini ýaýlyma kabel boýunça bermek, şeýle hem şeýle usul bilen elýeter bolan hakyky eserler ýa-da gatyşyk hukuklaryň obýektleri diýlip kabul edilişine garamazdan habar bermegiň ýerinde bolmaýan wekilleriniň jemagatyň eşidiş we (ýa-da) görüş kabul edişine çenli olaryň islendik başga usullar bilen ýetirilmegidir (nusgalyklaryň ýaýramagyny hasaba almazdan);

**jemagat görkezilişi** – eserleriň, ýerine ýetirmeleriň wideogrammalaryň, gepleşik guramalarynyň gepleşikleriniň gös-göni ýa-da plýonkanyň, diapozitiwiň, telewizion kadryň kömegi bilen ýa-da haýsydyr bir beýleki tehniki serişdeler arkaly ekranda asyl nusganyň ýa-da nusgalygyň islendik görkezilmegi, şeýle hem olaryň yzygiderliligini berjaý etmezden ýerinde jemagat üçin açyk bolan ýerde ýa-da şol bir maşgalanyň agzalary bolup durmaýan adamlaryň giň toparynyň gatnaşýan ýerinde audiowizual eseriň aýry-aýry kadrlaryny görkezmek;

**jemagat prokaty** – hyzmatlary köpçülik üçin niýetlenilen kitaphanalar ýa-da arhiwler ýaly guramalar tarapyndan girdeji almak maksady bolmazdan belli bir wagtda eseriň asyl nusgasyna ýa-da nusgalygyna eýelik etmek hukugyny bermek;

**oýun goýujy režissýor** – teatr, sirk, gurjak, estrada ýa-da başga spektakly (oýny) goýan şahs;

**reprografik gaýtadan döretmek (reprodusirlemek)** – suratyň nusgasyny almak arkaly ýa-da çap etmäge garanda beýleki tehniki serişdeleriň kömegi bilen eseriň asyl nusgasynyň ýa-da nusgalygynyň (ýazmaça we başga grafiki eseriň) islendik möçberde (ulaldylan ýa-da kiçeldilen) faksimil gaýtadan döredilmegi; reprografik gaýtadan döretmek elektron (sanlyny goşup), optiki ýa-da başga maşynda okalýan görnüşde ýazgyny öz içine almaýar;

**awtorlyk we gatyşyk hukuklary goramagyň tehniki serişdeleri** – şu Kanun tarapyndan goralýan haýsydyr bir hukuga eýelik edijiler tarapyndan rugsat berilmeýän hereketleri eserler ýa-da gatyşyk hukuklaryň obýektleri babatda öňüni alýan ýa-da çäklendirýän gatyşyk hukuklaryň eserlerine ýa-da obýektlerine bolan elýeterlilige gözegçilik edýän islendik netijeli tehniki enjamlar ýa-da olaryň düzüm bölekleri;

**fonogramma** – audiowizual eserlerine goşulan ses ýazgysyndan başga ýerine ýetirijileriň ýa-da beýleki sesleriň, ýa-da olaryň şöhlelendirmeleriniň islendik ses ýazgysy;

**wideogrammanyň nusgalygy** – gös-göni ýa-da gytaklaýyn wideogrammadan taýýarlanan ýa-da şekilleriň ählisini ýa-da bir bölegini öz içine alýan islendik maddy göterijidäki wideogrammanyň nusgasy;

**eseriň nusgalygy** – islendik maddy görnüşde taýýarlanan eseriň nusgasy;

**fonogrammanyň nusgalygy** – gös-göni ýa-da gytaklaýyn fonogrammadan taýýarlanan we sesleriň hemmesini ýa-da bir bölegini ýa-da bu fonogrammada bellenen olaryň şöhlelendirmelerinden taýýarlanylan islendik maddy göterijidäki fonogrammanyň nusgasy.

**2-nji madda. Awtorlyk hukugy we gatyşyk hukuklar hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy**

1. Awtorlyk hukugy we gatyşyk hukuklar hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar we Türkmenistanyň Raýat kodeksinden, şu Kanundan we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan durýar.

2. Eger Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda şu Kanunda göz öňünde tutulan kadalardan başga kadalar bellenilen bolsa, onda halkara şertnamalarynyň kadalary ulanylýar.

**3-nji madda. Şu Kanunyň hereket ediş çygry**

Şu Kanunyň düzgünleri aşakdakylara degişlidir:

1) awtorlyk we gatyşyk hukuklaryň eýesi Türkmenistanda bolan ýa-da Türkmenistanyň çäginde eseri satylýan fiziki ýa-da ýuridik şahsyň ylym, edebiýat we sungat eserlerine, ýerine

ýetirişine, fonogrammalaryna we wideogrammalaryna. Daşary ýurt fiziki we ýuridik şahslar babatynda awtorlyk hukuklarynyň goralmagy özara ylalaşyk esasynda kesgitlenmelidir;

2) Türkmenistanyň çäginde ilkinji gezek çap edilen ylmyň, edebiýatyň we sungatyň eserlerine ýa-da fonogrammalara we wideogrammalara; şunda eser ýa-da fonogramma we wideogramma hem eger Türkmenistanyň çäginden daşarda ilkinji gezek çap edilen seneden soň 30 günüň içinde olar Türkmenistanyň çäginde çap edilen bolsa, Türkmenistanda çap edilen diýlip hasap edilýär;

3) Türkmenistanyň çäginde ilkinji gezek bolan ýa-da şu maddanyň 2-nji bendiniň düzgünlerine laýyklykda goralýan, fonogramma ýa-da wideogramma ýazylan, ýöne şu maddanyň 4-nji bendiniň düzgünlerine laýyklykda goralýan gepleşik guramasynyň gepleşigine goşulan ýerine ýetirmelere;

4) eger gurama Türkmenistanyň kanunçylygy boýunça ýuridik şahs bolan mahalynda we Türkmenistanyň çäginde ýerleşen peredatçikleriň kömegi bilen gepleşigi amala aşyran mahalynda gepleşik guramasynyň gepleşigine;

5) Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän binagärçilik eserlerine;

6) Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda goralýan ylmyň, edebiýatyň we sungatyň beýleki eserlerine, ýerine ýetirmelere, fonogrammalara we wideogrammalara, gepleşik guramalarynyň gepleşiklerine.

**4-nji madda. Awtorlyk hukugy we gatyşyk hukuklary goramak çygrynda döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek**

Awtorlyk hukugynyň we gatyşyk hukuklaryň obýektlerini goramak çygrynda döwlet düzgünleşdirmesini intellektual eýeçilik boýunça ygtyýarly döwlet edarasy amala aşyrýar, ol öz ygtyýaryna laýyklykda:

- awtorlyk hukugyny we gatyşyk hukuklary goramak çygrynda ýeke-täk döwlet syýasatyny durmuşa geçirýär;
- awtorlyk hukugynyň we gatyşyk hukuklaryň obýektlerini goramak babatda ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralaryň, kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň işini utgaşdyrýar;
- ylym, edebiýat we sungat babatda döredijiligiň ösdürilmegine ýardam edýär;
- awtorlyk hukugynyň we gatyşyk hukuklarynyň obýektleriniň hasaba alynmagyny amala aşyrýar;
- awtorlyk hukugynyň we gatyşyk hukuklaryň obýektlerini goramak babatda kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalaryny işläp taýýarlaýar;
- awtorlyk hukugynyň we gatyşyk hukuklarynyň obýektlerini goramak babatda bozulan ýa-da jedelleşilýän hukuklar hakynda gyzyklanýan adamlaryň ret etmelerine garaýar;
- maglumat materiallaryny we usulyýet edebiýaty neşir edýär;
- awtorlyk hukugynyň we gatyşyk hukuklarynyň obýektlerini goramak babatda hünärmenleriň taýýarlanylmagyna ýardam edýär.

2. Intellektual eýeçilik boýunça ygtyýarly döwlet edarasy öz ygtyýarlarynyň çäklerinde Türkmenistan tarapyndan baglaşylan halkara şertnamalaryndan gelip çykýan borçnamalaryň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär, şeýle hem awtorlyk hukugy we gatyşyk hukuklar babatda degişli halkara guramalarynda Türkmenistana wekilçilik edýär.

## II BÖLÜM. AWTORLYK HUKUGY

### 1 bap. Awtorlyk hukugynyň obýektleri

**5-nji madda. Awtorlyk hukugynyň degişlilik çygry**

1. Awtorlyk hukugy eseriň niýetlenilişine, gymmatyna we mazmunyna, şeýle hem onuň aňladylyş usulyna we görnüşine garamazdan döredijilikli işiň netijesi bolup durýan ylym, edebiýat we sungat eserlerine degişlidir.

2. Awtorlyk hukugy haýsydyr bir obýektiw görnüşde bar bolan, hem halka ýetirilen, hem

halka ýetirilmedik eserlere degişlidir:

- ýazmaça (elýazma, maşyn ýazgysy, nota ýazgysy we başga);
- dilden (jemagat aýdylmasy, jemagat ýerine ýetirilmegi we başga);
- ses- ýa-da wideoýazgy (mehaniki, magnit, sanly, optiki we başga);
- şekiller (surat, eskiz, kartina, meýilnama, çyzgy, kino-, tele-, wideo- ýa-da surat kadry we başga);
- möçberli-giňişlik (heýkel, model, maket, desga we başga);

başga görnüşlerde.

3. Şu maddanyň birinji böleginde görkezilen alamatlara eýelik edýän we özbaşdak peýdalanylyp bilinýän eseriň bölekleri (ady, personažlary we başga) awtorlyk hukugynyň obýektleri bolup durýarlar.

4. Awtorlyk hukugy ideýalara, ýörelgelere, tärlere, proseslere, ulgamlara, faktlara, usullara ýa-da şeýle konsepsiýalara degişli däldir.

5. Esere bolan awtorlyk hukuk eseriň aňladylan maddy obýektine bolan eýeçilik hukugy bilen baglanyşykly däldir.

Haýsydyr bir maddy obýekt tarapyndan eýeçilik hukugyny ýa-da eýelik etmek hukugyny bermek öz-özünden bu obýektde aňladylan esere bolan haýsydyr bir awtorlyk hukuklarynyň berilmegine eltmeýär.

**6-njy madda. Awtorlyk hukugynyň obýektleri**

1. Şu aşakdakylar awtorlyk hukugynyň obýektleridir:

- edebiýat eserleri (kitaplar, broşýuralar, makalalar, kompýuter programmalary, maglumatlar binýatlary we başgalar);
- drama we sazly drama eserleri, horeografiýa eserleri we pantomimalar hem-de beýleki ssenariý eserleri;
- ýazgyly ýa-da ýazgysyz saz eserleri;
- audiowizual eserleri (kino-, tele- we wideofilmler, diafilmler we beýleki audiowizual eserleri);
- skulptura, žiwopis, grafika, litografiýanyň eserleri we şekillendiriş sungatynyň beýleki eserleri;
- bezeg-amaly haşam we monumental sungatynyň eserleri;
- arhitektura, şäher gurluşyk we bag-seýilgäh sungatynyň eserleri;
- fotografik eserler we meňzeş fotografiýa usullary bilen alnan eserler; audiowizual eserleriň aýratyn alnan kadrlary fotografik eser diýlip hasap edilmeýär;
- kartalar, meýilnamalar, eskizler, suratlar we geografiýa, topografiýa we beýleki ylymlara degişli üç ölçegli eserler.

2. Kompýuter programmalary edebiýat eserleri ýaly goralýar. Şeýle gorag islendik dilde aňladylyp bilinjek we deslapky ýazgyny we obýektiw kody goşup islendik görnüşde aňladylyp bilinjek ähli amaly programmalary we amal ulgamlaryny goşup, programmalaryň ähli görnüşlerine degişlidir.

3. Awtorlyk hukugynyň obýektlerine şu aşakdakylar hem degişlidir:

- terjimeler we işläp taýýarlamalar, annotasiýalar, referatlar, gysgaça maglumatlar, synlar, sahna oýunlary, saz aranžerowkalary we ylmyň, edebiýatyň we sungatyň eserleriniň beýleki gaýtadan işlemeleri ýaly döredilen eserleri;
- ensiklopediýalar we antologiýalar maglumatlar binýatlary we döredijilikli zähmetiň netijesiniň materiallaryny seçip almak we ýerleşdirmek boýunça beýleki düzüji eserler ýaly ýygyndylar.

Döredilen eserler we ýygyndylar olaryň esaslanýan ýa-da öz içine alýan eserleriň awtorlyk hukugynyň obýektleri bolup durýandygyna garamazdan awtorlyk hukugy bilen goralýar.

**7-nji madda. Awtorlyk hukugynyň obýektleri bolup durmaýan eserler**

Aşakdakylar awtorlyk hukugynyň obýektleri bolup durmaýar:

- resmi resminamalar (kanunlar, kazyýet çözgütleri, kanun çykaryjylyk, administratiw, kazyýet häsiýetli beýleki ýazgylar), şeýle hem olaryň resmi terjimeleri;
- döwlet simwollary we nyşanlary (baýdak, tugra, sena, sylaglar, pul belgileri we beýleki döwlet simwollary we nyşanlary);
- halk döredijiligi (folklor aňlatmasy);
- maglumat häsiýetine eýe bolan wakalar we faktlar hakynda habarlar.

**8-nji madda. Awtorlyk hukugynyň ýüze çykmagy.
Awtorlyk prezumpsiýasy**

1. Ylmy, edebiýat we sungat eserine bolan awtorlyk hukugy onuň döredilen fakty güýje girende ýüze çykýar. Awtorlyk hukugynyň ýüze çykarylmagy we amala aşyrylmagy üçin eseriň hasaba alynmagy ýa-da ýörite resmileşdirilmegi ýa-da beýleki resmilikleriň berjaý edilmegi hökman däldir.

Aýratyn awtorlyk hukuklaryna eýelik ediji öz hukuklary hakynda habar bermek üçin awtorlyk hukugyny goramak nyşanyny peýdalanmaga haklydyr, ol eseriň her bir nusgalygynda ýerleşdirilýär we üç elementden durýar:

- töweregiň içindäki latyn "C" harpy;
- aýratyn awtorlyk hukuklaryna eýelik edijiniň adyndan (ady);
- eseriň ilkinji gezek çap edilen ýylyndan.

2. Başga subutnamalar bolmadyk mahalynda eseriň awtory diýlip eseriň asyl nusgasyndaky ýa-da nusgasyndaky awtor hökmünde görkezilen şahs hasap edilýär.

3. Eser atsyz ýa-da lakamda çap edilen mahalynda (haçan-da awtoryň lakamy onuň şahsyýetine şübhe goýmadyk halaty muňa degişli däldir) eseriň nusgalygynda ady bellenen neşirçi başga subutnamalar bolmadyk mahalynda şu Kanuna laýyklykda awtoryň wekili hasap edilýär we şu ýagdaýda awtoryň hukugyny goramak we olaryň amala aşyrylmagyny üpjün etmek hukugyna eýedir. Şu düzgün şeýle eseriň awtory öz şahsyýetini açýança we öz awtorlygy hakynda mälim edýänçä hereket edýär.

**8[1]-nji madda. Awtorlyk hukugynyň obýektleriniň
hasaba alynmagy**

1. Awtorlyk hukugynyň obýektlerini hasaba almak meýletinlik esasynda geçirilýär.

2. Awtorlyk hukugynyň obýektiniň hasaba alynmagy üçin haýyşnama berlen mahalynda aşakdakylar berilýär:

1) awtorlyk hukugynyň obýekti üçin şahadatnama;

2) Türkmenistanyň çäginde amala aşyrylýan özboluşly binagärlik çözgüdi bar bolan we iri we (ýa-da) möhüm arhitektura, şähergurluşyk we bagçylyk-seýilgäh sungatynyň obýektlerine degişli bolan binagärlik eserlerine patent.

Awtorlyk hukugynyň obýektlerini hasaba aldyrmak üçin resminamalara bolan talaplar intellektual eýeçilik boýunça ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan bellenilýär.

3. Şu maddanyň ikinji böleginde görkezilen şahadatnama ýa-da patent awtorlyk hukugynyň obýektiniň döredilen faktyny we onuň hasaba alnan senesini tassyklaýarlar.

4. Şu maddanyň ikinji böleginde görkezilen şahadatnama ýa-da patent intellektual eýeçilik boýunça ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan berilýär.

5. Intellektual eýeçilik boýunça ygtyýarly döwlet edarasy Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginden alnan döwlet seljermesiniň binagärlik çözgüdiniň özboluşlylygyny, şeýle hem onuň çelgileri Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýän binagärlik, şähergurluşyk we bagçylyk-seýilgäh sungatynyň iri we (ýa-da) möhüm obýekte degişlidigini tassyklaýan netijeleri boýunça binagärlik eserine patent bermek hakynda ýa-da ony bermekden ýüz döndermek hakynda çözgüt kabul edýär.

6. Awtorlyk hukugynyň hasaba alnan obýekti hakyndaky maglumatlar intellektual eýeçilik boýunça ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan awtorlyk hukugynyň obýektleriniň Döwlet reýestrine

girizilýär.

7. Awtorlyk hukugynyň obýektleriniň Döwlet reýestrine girizilýän maglumatlaryň sanawy, şu maddanyň ikinji böleginde görkezilen şahadatnamanyň we patentiň görnüşleri hem-de olarda görkezilýän maglumatlaryň düzümi intellektual eýeçilik boýunça ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan bellenilýär.

8. Awtorlyk hukugynyň obýektlerini hasaba almak bilen bagly hereketler üçin ýygymlar alynýar.

Amala aşyrylmagy üçin ýygymlar alynýan hereketleriň sanawy, ýygymlaryň möçberleri, möhletleri, ony tölemegiň we gaýtarmagyň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär.

**9-njy madda. Şärikli awtorlyk**

1. Iki ýa-da birnäçe şahsyň bilelikdäki döredijilikli zähmeti bilen döredilen esere bolan awtorlyk hukugy (şärikli awtorlyk) şeýle eseriň bölünmez bir bitewiligini emele getirýändigine we olaryň her biriniň özbaşdak ähmiýete eýe bolan böleklerden durýandygyna garamazdan bilelikdäki şärikli awtorlara degişlidir.

Eseriň bir bölegi, eger ol bu eseriň beýleki böleklerinden garaşsyz peýdalanylyp bilinse, özbaşdak ähmiýete eýe bolan diýlip ykrar edilýär.

Şärikli awtorlaryň her biri, eger olaryň arasynda ylalaşyk bilen başga zat göz öňünde tutulmadyk bolsa, öz islegine görä, özbaşdak ähmiýete eýe bolan, olar tarapyndan döredilen eseriň bir bölegini peýdalanmaga haklydyrlar.

2. Tutuş eseri peýdalanmaga bolan hukuk bilelikde şärikli awtorlara degişlidir.

Şärikli awtorlaryň özara gatnaşyklary olaryň arasyndaky ylalaşyk bilen kesgitlenilip bilner.

Eger şärikli awtorlaryň eseri bölünmez bir bütewiligi emele getirse, onda şärikli awtorlaryň hiç birisiniň-de muňa ýeterlik esaslar bolmazdan eseriň peýdalanylmagyny gadagan etmäge haky ýokdur.

3. Şärikli awtorlaryň her biri öz adyndan we beýleki şärikli awtorlaryň razylygyny almazdan onuň hukuklaryny goramak bilen baglanyşykly çäreleri görmäge haklydyr.

**10-njy madda. Ýygyndylaryň we beýleki düzülen eserleri düzüjileriň awtorlyk hukugy**

1. Ýygyndynyň we beýleki düzülen eserleriň awtoryna (düzüjisine) döredijilikli zähmetiň netijesini berýän materiallary olaryň toplanylmagyna we ýerleşdirilmegine bolan awtorlyk hukugy degişlidir (şärikli düzüjilik).

Düzüji düzülen esere goşulan eserlerden her biriniň awtorlyk hukuklaryny özi berjaý eden mahalynda awtorlyk hukugyndan peýdalanýar.

2. Düzülen esere goşulan eserleriň awtorlary, eger awtorlyk şertnamasynda başga zat göz öňünde tutulmadyk bolsa, düzülen esere garamazdan öz eserini peýdalanmaga haklydyr.

3. Düzüjiniň awtorlyk hukugy öz düzülen eserlerini döretmek üçin şol bir materiallary özbaşdak seçip almaga ýa-da ýerleşdirmäge beýleki adamlara päsgel bermeýär.

**11-nji madda. Terjimeçileriň we beýleki döredilen eserleriň awtorlarynyň awtorlyk hukugy**

1. Terjimeçilere we beýleki döredilen eserleriň awtorlaryna olar tarapyndan terjime etmäge, düzetmäge, aranžirowka ýa-da başga gaýtadan işlemäge bolan awtorlyk hukugy degişlidir.

2. Terjimeçi we başga döredilen eseriň awtory terjime edilen, üýtgedilen, aranžirowka edilen ýa-da başga hili gaýtadan işlenen eseriň awtorlyk hukuklaryny özi berjaý eden mahalynda özi tarapyndan döredilen esere bolan awtorlyk hukugyndan peýdalanýar.

3. Terjimeçiniň we beýleki döredilen eserleriň awtorlarynyň awtorlyk hukugy beýleki adamlara öz terjimelerini amala aşyrmaga we şol eserleri gaýtadan işlemäge päsgel bermeýär.

**12-nji madda. Köpçülikleýin eserlere bolan awtorlyk hukugy**

1. Şu Kanunyň 9–11-nji maddalarynyň düzgünlerinden alnyp, başlangyjy boýunça ýa-da ýolbaşçylygynda ensiklopediýalary, ensiklopedik sözlükleri döwürleýin we dowam edýän ylmy işleriň ýygyndylaryny, gazetleri, žurnallary we beýleki döwürleýin neşirçileriň neşirýatçylaryny goşup, köpçülikleýin eser döredilen fiziki ýa-da ýuridik şahsa şeýle eserleri peýdalanmaga bolan aýratyn hukuklar degişlidir. Şeýle fiziki ýa-da ýuridik şahs köpçülikleýin eserler islendik peýdalanylanda öz adyny görkezmäge ýa-da şeýle görkezmegi talap etmäge haklydyr.

2. Köpçülikleýin eserlere goşulan eserleriň awtorlary, eger awtorlyk şertnamasynda başga zat göz öňünde tutulmadyk bolsa, tutuşlygyna köpçülikleýin esere garamazdan öz eserlerini peýdalanmaga bolan aýratyn hukugy saklap galýarlar.

**13-nji madda. Audiowizual esere bolan awtorlyk hukugy**

1. Şu aşakdakylar audiowizual eseriň awtorlarydyr:

- oýun goýujy režissýor;
- ssenariniň awtory (ssenariçi);
- audiowizual eser üçin ýörite döredilen saz eseriniň (ýazgyly ýa-da ýazgysyz) awtory (kompozitor);

2. Audiowizual eseri döretmek üçin şertnamanyň baglaşylmagy bu eseriň awtorlary tarapyndan audiowizual eseri taýýarlaýja ony peýdalanmaga bolan aýratyn hukuklaryň (gaýtadan döretmek, ýaýratmak, prokata bermek, köpçülikleýin peýdalanmak, hemmeleriň dykgatyna ýetirmek üçin kabel boýunça habar bermek, hemmeleriň dykgatyna ýetirmek, ýaýlyma bermek ýa-da audiowizual eseri islendik başga köpçülikleýin habar bermek) audiowizual eseri taýýarlaýja bermegine, şeýle hem, eger şertnamada başga zat göz öňünde tutulmadyk bolsa, audiowizual eseriň ýazgysynyň subtirlenmegine ýa-da gaýtalanmagyna eltýär. Görkezilen hukuklar audiowizual eser üçin awtorlyk hukugynyň hereket ediş möhletiniň içinde hereket edýär.

Audiowizual eseri taýýarlaýjy bu eser islendik ulanylanda öz adyny görkezmäge ýa-da şeýle görkezmegi talap etmäge haklydyr.

3. Audiowizual eseri üçin ýörite döredilen saz eseriniň awtory (ýazgyly ýa-da ýazgysyz) audiowizual eseri her gezek köpçülikde ýerine ýetirilende, köpçülikleýin habar berlende, şeýle hem audiowizual eseriň nusgalyklary karzyna berlende bu saz eseriniň peýdalanylandygy üçin tölege bolan hukugy saklaýar.

4. Öň bar bolan (ssenariýniň esasynda goýlan edebiýat eseri we başga), şeýle hem onuň üstünde işlenilen wagtynda döredilen audiowizual esere düzüm bölegi bolup giren eserleriň awtorlarynyň her biri öz eserine bolan awtorlyk hukugyndan peýdalanýarlar. Öz eserlerini audiowizual esere goşulmagyna razylyk beren şeýle eserleriň awtorlary audiowizual eseriň peýdalanylmagyny gadagan etmäge ýa-da haýsydyr bir hili çäklendirmäge haky ýokdur.

5. Audiowizual eseriň awtorlary şeýle eseriň asyl nusgasynyň ýa-da göçürilen nusgalaryň prokaty üçin tölege bolan hukugy saklap galýarlar.

**14-nji madda. Gulluk eserlerine bolan awtorlyk hukugy**

1. Gulluk borçlaryny ýa-da iş berijiniň gulluk tabşyrygyny (gulluk eseri) ýerine ýetirmek tertibinde döredilen esere bolan awtorlyk hukugy gulluk eseriniň awtoryna degişlidir.

2. Gulluk eserini peýdalanmaga bolan aýratyn hukuklar, eger onuň bilen awtoryň arasyndaky şertnamada başga zat göz öňünde tutulmadyk bolsa, awtor bilen zähmet gatnaşyklarynda duran adama (iş berijä) degişlidir.

Gulluk eserini peýdalanmagyň her bir görnüşi üçin awtorlyk töleginiň möçberi we ony tölemegiň tertibi awtor bilen iş berijiniň arasynda şertnama bilen bellenilýär.

3. Iş beriji gulluk eseri islendik peýdalanylanda öz adyny görkezmäge ýa-da şeýle görkezmegi talap etmäge haklydyr.

4. Iş berijiniň gulluk borçlaryny ýa-da gulluk tabşyrygyny ýerine ýetirmek tertibinde şu Kanunyň 12-nji maddasynda göz öňünde tutulan köpçülikleýin eserleri döretmek üçin şu maddanyň düzgünleri degişli däldir.

**2 bap. Awtorlyk hukuklary**

**15-nji madda. Şahsy emläk däl hukuklar**

1. Öz eseri babatda awtora şu aşakdaky şahsy emläk däl hukuklary degişlidir:

- eger bu iş ýüzünde mümkin bolsa, eseriň awtory diýip ykrar etdirmek we şeýle ykrar etmegi talap etmek, şol sanda eseriň nusgalyklarynda göwnejaý ýagdaýda ýa-da onuň islendik köpçülikleýin peýdalanylanda awtoryň adyny görkezmek arkaly şeýle ykrar etmegi talap etmek hukugy (awtorlyk hukugy);

- eseriň nusgalyklarynda ýa-da ol islendik jemagat peýdalanylanda awtoryň hakyky adynyň ýerine onuň oýlap tapan adyny (lakamyny) görkezmek ýa-da görkezmegi talap etmek ýa-da adyny görkezmekden boýun gaçyrmak (atsyz) (ada bolan hukuk) hukugy;

- yzyna almak hukugyny goşup, islendik görnüşde eseri halka ýetirmek ýa-da halka ýetirmäge rugsat bermek hukugy (halka ýetirmäge bolan hukuk);

- eseriň adyny goşup, eseri islendik ýoýulmadan ýa-da başga hili kast etmelerden ýa-da awtoryň namysyna we mertebesine zyýan ýetirmäge ukyply başga hili kast etmelerden goramaga bolan hukuk (awtoryň abraýyny goramaga bolan hukuk).

2. Şahsy emläk däl hukuklar onuň emläk hukuklaryna garamazdan awtora degişlidir we hatda eseri peýdalanmakda bolan aýratyn hukuklar berlenden soň hem olarda saklanyp galýar.

3. Gulluk tabşyrygyny ýerine ýetirmek tertibinde döredilen esere bolan şahsy emläk däl hukuklar gulluk eseriniň awtoryna degişlidir.

**16-njy madda. Emläk hukuklary**

1. Awtora ýa-da esere bolan awtorlyk hukuklarynyň başga eýelik edijisine islendik görnüşde ýa-da islendik usul bilen eseri döretmäge bolan aýratyn hukuklar degişlidir.

2. Eseri peýdalanmaga bolan aýratyn hukuklar şu aşakdakylary amala aşyrmak, rugsat bermek ýa-da gadagan etmek hukugyny aňladýar:

- eseri göni ýa-da gytaklaýyn gaýtadan döretmek (gaýtadan döretmäge bolan hukuk);

- eýeçilik hukugyny satmak ýa-da başga hili bermek arkaly eseriň asyl nusgasyny ýa-da nusgalyklaryny ýaýratmak (ýaýratmaga bolan hukuk);

- eseriň asyl nusgasyny ýa-da nusgalyklaryny prokata bermek (prokata bolan hukuk);

- aýratyn awtorlyk hukugyna eýelik edijiniň rugsady bilen taýýarlanan nusgalyklary goşup, ýaýratmak maksady bilen eserleriň nusgalyklarynyň importy (importa bolan hukuk);

- eseriň jemagat görkezilişi (jemagat görkezilişine bolan hukuk);

- eseriň jemagat ýerine ýetirilmegi (jemagat ýerine ýetirilmegine bolan hukuk);

- ýaýlyma bermek we (ýa-da) soňra ýaýlyma bermek arkaly hemmeleriň dykgatyna ýetirmek üçin eseri habar bermek (ýaýlyma bermäge hukuk);

- hemmeleriň dykgatyna ýetirmek üçin eseri kabel, simler boýunça ýa-da birinji we (ýa-da) soňra habar bermegi goşup beýleki meňzeş serişdeleriň kömegi bilen habar bermek (kabel boýunça habar bermäge bolan hukuk);

- interaktiw peýdalanmak üçin hemmeleriň dykgatyna ýetirmäge çenli eseri ýetirmek (hemmeleriň dykgatyna ýetirmäge bolan hukuk);

- eseri terjime etmek (terjimä bolan hukuk);

- eseri üýtgetmäge, aranžirowka etmäge ýa-da başga hili gaýtadan işlemäge (gaýtadan işlemäge bolan hukuk).

Dizaýnerlik, binagärlik, şäher gurluşyk we bagçylyk-seýilgäh taslamalaryny peýdalanmak üçin awtoryň aýratyn hukuklary şeýle taslamalara gatnaşmaga we iş ýüzünde durmuşa geçirmäge bolan hukugy hem öz içine alýar.

3. Awtor eseriň her bir görnüşiniň peýdalanylmagy üçin awtorlyk tölege bolan hukuga eýedir (tölege bolan hukuk). Awtorlyk tölegini hasaplap goşmagyň möçberi we tertibi awtorlyk şertnamasynda, şeýle hem peýdalanyjylar bilen köpçülikleýin esasda awtorlaryň emläk hukuklaryny dolandyrýan guramalar bilen baglaşylýan şertnamalarda bellenilýär. Şunda tölegiň möçberi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýan awtorlyk töleginiň iň az stawkalaryndan pes bolup bilmez.

4. Eger hukuk taýdan dogry çap edilen eseriň ähli nusgalyklary Türkmenistanyň çägine kanuny ýol bilen raýat dolanyşygyna girizilse (olary satmak ýa-da eýeçilik hukugynyň başga geçmegi arkaly), şu Kanunyň 17-nji maddasynda göz öňünde tutulan halatlardan başga awtoryň razylygy bolmazdan we awtorlyk tölegi tölenmezden olaryň mundan beýläk ýaýradylmagyna ýol berilýär.

5. Eseri karzyna (we jemagat prokatyna) bermek arkaly asyl nusgany ýa-da nusgalyklary ýaýratmaga bolan hukuk bu nusgalyklara eýeçilik hukugyna garamazdan aşakdakylara awtorlyk awtora ýa-da awtorlyk hukugynyň başga eýelik edijisine degişlidir:

1) audiowizual esere;

2) kompýuter programmasyna;

3) maglumatlar binýadyna;

4) fonogrammada ýa-da wideogrammada bellenen esere;

5) nota ýazgysy görnüşinde saz eserine;

6. Şu maddanyň ikinji böleginde görkezilen awtorlyk hukuklary babatda çäklendirmeler şeýle çäklendirmeler eseriň kadaly peýdalanylmagyna zyýan ýetirmese we awtoryň kanuny bähbitlerini esassyz kemsitmese, şu Kanunyň 18–22-nji maddalary bilen bellenilýär.

**17-nji madda. Şekillendiriş sungatynyň eserlerine elýeterlilik hukugy. Eýermek hukugy**

1. Şekillendiriş sungaty eseriniň awtory öz eserini gaýtadan döretmäge bolan hukugy amala aşyrmak mümkinçiliklerini bermegi eseriň eýesinden talap etmäge haklydyr (elýeterlilik hukugy). Şunda eseriň eýesinden eseriň awtora eltilmegini talap etmek bolmaz.

2. Şekillendiriş sungatynyň eserine bolan eýeçilik hukugynyň geçmegi ýa-da eseriň awtorynyň elýazmasynyň asyl nusgasynyň (muzdly ýa-da muzdsuz) awtordan başga adama geçmegi bu eseriň birinji satuwyny aňladýar.

Şekillendiriş sungatynyň eseri ýa-da eseriň awtorynyň elýazmasynyň asyl nusgasy jemagat taýdan her bir alyp satmak halatynda (auksionyň, şekillendiriş sungatynyň galereýasynyň, çeperçilik salonynyň, dükanyň we ş.m. üsti bilen) awtor ýa-da onuň mirasdarlary satyjydan alyp satmak bahasynyň bäş göterimi möçberinde töleg almak hukugyna eýedirler (eýermek hukugy). Görkezilen hukuk awtor diri mahalynda aýrybaşgalanmaýar we diňe awtoryň hukugynyň hereket edýän möhleti üçin kanun boýunça awtoryň mirasdarlaryna geçýär.

## 3 bap. Emläk hukuklarynyň çäklendirmeleri

**18-nji madda. Şahsy maksatlar bilen gaýtadan döretmek**

1. Awtoryň razylygy ýa-da awtorlyk hukuklarynyň beýleki eýelik edijisiniň razylygy bolmazdan we awtorlyk tölegini tölemezden fiziki şahs tarapyndan doly hukukly halka ýetirilen eseriň ýeke-täk nusgalykda gaýtadan döredilmegi diňe girdejiler almazdan şahsy maksatlarda ýol berilýär.

2. Şu maddanyň birinji bölegi şu aşakdakylar babatda ulanylmaýar:

1) jaýlar we meňzeş desgalar görnüşinde binagärlik eserleriniň gaýtadan döretmeleri;

2) maglumatlar binýatlaryny ýa-da olardan düýpli bölekleri gaýtadan döretmek;

3) şu Kanunyň 21-nji maddasynda göz öňünde tutulan halatlardan başga kompýuter programmalaryny gaýtadan döretmek;

4) kitaplaryň (doly), nota ýazgylarynyň we şekillendiriş sungatynyň eserleriniň asyl nusgalarynyň reprografik gaýtadan döredilmegi.

3. Fiziki şahslar tarapyndan girdeji almazdan şahsy maksatlarda audiowizual eseri, fonogrammalary we wideogrammalary gaýtadan döretmäge hukuk eýelik edijileriň razylygy bolmazdan, ýöne audiowizual eseri gaýtadan döretmek babatda – audiowizual eseriň awtorlaryna, ýerine ýetirijilerine we taýýarlaýja; fonogrammalary (wideogrammalary) gaýtadan döretmek babatda – fonogrammanyň (wideogrammanyň) awtorlaryna, ýerine ýetirijilere we taýýarlaýja tölenmäge degişli tölegi tölemek bilen ýol berilýär.

Töleg enjamlary (audio we (ýa-da) wideomagnitofonlary we beýleki enjamy) we şeýle gaýtadan döretmek üçin peýdalanylýan maddy göterijileriň (ses) we (ýa-da) wideoplýonkalar we kassetalar, kompakt-diskleri we beýleki maddy göterijiler, taýýarlaýjylar we import edijiler tarapyndan tölenilýär.

Tölegiň möçberi we ony tölemegiň şertleri görkezilen taýýarlaýjylar bilen import edijileriň arasynda, bir tarapdan we awtorlaryň, fonogrammalary ýa-da wideogrammalary taýýarlaýjylaryň we köpçülikleýin esasda ýerine ýetirijileriň arasynda, beýleki tarapdan ylalaşyk bilen kesgitlenilýär, eger taraplar şeýle ylalaşygy gazanmadyk mahalynda bolsa – intellektual eýeçilik boýunça ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan kesgitlenilýär. Şunda goragyň şeýle tehniki serişdeleri hukuga eýelik edijiler tarapyndan ulanylanda şeýle eserlere, fonogrammalara we wideogrammalara şahsy maksatlar üçin gaýtadan döretmek üçin elýeterlilik goragy tölegi tölemek bilen hem şertlendirilip bilner.

Bu tölegi toplamak we paýlamak köpçülikleýin esasda emläk hukuklarynyň guramalary, dolandyryjylary tarapyndan amala aşyrylýar. Töleg şu aşakdaky ölçegde paýlanylmaga degişlidir: kyrk göterim – awtorlara, otuz göterim – ýerine ýetirijilere, otuz göterim – şahsy maksatlar üçin olaryň gaýtadan döredilenden çaklap boljaklar babatda eserler we fonogrammalar (wideogrammalar) üçin ulanarlykly fonogrammalary (wideogrammalary) taýýarlaýjylara degişlidir.

4. Şu maddanyň 2-nji böleginde görkezilen enjamlar we maddy göterijiler üçin şu aşakdakylar bolup durýan töleg tölenilmeýär:

a) eksportuň närseleri;

b) öý şertlerinde peýdalanmak üçin niýetlenilmedik professional enjam.

Töleg görkezilen enjamyň we materiallaryň fiziki şahslar tarapyndan diňe şahsy maksatlar üçin import edilende hem tölenilmeýär.

**19-njy madda. Eserleri maglumat, ylmy, okuw we gaýry maksatlar üçin peýdalanmak**

Awtoryň ýa-da beýleki awtorlyk hukuklaryna eýelik edijiniň razylygy bolmazdan we awtorlyk tölegini tölemezden, ýöne eseri peýdalanylan awtoryň adyny we alnan çeşmesini hökmany görkezmek bilen ýol berilýär:

1) gazet, žurnal makalalaryndan metbugat synlary görnüşinde bölekleriň gaýtadan döredilmegini goşup, sitirlemek maksady bilen ödelen möçberde hukuk taýdan dogry bolan çap edilen eserlerden ylmy, barlag, polemiki, tankydy we maglumat maksatlary bilen asyl nusgadan we terjimeden sitirlemek;

2) neşirlerde, radio we telegepleşiklerde, okuw häsiýetli ses we wideoýazgylarda goýlan maksady ödelen möçberde suratlar hökmünde hukuk taýdan dogry çap edilen eserlerden gysgaça bölekleri peýdalanmak;

3) gündelik ykdysady, syýasy, durmuş we dini meseleler boýunça hukuk taýdan dogry çap edilen ýa-da haçan-da şeýle gaýtadan döretmek, ýaýlyma bermek ýa-da kabel boýunça habar bermek awtor ýa-da awtorlyk hukugyna başga eýelik ediji tarapyndan ýörite gadagan edilmedik halatlarynda şu zeýilli häsiýetli ýaýlyma berlen eserleri gazetlerde we žurnallarda makalalary ýa-da hemmeleriň dykgatyna ýetirmek üçin gazetlerde gaýtadan döretmek, ýaýlyma bermek ýa-da kabel boýunça habar bermek;

4) köpçülikleýin aýdylan syýasy sözleri, ýüzlenmeleri, nutuklary, takallary we beýleki şuňa meňzeş eserleri aklanan maglumat maksady bilen möçberde hemmeleriň dykgatyna ýetirmek üçin gazetlerde we žurnallarda gaýtadan döretmek, ýaýlyma bermek ýa-da kabel boýunça habar bermek; şunda şeýle eserleri ýygyndylarda çap etmek hukugy awtorda saklanyp galýar;

5) maglumat maksady bilen kesgitlenen möçberde şeýle wakalaryň barşynda görlen ýa-da eşidilen eserleri ýaýlym ýa-da kabel gepleşik eşitdirişiniň, fotografiýanyň, kinematografiýanyň serişdeleri arkaly gündelik wakalaryň synlarynda gaýtadan döretmek ýa-da köpçülikleýin habar bermek; şunda şeýle eserleri ýygyndylarda çap etmäge bolan hukuk awtorda saklanyp galýar;

6) şeýle usullar üçin ýörite döredilen gaýtadan döredilýän eserlerden başga körler üçin relýef-nokatly şrift bilen ýa-da beýleki ýörite usullar bilen hukuk taýdan dogry çap edilen eserleri

girdeji almazdan gaýtadan döretmek;

7) erkin barmak üçin açyk bolan ýerde hemişelik ýerleşen binagärlik, surat, şekillendiriş sungaty eserleriniň hemmeleriň dykgatyna ýetirmek üçin gaýtadan döredilmegi, ýaýlyma berilmegi ýa-da habar berilmegi, haçan-da eseriň şekili kabel boýunça hemmeleriň dykgatyna ýetirmek üçin şeýle gaýtadan döretmegiň, ýaýlyma bermegiň ýa-da habar bermegiň esasy obýekti bolan ýagdaýlar ýa-da haçan-da eseriň şekili täjirçilik maksatlary bilen ulanylanda şeýle eseriň esasy obýekti bolan halatlar muňa degişli däldir;

8) kazyýet ýa-da administratiw önümçilik üçin subutnamalar hökmünde halka doly hukukly ýetirilen eserleriň gaýtadan döredilmegi;

9) resmi döwlet we dini dabaralar wagtynda, şeýle hem ritual hyzmatlar edilende hukuk taýdan dogry halka ýetirilen eserleriň ýerine ýetirilmegi. Şu halatlarda awtoryň adyny we alnan çeşmäni görkezmek hökman däldir.

**20-nji madda. Eserleriň kitaphanalar, arhiwler we bilim edaralary tarapyndan peýdalanylmagy (reprografik gaýtadan döretmek)**

1. Awtoryň ýa-da awtorlyk hukuklaryna beýleki eýelik edijiniň razylygy bolmazdan we awtorlyk tölegi tölenmezden, ýöne eseri ulanylýan awtoryň adyny we reprografik gaýtadan döretmegiň alnan çeşmesini hökmany görkezmek bilen ýeke-täk nusgalykda girdeji almazdan:

1) kitaphanalar ýa-da arhiwler tarapyndan – peýdalanmak üçin ýitirilen, ýok edilen ýa-da ýaramsyz bolan nusgalyklary çalyşmak üçin hukuk taýdan dogry çap edilen eserler; eseriň nusgalyklaryny eger şeýle nusgalygy almak adaty şertlerde başga usul bilen mümkin bolmasa, eserleri peýdalanmak üçin ýitirilen, ýok edilen ýa-da ýaramsyz bolan eserleri olaryň gaznalaryndan çalyşmak üçin eserleriň nusgalyklaryny beýleki kitaphanalara bermäge;

2) okuw we barlag maksatlary bilen fiziki şahslaryň talaplary boýunça kitaphanalar ýa-da arhiwler tarapyndan – ýygyndylarda, gazetlerde we beýleki döwürleýin neşirlerde hukuk taýdan dogry çap edilen aýry-aýry makalalaryň we az möçberli eserleriň, hukuk taýdan dogry çap edilen ýazmaça eserlerden böleklere (kompýuter programmalardan başga);

3) auditor dersleri üçin bilim edaralary tarapyndan – ýygyndylarda, gazetlerde we beýleki döwürleýin neşirlerde çap edilen aýry-aýry maddalaryň we az möçberli eserler, kanuny taýdan çap edilen ýazmaça eserlerden böleklere ýol berilýär (kompýuter programmalaryndan başga).

2. Şu maddanyň birinji böleginiň 2-nji we 3-nji bentlerinde göz öňünde tutulan reprografik gaýtadan döretmäge reprografik gaýtadan döretmek üçin köpçülikleýin esasda awtorlaryň emläk hukuklaryny dolandyrýan gurama tarapyndan berilýän ygtyýarnama bolmadyk mahalynda ýol berilýär, onuň (ygtyýarnamanyň) bardygy hakynda kitaphana, arhiwe ýa-da bilim edarasyna mälimdir ýa-da mälim bolmalydyr.

**21-nji madda. Kompýuter programmalaryny we maglumatlar binýatlaryny gaýtadan döretmek. Kompýuter programmalaryny dekompilirlemek**

1. Kompýuter programmasynyň ýa-da maglumatlar binýadynyň nusgalygyna kanuny taýdan eýelik edýän adam onuň awtorynyň ýa-da aýratyn hukuklara başga eýelik edijiniň rugsady bolmazdan we goşmaça töleg tölemezden şu aşakdakylara haklydyr:

1) kompýuter programmasyna ýa-da maglumatlar binýadyna peýdalanyjynyň tehniki serişdelerinde onuň işlemegi üçin gerek bolan üýtgetmeleri girizmek, şeýle hem kompýuter programmasynyň we maglumatlar binýadynyň onuň niýetlenilişine laýyklykda işlemegi bilen baglanyşykly islendik hereketleri, şol sanda ýazmagy we kompýuteriň ýadynda saklamagy (bir kompýuteriň ýa-da bir ulgamdan peýdalanyjynyň), şeýle hem eger awtorlyk şertnamasynda başga zat göz öňünde tutulmadyk bolsa, anyk ýalňyşlary düzetmek;

2) kompýuter programmasynyň ýa-da maglumatlar binýadynyň nusgasyny taýýarlamak, şonda bu nusga haçan-da programmanyň asyl nusgasy ýitirilen, zeper ýetirilen ýa-da peýdalanmak üçin ýaramsyz bolan halatlarda diňe kanuny taýdan alnan nusgalygy çalyşmak üçin

niýetlenilmelidir. Şunda programmanyň ýa-da maglumatlar binýadynyň nusgasy şu bölegiň birinji bendinde görkezilendäkä garanda başga maksatlar üçin peýdalanylyp bilner we eger bu programmanyň nusgalygyna eýelik edilmegi kanuny taýdan bolmagyny bes eden mahalynda ýok edilmelidir.

2. Kompýuter programmasynyň ýa-da maglumatlar binýadynyň ätiýaçlyk nusgalygy şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulandakydan başga maksatlar üçin peýdalanylyp bilinmez we kompýuter programmasynyň ýa-da maglumatlar binýadynyň nusgalygyna eýelik etmek hukugy bes edilen mahalynda ýok edilmelidir.

3. Kompýuter programmasynyň nusgalygyna kanuny taýdan eýelik edýän adam awtoryň ýa-da awtorlyk hukuklaryna başga eýelik edijiniň razylygy bolmazdan we awtorlyk hukugyny tölemezden kompýuter programmasyny dekompilirlemäge ýa-da eger munuň özi şu aşakdaky şertler berjaý edilende dekompilirlenýän programma bilen özara hereket edip biljek beýleki programmalar bilen şeýle adam tarapyndan işlenip taýýarlanan kompýuter programmasyna garamazdan özara hereket etmek üçin başarnyklara ýetmekde gerek bolan halatynda dekompilirlemegi beýleki adamlara tabşyrmaga haklydyr:

1) beýleki çeşmelerden şeýle adama öň elýeter bolmadyk özara hereket etmäge başarnyklara ýetmek üçin gerek bolan maglumat;

2) görkezilen hereketler özara hereket etmäge başarnyklara ýetmek üçin gerek bolan dekompilirlenýän programmanyň bölekleri bilen görkezilen hereketler çäklendirilýär;

3) dekompilirlemegiň netijesinde alnan maglumat diňe beýleki programmalar bilen işlenip taýýarlanan kompýuter programmasyna garamazdan özara hereket etmäge başarnyklara ýetmek üçin peýdalanylyp bilner, beýleki adamlara berlip bilinmez, şeýle hem öz görnüşi boýunça dekompilirlenýän programma bilen düýpli meňzeş bolan kompýuter programmasyny işläp taýýarlamak üçin ýa-da awtorlyk hukugyny bozýan beýleki hereketleri amala aşyrmak üçin peýdalanylyp bilinmez.

**22-nji madda. Ýaýlym gepleşik guramalary tarapyndan geçirilýän gysga möhletli peýdalanmagy erkin ýazmak**

Awtoryň razylygy bolmazdan we goşmaça töleg tölemezden ýaýlym gepleşik gurama bu guramanyň ýaýlyma bermek hukugyny alan eserini gysga möhletli peýdalanmagy ýazyp bilmez, şunda şeýle ýazgy onuň öz enjamynyň kömegi bilen ýa-da onuň öz gepleşikleri üçin ýaýlym gepleşik guramasy tarapyndan geçirilýär.

Gurama şeýle ýazgyny eger has dowamly möhlet ýazylan eseriň awtory bilen razylaşylmasa, onuň taýýarlanandan soň alty aýyň içinde şeýle ýazgyny ýok etmäge borçludyr. Eger ýazgy aýratyn resminama häsiýetine eýe bolsa, şeýle ýazgy eseriň awtorynyň razylygy bolmazdan döwlet arhiwlerinde saklanylyp bilner.

## 4 bap. Awtorlyk hukugynyň hereket ediş möhleti

**23-nji madda. Awtorlyk hukugynyň hereket ediş möhleti**

1. Awtorlyk hukugy awtoryň bütin ömrüniň dowamynda we şu maddada göz öňünde tutulan halatlardan başga ol aradan çykandan soň 50 ýylyň içinde hereket edýär.

Awtorlyk hukugy, ada bolan hukuk ýa-da awtoryň abraýyny goramaga bolan hukuk möhletsiz goralýar.

2. Atsyz ýa-da lakamly halka ýetirilen esere bolan awtorlyk hukugy onuň kanuny taýdan halka ýetirilen senesinden soň 50 ýylyň içinde hereket edýär.

Eger görkezilen möhletiň içinde atsyz ýa-da lakamly çykarylan eseriň awtory öz şahsyýetini açsa ýa-da onuň şahsyýeti mundan beýläk şübhe döretmese, onda şu maddanyň birinji bölegi ulanylýar.

3. Şärikli awtorlykda (awtordaşlykda) döredilen esere awtorlyk hukugy bütin ömrüň we awtordaşlaryň iň ahyrynda ölen awtordan soň elli ýylyň dowamynda hereket edýär.

4. Awtor aradan çykandan soň ilkinji gezek köpçülige çykarylan esere bolan awtorlyk hukugy ol çykarylandan soň 50 ýylyň içinde hereket edýär.

5. Şu maddada göz öňünde tutulan möhletleri hasaplamak möhletiň dowamyny başlamak üçin esas bolup durýan hukuk faktynyň bolan ýylyndan soň gelýän ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlanýar.

**24-nji madda. Jemgyýetçilik gazanylanlary**

1. Esere bolan awtorlyk hukugynyň hereket ediş möhletiniň gutarmagy olaryň jemgyýetçilik gazanylanlaryna geçmegini aňladýar.

Türkmenistanyň çäginde hiç mahal gorag berilmedik eser hem jemgyýetçilik gazanylanlaryna geçen diýlip hasap edilýär.

2. Jemgyýetçilik gazanylanlaryna geçen eser awtorlyk tölegini tölemezden islendik adam tarapyndan erkin peýdalanylyp bilner. Şunda awtorlyk hukugy, ada bolan hukuk we awtoryň abraýyny goramaga bolan hukuk berjaý edilmelidir.

**5 bap. Awtorlyk hukuklarynyň geçmegi. Awtorlyk şertnamalary**

**25-nji madda. Awtorlyk hukuklarynyň geçmeginiň esaslary**

Awtorlyk hukuklary awtorlyk şertnamalary boýunça we miras geçijilik tertibinde berilýär.

**26-njy madda. Awtorlyk hukugynyň miras geçijilik tertibinde geçmegi**

1. Awtorlyk hukugy kanun boýunça ýa-da wesýetnama boýunça miras geçijilik tertibinde geçýär.

2. Awtorlyga hukuk, ada bolan hukuk we awtoryň abraýyny goramaga bolan hukuk miras geçijilik boýunça geçmeýär. Awtoryň mirasdarlary we wesýetnamany ýerine ýetirijiler görkezilen hukuklary goramaga haklydyrlar. Mirasdarlaryň we wesýetnamany ýerine ýetirijileriň bu ygtyýarlyklary möhlet bilen çäklendirilmeýär. Awtoryň mirasdarlary bolmadyk mahalynda görkezilen hukuklary intellektual eýeçilik boýunça ygtyýarly döwlet edarasy goraýar.

3. Awtor wesýetnamany ýerine ýetiriji bellenilýän tertipde özüniň awtorlyk hukugyny, ada bolan hukugy we öz abraýyny goramaga bolan hukugy özi aradan çykandan soň özüniň goragyny ýükleýän adamyny görkezmäge haklydyr. Bu adam öz ygtyýarlyklaryny ömürlik amala aşyrýar.

Şeýle görkezmeler bolmadyk mahalynda awtorlyk hukugyny, ada bolan hukugy ýa-da awtoryň abraýyny goramaga bolan hukugy goramak awtor aradan çykandan soň onuň mirasdarlary ýa-da intellektual eýeçilik boýunça ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan amala aşyrylýar, eger mirasdarlar bolmasa ýa-da olaryň awtorlyk hukugy bes edilse, şeýle goragy amala aşyrýar.

**27-nji madda. Emläk hukuklaryny bermek. Awtorlyk şertnamasy**

1. Şu Kanunyň 16-njy maddasynda görkezilen emläk hukuklary awtorlyk şertnamasy boýunça we Kanunda göz öňünde tutulan başga esaslar boýunça berlip bilner, şu Kanunyň 18–22-nji maddalarynda göz öňünde tutulan halatlar muňa degişli däldir.

Emläk hukuklaryny bermek aýratyn hukuklary bermek hakynda awtorlyk şertnamasynyň esasynda ýa-da aýratyn bolmadyk hukuklary bermek hakynda awtorlyk şertnamasynyň esasynda amala aşyrylyp bilner.

2. Aýratyn hukuklary bermek hakynda awtorlyk şertnamasy belli bir usul bilen we şertnama bilen bellenilen çäklerde diňe bu hukuklaryň berilýän adamyna eseri peýdalanmaga rugsat berýär we şeýle adama eseriň şu zeýilli peýdalanylmagyny başga adamlara gadagan etmek hukugyny berýär.

Eseri başga adamlaryň peýdalanmagyny gadagan etmek hukugy, eger aýratyn hukuklaryň

berlen adamy bu hukugy goramasa, eseriň awtory tarapyndan amala aşyrylyp bilner.

3. Aýratyn bolmadyk hukuklary bermek hakynda awtorlyk hukugy şeýle hukuklary beren aýratyn hukuklara eýelik ediji bilen bir hatarda eseri peýdalanmagy peýdalanyja we (ýa-da) bu eseri şeýle usul bilen peýdalanmaga rugsat alan beýleki adamlara rugsat berýär.

4. Awtorlyk hukugy boýunça berilýän hukuklar, eger şertnamada başga zat göz öňünde tutulmadyk bolsa, aýratyn däl diýlip hasap edilýär.

**28-nji madda. Awtorlyk şertnamasynyň şertleri we görnüşi**

1. Awtorlyk şertnamasy şu aşakdakylary göz öňünde tutmalydyr:

- peýdalanylýan eseriň takyk beýanyny (möçberini, žanryny, adyny);
- eseri peýdalanmagyň usullaryny (şu şertnama boýunça berilýän anyk hukuklary);
- hukugyň berilýän çäklerinde möhleti we çägi;
- tölegiň möçberini we (ýa-da) eseri peýdalanmagyň her bir usuly üçin tölegiň möçberini kesgitlemegiň tertibini;
- eger şertnamada hukuklary muzdsuz bermek göni göz öňünde tutulmadyk bolsa, töleg tölemegiň tertibini we möhletlerini;

taraplaryň düýpli diýip hasap eden beýleki şertlerini.

Awtorlyk şertnamasynda eseri peýdalanmagyň usullary hakynda (awtorlyk şertnamasy boýunça berilýän anyk hukuklar) şertler bolmadyk mahalynda şertnama eseri peýdalanmagyň şeýle usullarynda baglaşylan diýlip hasap edilýär, olar şertnama baglaşylan wagtynda taraplaryň meýillerine ýetmek üçin düýpli hasap edilip bilner.

Awtorlyk şertnamasynda hukuklary bermegiň möhleti hakynda şertler bolmadyk mahalynda, eger peýdalanyjy bu hakda şertnamanyň ýatyrylmagyna çenli alty aý galanda ýazmaça habarly edilse, şertnama onuň baglaşylan senesinden başlap bäş ýylyň geçmegi bilen awtor tarapyndan ýatyrylyp bilner.

Awtorlyk şertnamasynyň çäklerinde hukugyň berilýän çägi hakynda şertler bolmadyk mahalynda, şertnama boýunça berilýän hukugyň hereketi Türkmenistanyň çägi bilen çäklendirilýär.

2. Awtorlyk şertnamasy boýunça eseriň peýdalanmaga berilmedik hukuklary, berilmedik hukuk diýlip hasap edilýär.

Şertnamanyň baglaşylan pursadynda mälim bolmadyk eseri peýdalanmaga bolan hukuk awtorlyk şertnamasynyň närsesi bolup bilmez.

3. Töleg eseri peýdalanmagyň degişli usuly üçin girdejiden göterim görnüşinde ýa-da, eger muny eseriň häsiýeti bilen ýa-da ony peýdalanmagyň aýratynlyklary bilen baglanyşykly amala aşyrmak mümkin bolmasa, pugta bellenen pul möçberi görnüşinde ýa-da başga hili awtorlyk şertnamasynda kesgitlenilýär. Şunda pugta bellenen pul möçberiniň möçberi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanýan awtorlyk tölegininiň iň az stawkalaryndan pes bolup bilmez.

Eger eseri neşir etmek ýa-da başga hili gaýtadan döretmek hakynda awtorlyk şertnamasynda töleg pugta bellenen pul möçberi görnüşinde kesgitlense, onda şertnamada eseriň nusgalyklarynyň iň ýokary tiražy bellenilmelidir.

4. Awtorlyk hukugy boýunça berlen hukuklar diňe eger bu şertnamada göni göz öňünde tutulan mahalynda beýleki adamlara doly ýa-da kem-käsleýin berlip bilner.

5. Geljekde bu temada ýa-da bu pudakda eser döretmekde awtory çäklendirýän awtorlyk şertnamasynyň şertleri hakyky däldir.

6. Şu Kanunyň düzgünlerine ters gelýän awtorlyk şertnamasynyň şertleri hakyky däldir.

7. Awtorlyk şertnamasy ýazmaça görnüşde baglaşylmalydyr. Eseri döwürleýin metbugatda peýdalanmak hakynda awtorlyk şertnamasy dil üsti bilen baglaşylyp bilner. Radio we telewideniýe boýunça eserleriň bir gezek dilden berilmegine bolan şertnama hem dil üsti bilen baglaşylyp bilner.

8. Kompýuter programmalarynyň nusgalyklary satylanda we köpçülikleýin peýdalanyja olara bolan elýeterlilik berlende, eger şertnamanyň şertleri (kompýuter programmasyndan peýdalanmagyň şertleri) degişli ýagdaýda programmanyň nusgalyklarynda beýan edilse, şertnama ýazmaça görnüşde baglaşylan diýlip hasap edilýär.

## III BÖLÜM. GATYŞYK HUKUKLAR

### 29-njy madda. Gatyşyk hukuklaryň subýektleri

1. Fonogrammalary, wideogrammalary ýerine ýetirijiler, taýýarlaýjylar, gepleşik guramalary gatyşyk hukuklaryň subýektleri bolup durýarlar.

2. Fonogrammany ýa-da wideogrammany taýýarlaýjy, gepleşik guramasy şu bölümde görkezilen öz hukuklaryny şertnama boýunça alnan hukuklaryň çäklerinde fonogrammada ýa-da wideogrammada ýazylan ýa-da ýaýlyma berilýän ýa-da kabel boýunça berilýän ýazylan eseriň ýerine ýetirijisi we awtory bilen şertnama boýunça alnan hukuklaryň çäklerinde amala aşyrýarlar.

3. Ýerine ýetiriji şu bölümde görkezilen hukuklary ýerine ýetirilýän eseriň awtorynyň hukuklaryny berjaý eden mahalynda amala aşyrýar.

4. Şu bölümde göz öňünde tutulan hukuklaryň ýüze çykmagy we amala aşyrylmagy üçin haýsydyr bir formallyklary berjaý etmek talap edilmeýär. Fonogrammany ýa-da wideogrammany taýýarlaýjy we öz hukuklary hakynda habar bermek üçin ýerine ýetiriji gatyşyk hukuklary goramak nyşanyny peýdalanmaga haklydyr, ol fonogrammanyň ýa-da wideogrammanyň her bir nusgalygynda ýa-da onuň gabynda ýerleşdirilýär we şu aşakdaky üç elementden durýar:

- töwerekdäki "P" latyn harpy;
- aýratyn gatyşyk hukuklara eýelik edijiniň ady;
- fonogrammanyň ýa-da wideogrammanyň ilkinji çap edilen ýyly.

5. Ýerine ýetirijiler bilen fonogrammalary ýa-da wideogrammalary taýýarlaýjylaryň arasynda hukuklary bermek hakynda baglaşylýan şertnamalar, eger berilýän hukuklaryň düýp mazmunyndan başga zat gelip çykmasa, awtorlyk hukugy hakynda şu Kanunyň düzgünleri ulanylýar.

### 30-njy madda. Ýerine ýetirijiniň hukuklary

1. Ýerine ýetirijä özüniň ýerine ýetirmegi ýa-da oýun goýmagy babatda şu aşakdaky hukuklar degişlidir:

1) ada bolan hukuk;

2) ýerine ýetirijiniň namysyna we mertebesine zyýan ýetirmäge ukyply islendik ýoýulmadan ýa-da islendik başga kast etmeden ýerine ýetirmegi ýa-da oýun goýmagy goramaga bolan hukuk (abraýyny goramaga bolan hukuk);

3) ýerine ýetirmegi ýa-da oýun goýmagy peýdalanmagyň her bir görnüşi üçin töleg almaga bolan hukugy goşup islendik görnüşde ýerine ýetirmegi ýa-da oýun goýmagy peýdalanmaga bolan hukuk.

2. Ýerine ýetirmegi ýa-da oýun goýmagy peýdalanmaga bolan aýratyn hukuk şu aşakdakylara rugsat etmek ýa-da gadagan etmek hukugyny aňladýar:

1) haçan-da habar bermek üçin ýerine ýetirijiniň razylygy bilen öň geçirilen ýerine ýetiriş ýazgysynyň ýa-da öň ýaýlyma berlen ýerine ýetirişiň ýazgysynyň peýdalanylýan halatlaryndan başga ýerine ýetirmegiň ýaýlyma, kabel boýunça habar berilmegi ýa-da ýerine ýetirmegiň başga köpçülikleýin habar berilmegi;

2) öň ýazylmadyk ýerine ýetirişiň ýa-da oýun goýmagyň ýazgysy;

3) ýerine ýetirmek ýazgysynyň gaýtadan döredilmegi, haçan-da ýerine ýetirijiniň razylygy bilen geçirilen ýerine ýetirijiniň ýazgysy şeýle ýazylanda ýerine ýetirijiniň razylygy alnan maksatlar bilen ýerine ýetirişiň ýazgysy gaýtadan döredilen halaty muňa degişli däldir;

4) eger ilkibaşda bu ýazgy täjirçilik maksatlary üçin geçirilmedik bolsa, ýerine ýetirişiň ýa-da oýun goýmagyň ýaýlyma ýa-da kabel boýunça berilmegi;

5) eýeçilik hukugyny satmak ýa-da başga hili bermek arkaly fonogramma ýa-da wideogramma ýazylan ýerine ýetirişiň ýa-da oýun goýmagyň asyl nusgasyny ýa-da nusgalyklaryny ýaýratmak. Eger fonogramma ýa-da wideogramma ýazylan ýerine ýetirişiň ýa-da oýun goýmagyň asyl nusgasy ýa-da nusgalyklary kanuny taýdan eýeçilik hukugyny satmak ýa-da başga hili bermek arkaly raýat dolanyşygyna kanuny taýdan girizilse, ýerine ýetirijiniň razylygy bolmazdan we töleg

tölenmezden Türkmenistanyň çäginde olaryň mundan beýläk ýaýradylmagyna ýol berilýär;

6) ýerine ýetirijiniň gatnaşmagynda ýerine ýetirmegi öz içine alýan, çap edilen fonogrammany ýa-da wideogrammany prokata tabşyrmak.

3. Şu maddanyň ikinji böleginde görkezilen rugsatlar ýerine ýetiriji tarapyndan berilýär, köpçülikleýin ýerine ýetirijiler tarapyndan ýerine ýetirilen mahalynda bolsa – peýdalanyjy bilen ýazmaça şertnamany baglaşmak arkaly şeýle kollektiwiň ýolbaşçysy tarapyndan berilýär.

4. Ýerine ýetirijini ýa-da oýun goýmagy soňra bermek, gepleşik üçin ýazgyny amala aşyrmak we ýaýlym ýa-da kabel gepleşik guramalary tarapyndan şeýle ýazgyny gaýtadan döretmek üçin şu maddanyň ikinji böleginiň 2-nji we 3-nji bentlerinde görkezilen rugsatlar, eger olar ýaýlym ýa-da kabel gepleşik guramasy bilen ýerine ýetirijiniň şertnamasynda göz öňünde tutulan bolsa talap edilmeýär.

Şeýle peýdalanylmagy üçin ýerine ýetirijä tölegiň möçberi hem şu şertnamada bellenilýär.

5. Audiowizual eseri döretmek üçin audiowizual eseriň ýerine ýetirijisi bilen taýýarlaýjysynyň arasynda şertnama baglaşmak şu maddanyň ikinji böleginde görkezilen hukuklaryň ýerine ýetiriji tarapyndan berilmegine eltýär. Şunda ýerine ýetiriji şu Kanunyň 16-njy maddasynda göz öňünde tutulan tertipde şeýle audiowizual eseriň nusgalyklarynyň kireýine berilmegi üçin tölege bolan hukugy saklaýar.

Ýerine ýetiriji tarapyndan şeýle hukuklaryň berilmegi audiowizual eseriň peýdalanylmagy bilen çäklendirilýär we eger şertnamada başga zat bellenilmese, audiowizual eserde bellenen sesiň ýa-da şekiliň aýry-aýry peýdalanylmagyna bolan hukuklary öz içine almaýar.

6. Ýerine ýetiriji bilen fonogrammany ýa-da wideogrammany taýýarlaýjynyň arasynda fonogramma ýa-da wideogramma üçin ýerine ýetirişi ýazmaga bolan şertnamany baglaşmak fonogrammany ýa-da wideogrammany prokata tabşyrmak hukugynyň ýerine ýetiriji tarapyndan berilmegine eltýär (şu maddanyň ikinji böleginiň 6-njy bendi); şunda ýerine ýetiriji şu Kanunyň 18-nji maddasynyň üçünji böleginde göz öňünde tutulan tertipde şeýle fonogrammanyň ýa-da wideogrammanyň nusgalyklarynyň prokata tabşyrylmagy üçin tölege bolan hukugy saklaýar.

7. Gulluk borçlaryny ýa-da iş berijiniň gulluk tabşyrygyny ýerine ýetirmek tertibinde ýerine ýetiriji tarapyndan döredilen ýerine ýetirmek babatda ýerine ýetirijä ada bolan hukuk we abraýy goramaga bolan hukuk degişlidir. Şeýle ýerine ýetirmegi peýdalanmaga bolan aýratyn hukuklar ýerine ýetirijiniň zähmet gatnaşyklarynda durýan adamyna degişlidir, eger onuň bilen ýerine ýetirijiniň arasyndaky şertnamada başga zat göz öňünde tutulmadyk bolsa.

8. Ýerine ýetirijiniň şu maddanyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan aýratyn hukuklary şertnama boýunça başga adamlara berlip bilner.

**31-nji madda. Fonogrammany taýýarlaýjynyň hukuklary**

1. Fonogrammany taýýarlaýja öz fonogrammasy babatda fonogrammany peýdalanmagyň her bir görnüşi üçin töleg almaga bolan hukugy goşup, fonogrammany islendik görnüşde peýdalanmak üçin aýratyn hukuklar degişlidir.

2. Fonogrammany peýdalanmaga bolan aýratyn hukuklar şu aşakdakylara rugsat bermek ýa-da gadagan etmek hukugyny aňladýarlar:

1) fonogrammany gaýtadan döretmäge;

2) fonogrammany üýtgetmäge ýa-da başga hili gaýtadan işlemäge;

3) eýeçilik hukugyny satmak ýa-da başga hili bermek arkaly fonogrammanyň asyl nusgasyny ýa-da nusgalyklaryny ýaýratmaga;

4) bu fonogrammany taýýarlaýjynyň rugsady bilen taýýarlanan nusgalyklary goşup, ýaýratmak maksady bilen fonogrammanyň nusgalyklaryny import etmäge;

5) asyl nusga we nusgalyklara bolan eýeçilik hukugyna garamazdan we fonogrammany taýýarlaýjynyň razylygy bilen olar ýaýradylandan soň hem fonogrammanyň asyl nusgasynyň ýa-da nusgalyklarynyň prokata berilmegine.

**32-nji madda. Wideogrammany taýýarlaýjynyň hukuklary**

1. Wideogrammany taýýarlaýja wideogrammanyň islendik peýdalanylmagy üçin töleg

almaga bolan hukugy goşup, wideogrammanyň islendik görnüşde peýdalanylmagyna bolan aýratyn hukuklar degişlidir.

2. Wideogrammany peýdalanmaga bolan aýratyn hukuk şu aşakdakylara rugsat bermek ýa-da gadagan etmek hukugyny aňladýar:

1) wideogrammany gaýtadan döretmäge;

2) wideogrammanyň nusgalyklaryny islendik usul bilen ýaýratmagy: satmak, prokat we başga;

3) bu wideogrammanyň taýýarlaýjynyň rugsady bilen taýýarlanan nusgalyklaryny goşup, ýaýratmak maksady bilen wideogrammanyň nusgalyklaryny import etmäge;

4) islendik usul bilen wideogrammany gaýtadan düzetmäge ýa-da gaýtadan işlemäge.

**33-nji madda. Gepleşik guramalarynyň hukuklary**

1. Gepleşigiň islendik pedalanylandygy üçin töleg almaga bolan hukugy goşup, gepleşik guramalaryna gepleşigiň islendik görnüşde peýdalanylandygy üçin aýratyn hukuklar degişlidir.

2. Gepleşigi peýdalanmaga bolan aýratyn hukuk ýaýlym (kabel) gepleşik guramasynyň şu aşakdakylara rugsat bermek ýa-da gadagan etmek hukugyny aňladýar:

1) gepleşigi ýazmaga;

2) haçan-da gepleşigi ýazmak gepleşik guramasynyň razylygy bilen geçirilen halatyndan başga gepleşigi ýazmagyň gaýtadan döredilmegi we gepleşigi gaýtadan döretmek onuň ýazgysynyň geçirilen maksatlarynda amala aşyrylýar;

3) ýaýlym (kabel) gepleşiginiň başga guramasyna onuň ýaýlyma (kabel boýunça) şol bir wagtda habaryň berilmegi;

4) kabel boýunça gepleşigi (ýaýlyma) habar bermäge;

5) tölegli girmek bilen ýerlere gepleşigi köpçülikleýin habar bermäge.

**34-nji madda. Täjirçilik maksatlary bilen çap edilen fonogramma we wideogrammanyň peýdalanylandygy üçin töleg**

1. Täjirçilik maksatlary bilen çap edilen fonogrammany we wideogrammany taýýarlaýjynyň razylygy bolmazdan we şeýle fonogramma we wideogramma üçin ýerine ýetiriş ýazylan ýerine ýetirijiniň, ýöne olara töleg tölemek bilen ýerine ýetirijiniň razylygy bolmazdan şu aşakdakylara ýol berilýär:

1) fonogrammany ýa-da wideogrammany köpçülikleýin ýerine ýetirmäge;

2) fonogrammany ýa-da wideogrammany ýaýlyma bermäge;

3) kabel boýunça hemmeleriň dykgatyna ýetirmek üçin fonogrammany ýa-da wideogrammany habar bermäge.

2. Şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan tölegi ýygnamak, paýlamak we tölemek köpçülikleýin esasda fonogrammalary ýa-da wideogrammalary we ýerine ýetirijileriň hukuklaryny dolandyrýan guramalaryň biri tarapyndan bu guramalaryň arasyndaky ylalaşyga laýyklykda amala aşyrylýar. Eger bu ylalaşyk bilen başga zat göz öňünde tutulmadyk bolsa görkezilen töleg fonogrammany ýa-da wideogrammany taýýarlaýjy bilen ýerine ýetirijiniň arasynda deň paýlanylýar.

3. Tölegiň möçberi, ony tölemegiň şertleri fonogrammany (wideogrammany) peýdalanyjynyň ýa-da şeýle peýdalanyjylaryň birleşikleri (assosiasiýalary) tarapyndan, bir tarapdan we fonogrammalary (wideogrammalary) taýýarlaýjylar bilen ýerine ýetirijileriň hukuklaryny dolandyrýan guramalar tarapyndan, beýleki tarapdan ylalaşyk bilen kesgitlenilýär, eger taraplar şeýle ylalaşygy gazanyp bilmedik mahalynda – intellektual eýeçilik boýunça ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan kesgitlenilýär.

Fonogrammany ýa-da wideogrammany peýdalanmagyň töleginiň möçberi her bir görnüş üçin bellenilýär.

**35-nji madda. Ýerine ýetirijileriň, fonogrammalary,**

**wideogrammalary taýýarlaýjylaryň, gepleşik guramalarynyň hukuklarynyň çäklendirmeleri**

1. Şu Kanunyň 30-33-nji maddalarynda göz öňünde tutulan hukuklary çäklendirmeler şu Kanunyň 34-36-njy maddalary bilen bellenilýär, şunda şeýle çäklendirmeler ýerine ýetirişi, fonogrammalary we wideogrammalary, gepleşik guramasynyň gepleşigini we olaryň ýazgylaryny, şeýle hem olara goşulan edebiýat, ylym we sungat eserlerini kadaly peýdalanmaga ödelmedik zyýany ýetirmeýärler hem-de ýerine ýetirijiniň, fonogrammany we wideogrammany taýýarlaýjynyň, gepleşik guramasynyň we görkezilen eserleriň awtorlarynyň kanuny bähbitlerini esaslandyrylmadyk ýagdaýda kemsitmeýärler.

2. Ýerine ýetirijiniň, fonogrammany we wideogrammany taýýarlaýjynyň, gepleşik guramasynyň razylygy bolmazdan we ýerine ýetirişi, fonogrammany we wideogrammany peýdalanmagyň, gepleşik guramalarynyň gepleşigini we olaryň ýazgylaryny şu aşakdaky ýagdaýlarda peýdalanmak tölegini tölemezden ýol berilýär:

1) ýerine ýetirijiden, fonogrammadan we wideogrammadan, gepleşik guramasynyň gepleşiginden gysgaça bölekler görnüşinde sitirlemek, şunda şeýle sitirlemek öňde goýlan maksat bilen kesgitlenen möçberde ylmy, barlag, polemiki, tankydy we maglumat maksatlarynda amala aşyrylmalydyr;

2) öňde goýlan maksat bilen kesgitlenen möçberde gysgaça bölekler görnüşinde suratlar hökmünde okatmak ýa-da ylmy barlaglar;

3) ýerine ýetirişden, fonogrammadan we wideogrammadan, gepleşik guramasynyň gepleşiginden gysgaça bölekleri gündelik wakalar hakyndaky syna goşmak;

4) edebiýat, ylym we sungat eserleriniň awtorynyň emläk hukuklaryny çäklendirmek babatda şu Kanunyň II bölüminiň düzgünleri bilen bellenilen beýleki halatlarda.

3. Ýerine ýetirijiniň, fonogrammany we wideogrammany taýýarlaýjynyň, gepleşik guramasynyň razylygy bolmazdan fiziki şahslar tarapyndan ýerine ýetirişleri, gepleşik guramalarynyň gepleşiklerini we olaryň ýazgylaryny peýdalanmaga, şeýle hem şahsy maksatlar bilen fonogrammalary we wideogrammalary gaýtadan döretmäge ýol berilýär. Görkezilen hereketler şu Kanunyň 18-nji maddasynyň üçünji böleginde göz öňünde tutulan tertipde töleg tölenen mahalynda amala aşyrylýar.

**36-njy madda. Ýerine ýetirişleri gysga möhletli peýdalanmagyň ýa-da ýaýlym gepleşik guramalary tarapyndan amala aşyrylýan gepleşigiň ýazgylary**

Ýerine ýetirijiniň, fonogrammany (wideogrammany) taýýarlaýjynyň we gepleşik guramasynyň razylygy bolmazdan ýaýlym gepleşik guramasy ýerine ýetirişi gysga möhletli peýdalanmak ýazgysyny ýa-da gepleşigi amala aşyrmaga we şu aşakdaky şertlerde şeýle ýazgylary gaýtadan döretmäge haklydyrlar:

1) şeýle ýazgyny gysga möhletli peýdalanmak ýazgysynyň ýa-da gaýtadan döretmek amala aşyrylýan ýerine ýetirişi ýa-da gepleşigi ýaýlyma habar bermäge bolan rugsady ýaýlym alyp eşitdirişiniň guramasy tarapyndan deslapdan almak;

2) gysga möhletli peýdalanmak ýazgysyny taýýarlamak we ony öz enjamynyň kömegi bilen we ony öz gepleşigi üçin ýaýlym gepleşik guramasy tarapyndan gaýtadan döretmek;

3) edebiýat, ylym we sungat eserleriniň gysga möhletli peýdalanmak ýazgysy babatda şu Kanunyň 22-nji maddasynyň ikinji tesiminde göz öňünde tutulan şertlerde şeýle ýazgyny ýok etmek.

**37-nji madda. Gatyşyk hukuklaryň hereket ediş möhleti**

1. Ýerine ýetiriji babatda şu Kanun bilen göz öňünde tutulan hukuklar birinji ýerine ýetirilen ýa-da oýun goýlan senesinden başlap 50 ýylyň içinde hereket edýär.

Ýerine ýetirijiniň adyna we ýerine ýetirijini ýa-da oýun goýmagy islendik ýoýulmadan ýa-da

şu Kanunyň 30-njy maddasynda bellenen islendik başga kast etmeden goramaga bolan hukuklary möhletsiz goralýar.

2. Fonogrammany (wideogrammany) taýýarlaýjy babatda şu Kanunda göz öňünde tutulan hukuklar fonogramma (wideogramma) birinji çap edilenden soň 50 ýylyň içinde ýa-da eger fonogramma (wideogramma) bu möhletiň içinde çap edilmedik bolsa onuň birinji ýazylandan soň 50 ýylyň içinde hereket edýär.

3. Ýaýlym gepleşik guramasynyň gepleşigi babatda şu Kanunda göz öňünde tutulan hukuklar onuň birinji ýaýlyma berlenden soň 50 ýylyň içinde hereket edýär.

4. Kabel gepleşik guramasynyň gepleşigi babatda şu bölümde göz öňünde tutulan hukuklar kabel boýunça onuň birinji gepleşiginden soň 50 ýylyň içinde hereket edýär.

5. Şu maddanyň birinji-dördünji bölümlerinde göz öňünde tutulan möhletleri hasaplamak möhletiň dowamyny başlamak üçin esas bolup durýan hukuk faktynyň bolan ýylyndan soň gelýän ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlanýar.

6. Ýerine ýetirişi, oýny, fonogrammany we wideogrammany ýaýlyma ýa-da kabel boýunça gepleşigi peýdalanmaga we şu maddanyň birinji-dördünji böleklerinde görkezilen möhletleriň galan böleginiň çäklerinde töleg almaga bolan hukuk ýerine ýetirijiniň, fonogrammany we wideogrammany taýýarlaýjynyň, ýaýlym we kabel gepleşik guramasynyň mirasdarlaryna (ýuridik şahslar babatda – hukuk oruntutarlara) geçýär.

Ýerine ýetirijiniň ada bolan we ýerine ýetirijiniň abraýyny goramaga bolan hukuklar miras boýunça geçmeýär. Ýerine ýetiriji aradan çykandan soň olaryň goragy awtoryň şahsy hukuklaryny goramak üçin şu Kanunyň 26-njy maddasynda göz öňünde tutulan tertipde amala aşyrylýar.

## IV BÖLÜM. EMLÄK HUKUKLARYNY KÖPÇÜLIKLEÝIN DOLANDYRMAK

### 38-nji madda. Köpçülikleýin esasda emläk hukuklaryny dolandyrýan guramalary döretmek

1. Ylym, edebiýat we sungat eserleriniň awtorlary, ýerine ýetirijiler, fonogrammalary we wideogrammalary taýýarlaýjylar ýa-da awtorlyk we gatyşyk hukuklara beýleki eýelik edijiler olardan alnan ygtyýarlyklaryň çäklerinde köpçülikleýin esasda olaryň emläk hukuklaryny dolandyrýan guramalary döretmäge haklydyrlar.

2. Köpçülikleýin esasda emläk hukuklaryny dolandyrýan guramalaryň täjirçilik işi bilen meşgullanmaga, şeýle hem köpçülikleýin esasda dolandyrmak üçin alnan gatyşyk hukuklarynyň eserlerini we obýektlerini peýdalanmaga haky ýokdur.

3. Hukuklara eýelik edijileriň we hukuklara eýelik edijileriň bir derejesiniň bähbitlerine dürli hukuklary dolandyrýan guramalaryň, ýa-da hukuklara eýelik edijileriň dürli derejeleriniň bähbitlerine hukuklaryň bir görnüşi bilen dolandyrýan guramalaryň dürli hukuklar we dürli derejeler boýunça aýratyn guramalarynyň döredilmegine ýol berilýär.

4. Emläk hukuklaryny köpçülikleýin dolandyrmaga bolan ygtyýarlyklar gös-göni awtorlyk we gatyşyk hukuklara eýelik edijiler tarapyndan ýazmaça şertnamalaryň esasynda, şeýle hem şuňa meňzeş hukuklary dolandyrýan daşary ýurt guramalary bilen degişli şertnamalar boýunça berilýär. Görkezilen şertnamalar awtorlyk hukuklary bolup durmaýar we olara şu Kanunyň 27-nji we 28-nji maddalarynyň düzgünleri degişli däldir.

5. Emläk hukuklaryny dolandyrýan guramalar jemgyýetçilik birleşiklerini bellige almak üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde olaryň bellige alnan senesinden başlap ýuridik şahsyň hukuklaryny edinýän jemgyýetçilik birleşikleri görnüşinde awtorlyk we gatyşyk hukuklaryna eýelik edijiler tarapyndan döredilýär. Şeýle guramalar bellenilen tertipde tassyklanylýan tertipnamanyň esasynda awtorlyk we gatyşyk hukuklaryna eýelik edijilerden alnan ygtyýarlyklaryň çäklerinde hereket edýärler.

Köpçülikleýin esasda emläk hukuklaryny dolandyrýan guramalaryň tertipnamalarynda şu babyň talaplaryna jogap berýän düzgünler bolmalydyr. Köpçülikleýin esasda awtorlaryň emläk hukuklaryny dolandyrýan guramalary hasaba almakdan boýun gaçyrylmagyna şu babyň talaplary şeýle hem jemgyýetçilik birleşiklerini bellige almak hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy berjaý

edilmedik halatlarynda ýol berilýär.

6. Görkezilen guramanyň işine emläk hukuklary bilen olary dolandyrýan awtorlyk we gatyşyk hukuklaryň eýeleri ýolbaşçylyk edýärler. Tölegiň möçberi we peýdalanyjylar bilen ygtyýarnama şertnamasyny baglaşmagyň şertleri, toplanan tölegi paýlamagyň we tölemegiň usuly hem-de şeýle guramanyň işiniň beýleki meseleleri babatda kararlary kabul etmek diňe umumy ýygnakda kollegial awtorlyk we gatyşyk hukuklara eýelik edijiler tarapyndan amala aşyrylýar.

**39-njy madda. Köpçülikleýin esasda emläk hukuklaryny dolandyrýan guramalaryň işi**

1. Islendik awtor, onuň mirasdary ýa-da awtorlyk we gatyşyk hukuklaryna eýelik ediji öz emläk hukuklarynyň amala aşyrylmagyny köpçülikleýin esasda emläk hukuklaryny dolandyrýan gurama bermäge haklydyr, gurama bolsa, eger hukuklaryň şeýle derejesini dolandyrmak bu guramanyň tertipnamalaýyn işine degişli bolsa, bu hukuklaryň köpçülikleýin esasda amala aşyrylmagyny öz üstüne almaga borçludyr.

Şu Kanunyň 3-nji maddasynyň 1-5-nji bentlerine laýyklykda hukuklary Türkmenistanyň çäginde goralýan, fiziki we ýuridik şahslar bolup durmaýan daşary ýurt awtorlary ýa-da awtorlyk we gatyşyk hukuklara beýleki eýelik edijiler Türkmenistanyň çäginde emläk hukuklaryny dolandyrmak babatda milli düzgünden peýdalanýarlar.

2. Awtorlyk we gatyşyk hukuklara eýelik edijilerden alnan ygtyýarlyklary esasynda köpçülikleýin esasda emläk hukuklaryny dolandyrýan gurama eserleri we gatyşyk hukuklaryň obýektlerini peýdalanmagyň degişli usullary üçin peýdalanyjylar bilen ygtyýarnama şertnamalaryny baglaşýar. Şeýle ygtyýarnama şertnamalarynyň şertleri bir derejedäki ähli peýdalanyjylar üçin birmeňzeş bolmalydyr. Görkezilen guramalaryň muňa ýeterlik esaslary bolmazdan ygtyýarnama şertnamalaryny baglaşmak peýdalanyjydan ýüz öwürmäge haky ýokdur.

Ygtyýarnama şertnamalary boýunça alnan ygtyýarnamalar olarda göz öňünde tutulan ähli eserleriniň we gatyşyk hukuklaryň obýektleriniň usullary bilen peýdalanmaga rugsat berýärler we şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan tertipde gurama berilmedik ygtyýarlyklary goşup, awtorlyk we gatyşyk hukuklara ähli eýelik edijileriň adyndan berilýär.

3. Awtorlyk we gatyşyk hukuklara eýelik edijileriň ygtyýarnama şertnamalary boýunça eserleri we gatyşyk hukuklaryň obýektlerini olaryň peýdalanmagy bilen baglanyşykly peýdalanyjylara mümkin bolan ähli emläk nägilelikleri köpçülikleýin esasda emläk hukuklaryny dolandyrýan, ygtyýarnama şertnamalaryny baglaşýan gurama tarapyndan düzgünleşdirilmelidir.

4. Köpçülikleýin esasda emläk hukuklaryny dolandyrýan guramalaryň tölegi ýygnamak we paýlamak üçin gerek bolan eserleri we gatyşyk hukuklaryň obýektlerini peýdalanmak hakynda takyk maglumatlary özünde saklaýan resminamalary bermegini eserleri peýdalanyjylardan we gatyşyk hukuklaryň obýektlerinden talap etmäge haklydyrlar.

5. Köpçülikleýin esasda emläk hukuklaryny dolandyrýan gurama ony paýlanylýan pul möçberlerine ýa-da awtorlyk ýa-da gatyşyk hukuklara eýelik edijileriň özlerine berýän bähbitlerinde başga maksatlara ýüzlenip, guramanyň hasabyna onuň gelip gowşan senesinden başlap üç ýylyň geçmegi bilen talap edilmedik tölegi saklamaga haklydyr.

**40-njy madda. Köpçülikleýin esasda emläk hukuklaryny dolandyrýan guramalaryň wezipeleri**

Köpçülikleýin esasda emläk hukuklaryny dolandyrýan gurama awtorlyk we gatyşyk hukuklara eýelik edijileriň özüne berýäniň adyndan we olardan alnan ygtyýarlyklaryň esasynda şu aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirmelidir:

1) dolandyrmak bilen şeýle guramanyň meşgullanýan hukuklaryny peýdalanmak üçin peýdalanyjylar bilen ygtyýarnama şertnamalaryny baglaşmak;

2) peýdalanyjylar bilen tölegiň möçberini we ygtyýarnama şertnamalaryň baglaşylýan beýleki şertlerini ylalaşmak;

3) şu Kanunda göz öňünde tutulan halatlarda, haçan-da gurama ygtyýarnama şertnamasyny

baglaşmazdan şeýle tölegi ýygnamak bilen meşgullanýan halatlarda tölegiň möçberini peýdalanyjylar bilen ylalaşmak (13-nji maddanyň bäşinji bölegi, 18-nji maddanyň üçünji bölegi, 34-nji maddanyň ikinji bölegi);

4) ygtyýarnama şertnamasynda göz öňünde tutulan tölegi we (ýa-da) şu maddanyň üçünji bendinde göz öňünde tutulan tölegi ýygnamak;

5) şu maddanyň dördünji bendine laýyklykda özüniň awtorlyk we gatyşyk hukuklaryna eýelik edijilere berýän tölegini paýlamak we tölemek;

6) dolandyrmak bilen şeýle guramanyň meşgullanýan hukuklaryny goramak üçin gerek bolan islendik hukuk hereketlerini amala aşyrmak;

7) awtorlyk we gatyşyk hukuklaryna eýelik edijilerden alnan ygtyýarlyklara laýyklykda başga işi amala aşyrmak.

**41-nji madda. Köpçülikleýin esasda emläk hukuklaryny dolandyrýan guramalaryň borçlary**

1. Köpçülikleýin esasda emläk hukuklaryny dolandyrýan guramanyň işi şeýle gurama tarapyndan berilýän awtorlyk we gatyşyk hukuklara eýelik edijileriň bähbitlerine amala aşyrylýar. Bu maksatlar bilen gurama şu aşakdaky borçlary ýerine ýetirmelidir:

1) bir wagtda töleg tölemek bilen awtorlyk we gatyşyk hukuklaryň eýelik edijilerine olaryň hukuklaryny peýdalanmak hakynda maglumatlary bolan hasabatlary bermek;

2) şu Kanunyň 40-njy maddasynyň 4-nji bendiniň düzgünlerine laýyklykda ýygnalan tölegi awtorlyk we gatyşyk hukuklaryň eýelik edijilerine paýlamak we tölemek üçin peýdalanmak. Şunda guramanyň şeýle tölegi ýygnamak, paýlamak we tölemek boýunça öz hakyky çykdajylaryny ýapmaga ýygnalan tölegiň pul möçberinden, şeýle hem awtorlyk we gatyşyk hukuklara eýelik edijileriň razylygy bilen we özüne berilýän bähbitlerde bu gurama tarapyndan döredilýän ýörite gaznalara gönükdirilýän pul möçberinden tutup almaga haklydyr;

3) şu maddanyň şu böleginiň 2-nji bendinde görkezilen pul möçberlerini eserleriň we gatyşyk hukuklaryň obýektleriniň hakyky peýdalanylmagyna barabar pul möçberlerini tutup almak bilen tölegiň toplanan pul möçberlerini paýlamak we yzygiderli tölemek.

2. Şu Kanunyň 39-njy maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda tölegi ýygnamak babatda guramanyň ygtyýarlyklaryny bermedik awtorlyk we gatyşyk hukuklary eýelik edijiler geçirilen paýlamaga laýyklykda özlerine tölenmäge degişli tölegi, şeýle hem bu gurama tarapyndan peýdalanyjylara berilýän ygtyýarnamalardan öz eserleriniň we gatyşyk hukuklaryň obýektleriniň aýrylmagyny talap etmäge haklydyr.

3. Köpçülikleýin esasda emläk hukuklary bilen dolandyrylýan daşary ýurt guramalary özara wekilçilik hakyndaky ylalaşyga laýyklykda görkezilen daşary ýurt guramasy tarapyndan berilýän daşary ýurt awtorlara we beýleki awtorlyk hukuklaryna eýelik edijilere tölenmäge degişli paýlanan töleg hakynda maglumatlar soramaga haklydyrlyr.

**42-nji madda. Köpçülikleýin esasda emläk hukuklary bilen dolandyrylýan guramalaryň işine gözegçilik**

1. Köpçülikleýin esasda emläk hukuklary bilen dolandyrylýan gurama intellektual eýeçilik boýunça ygtyýarly döwlet edarasyna şu aşakdaky maglumatlary bermäge borçludyr:

1) guramanyň tertipnamasyna we beýleki esaslandyryjy resminamalaryna girizilen üýtgetmeler hakynda;

2) şu zeýilli hukuklar bilen dolandyrylýan daşary ýurt guramalary bilen guramanyň baglaşýan ylalaşyklary hakynda;

3) umumy ýygnagyň kararlary hakynda;

4) talap edilmedik tölegler we guramanyň işiniň auditor barlagy hakynda maglumatlary goşup, ýyllyk maliýe hasabat hakynda;

5) gurama wekilçilik etmäge ygtyýarly adamlar hakynda maglumatlar.

2. Intellektual eýeçilik boýunça ygtyýarly döwlet edarasy, zerur mahalynda guramanyň

işiniň jemgyýetçilik birleşikleri hakyndaky kanunçylyga ýa-da başga kanunçylyga, şeýle hem şeýle guramanyň tertipnamasyna laýyk gelşini barlamak üçin gerek bolan goşmaça maglumaty köpçülikleýin esasda emläk hukuklary bilen dolandyrýan guramadan talap etmäge haklydyr.

3. Köpçülikleýin esasda emläk hukuklary bilen dolandyrylýan gurama tarapyndan şu babyň talaplary berjaý edilmedik halatlarynda intellektual eýeçilik boýunça ygtyýarly döwlet edarasy paýhasly bellenen möhletiň içinde ýol berlen düzgün bozmany düzetmegi guramadan talap etmäge haklydyr. Düzgün bozma düzedilmedik mahalynda görkezilen edara bu guramany ýatyrmak hakynda meseläni bellenen tertipde goýmaga haklydyr.

## V BÖLÜM. AWTORLYK WE GATYŞYK HUKUKLARY GORAMAK

### 43-nji madda. Awtorlyk we gatyşyk hukuklaryň bozulmagy. Kontrafakt nusgalyklary

1. Awtorlyk we gatyşyk hukuklary bozmak bilen taýýarlanan ýa-da ýaýradylýan eserleriň we gatyşyk hukuklaryň obýektleriniň nusgalary kontrafakt bolup durýarlar.

2. Awtorlyk hukugyna we gatyşyk hukuklara eýelik edijileriň razylygy bolmazdan bu eserleriň we gatyşyk hukuklaryň obýektleriniň goralmagyny bes eden ýa-da hiç mahal goralmadyk döwletinden Türkmenistana import edilýän, şu Kanuna laýyklykda Türkmenistanda goralýan eserleriň we gatyşyk hukuklaryň obýektleriniň nusgalyklary hem kontrafakt bolup durýarlar.

3. Şu Kanunda göz öňünde tutulan awtorlyk we gatyşyk hukuklaryň bozulmagy Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda raýat, jenaýat, administratiw jogapkärçilige eltýär.

### 44-nji madda. Awtorlyk we gatyşyk hukuklaryny goramagyň usullary

1. Awtorlyk we gatyşyk hukuklara eýelik edijiler düzgün bozujydan şu aşakdakylary talap etmäge haklydyrlar, hususan-da:

1) bu hukuklaryň ykrar edilmegini;

2) hukuk bozulmazdan öň bar bolan ýagdaýyň dikeldilmegini;

3) hukuklary bozýan ýa-da olaryň bozulmagyna howp döredýän hereketleriň bes edilmegini;

4) alynmadyk peýdany goşmak bilen ýitgileriň öweziniň dolunmagyny;

5) ýitgileriň öwezini dolmagyň deregine awtorlyk we gatyşyk hukuklary bozmagynyň netijesinde düzgün bozujy tarapyndan alnan girdejiniň tutulyp alynmagyny;

6) ýitgileriň öwezini dolmagyň we girdejini tutup almagyň deregine kazyýet tarapyndan kesgitlenýän möçberde öwez pulunyň tölenilmegini;

7) awtorlyk we gatyşyk hukuklary goramak bilen baglanyşykly kanunçylykda göz öňünde tutulan namalar bilen çäreleriň kabul edilmegini.

Şu maddanyň şu böleginiň 4-nji, 5-nji, 6-njy bentlerinde görkezilen çäreler awtorlyk hukugyna we gatyşyk hukuklara eýelik edijiniň saýlamagy boýunça ulanylýar.

2. Awtorlyk we gatyşyk hukuklara eýelik edijiler, şeýle hem olara wekilçilik edýän köpçülikleýin esasda emläk hukuklary bilen dolandyrylýan guramalar öz hukugynyň goragy üçin bellenilen tertipde kazyýete ýa-da başga edaralara olaryň ygtyýarlygyna laýyklykda ýüz tutmaga haklydyrlar.

3. Kazyýet Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kontrafakt nusgalyklaryny, şeýle hem olary taýýarlamak we gaýtadan döretmek üçin peýdalanylýan materiallary we enjamlary muzdsuz almak hakynda karar çykaryp biler.

4. Muzdsuz alnan kontrafakt nusgalyklary ýok edilmäge degişlidir ýa-da awtorlyk hukugyna we gatyşyk hukuklara eýelik edijä onuň talap etmegi boýunça berlip bilner.

Muzdsuz almalar üçünji şahslar tarapyndan päk ýürekli edinilen eseriň, fonogrammanyň ýa-da wideogrammanyň kontrafakt nusgalyklaryna degişli däldir.

**45-nji madda. Awtorlyk we gatyşyk hukugynyň goragy boýunça tehniki serişdeler**

1. Awtorlyk we gatyşyk hukuklarynyň goragy boýunça tehniki serişdeler hökmünde awtor ýa-da beýleki hukuk eýelik edijileri tarapyndan eseriň ulanylyşyna gözegçilik edýän, esere degişli gadagan edilen islendik hereketleriň amala aşyrylmagynyň öňüni alýan ýa-da çäklendirýän islendik tilsimatlar, tehniki enjamlar ýa-da olaryň düzüm bölekleri ykrar edilýär.

2. Eser bilen baglylykda aşakdaky hereketlere ýol berilmeýär:

1) awtoryň ýa-da beýleki hukuk eýelik edijileriň rugsadyny almazdan awtoryň hukugyny goramak boýunça tehniki serişdeleri ulanmak arkaly eseriň ulanylmagyna garşy goýlan çäklendirmeleri aýyrmaga gönükdirilen hereketleri amala aşyrmaga;

2) awtorlyk we gatyşyk hukuklaryny goramak boýunça tehniki serişdeleriň ulanylmagyna mümkinçilik galdyrmaýan ýa-da bu tehniki serişdeleriň görkezilen hukuklary zerur derejede üpjün etmesini kynlaşdyrýan islendik tilsimatyň, tehniki enjamyň ýa-da olaryň düzüm bölekleriniň girdeji almak maksady bilen taýýarlanylmagyna, ýaýradylmagyna, kärendesine berilmegine, wagtlaýyn muzdsuz ulanmaga berilmegine, ýurduň daşyndan getirilmegine, mahabatlandyrylmagyna ýa-da şeýle hyzmatlaryň hödürlenilmegine;

3) şu maddanyň 2-nji bendinde göz öňünde tutulan düzgünleriň bozulan halatynda awtor ýa-da beýleki hukuk eýelik edijileri şu Kanunyň 44-nji maddasyna laýyklykda öz saýlawy boýunça kanuny bozujydan ýitgileriň öwezini dolmagy ýa-da öwez tölegini tölemegi talap etmäge haklydyr.

## VI BÖLÜM. JEMLEÝJI DÜZGÜNLER

**46-njy madda. Şu Kanunyň güýje girmegi**

1. Şu Kanun onuň resmi taýdan çap edilen pursadyndan güýje girýär.

2. Türkmenistanyň hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalary şu Kanuna laýyk getirilýänçä olar şu Kanuna ters gelmeýändigine görä ulanylýar.

*Aşgabat şäheri.*
*2012-nji ýylyň 10-njy ýanwary.*
*№ 257-IV.*

## TÜRKMENISTANYŇ KANUNY

## Oýlap tapyşlaryň hukuk goragy hakynda

*Şu Kanun oýlap tapyşlaryň hukuk goragy we ulanylmagy bilen baglanyşykly gatnaşyklary düzgünleşdirýär.*

### I BAP. UMUMY DÜZGÜNLER

**1-nji madda. Esasy düşünjeler**

Şu Kanunda aşakdaky esasy düşünjeler ulanylýar:

1) **Pariž konwensiýasy** – 1967-nji ýylyň 14-nji iýulynda Stokgolm şäherinde gaýtadan gözden geçirilen we 1979-njy ýylyň 2-nji oktýabrynda düzedilen, 1883-nji ýylyň 20-nji martyndaky senagat eýeçiligini goramak boýunça Pariž konwensiýasy;

2) **Patent bileleşmesi baradaky şertnama (PCT)** – 1979-njy ýylyň 2-nji oktýabrynda düzedilen we 1984-nji ýylyň 3-nji fewralynda üýtgedilen, 1970-nji ýylyň 19-njy iýunyndaky Patent bileleşmesi hakyndaky şertnama (PCT – Patent Cooperation Treaty);

3) **halkara deslapky seljerme edarasy** – pudak edarasy, ol Intellektual eýeçiligiň Bütindünýä guramasynyň (IEBG) Halkara býurosy bilen Ylalaşygyň esasynda Patent bileleşmesi baradaky şertnama (PCT) laýyklykda halkara deslapky seljermäniň wezipelerini ýerine ýetirýär;

4) **Ýewraziýa patent konwensiýasy** – 1995-nji ýylyň 12-nji awgustynda güýje giren oýlap tapyşlary goramak boýunça Ýewraziýa patent konwensiýasy;

5) **senagat eýeçiliginiň obýektleri** – şu Kanun üçin ulanarlykly – oýlap tapyş;

6) **oýlap tapyş** – oýlap tapyş derejesi we senagat taýdan ulanarlykly bolan, täze bolup durýan wezipäniň tehniki çözgüdi;

7) **Türkmenpatent** – Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň intellektual eýeçiligi boýunça Döwlet gullugy;

8) **şahs** – ýuridik ýa-da fiziki şahs;

9) **haýyşnamaçy** – haýyşnamany beren we patenti ýa-da çäklendirilen patenti almaga dalaş edýän şahs;

10) **haýyşnama** – patenti ýa-da çäklendirilen patenti almak üçin gerek bolan resminamalaryň jemi;

11) **aýratyn edilen haýyşnama** – ilkibaşdaky haýyşnamada oýlap tapyşyň bitewülik talaplarynyň bozulandygy sebäpli, haýyşnamaçynyň öz başlangyjy ýa-da seljermäniň talaby boýunça şol bir haýyşnamaçynyň öňki oýlap tapyşa haýyşnamasynyň Türkmenpatente berlen gaýtalanýan bölegi;

12) **birinji haýyşnama** – berlen senesinden konwension ilkinjilik bellenilýän Pariž konwensiýasyna gatnaşyjy döwletiň degişli edarasyna berlen haýyşnama;

13) **konwension haýyşnama** – konwension ilkinjiligi soralýan haýyşnama;

14) **halkara haýyşnama** – Patent bileleşmesi hakyndaky şertnama (PCT) laýyklykda berlen haýyşnama;

15) **ýewraziýa haýyşnamasy** – Ýewraziýa patent konwensiýasyna laýyklykda berlen haýyşnama;

16) **oýlap tapyşyň ilkinjiligi** – haýyşnama bermegi amala aşyrmakda wagt taýdan birinjilik;

17) **konwension ilkinjilik** – Pariž konwensiýasyna gatnaşyjy döwletiň degişli edarasyna birinji haýyşnamanyň berlen senesi boýunça bellenilen oýlap tapyşyň ilkinjiligi;

18) **oýlap tapyşyň formulasy** – oýlap tapyşyň mazmunyny we hukuk goragynyň möçberini kesgitleýän alamatlarynyň jemi. Oýlap tapyşyň formulasy patentlemegiň garaşsyz obýektlerini

beýan edýän garaşsyz bentlerden we garaşsyz bentlerde getirilen jemiň ösüşini we (ýa-da) takyklygyny özünde saklaýan garaşly bentlerden ybarat bolup biler;

19) **patent ýa-da çäklendirilen patent** – patent eýesiniň oýlap tapyşa bolan ilkinjiligini, awtorlygyny we aýratyn hukugyny tassyklaýan Türkmenistanyň gorag resminamasy;

20) **patent eýesi** – patentlenen oýlap tapyşa bolan aýratyn hukuga eýelik edýän patentiň ýa-da çäklendirilen patentiň eýesi;

21) **gulluk oýlap tapyşy** – işgär tarapyndan öz gulluk borçlaryny ýa-da iş berijiniň belli bir tabşyrygyny ýerine ýetirmek bilen baglylykda döredilen oýlap tapyş;

22) **patenti ýa-da çäklendirilen patenti başga birine bermek** – patentiň eýesi tarapyndan oýlap tapyş üçin hukuklaryň şertnamanyň esasynda başga şahsa berilmegi;

23) **oýlap tapyş üçin ygtyýarnama** (mundan beýläk – ygtyýarnama) – patent eýesi tarapyndan ygtyýarnama şertnamasy boýunça başga şahsa berlen oýlap tapyşy peýdalanmaga bolan rugsat;

24) **Býulleten** – Türkmenistanda bellige alnan oýlap tapyşlar we oýlap tapyş üçin patentleri we çäklendirilen patentleri almak üçin berlen haýyşnamalar hakyndaky maglumatlary çap etmek üçin niýetlenen Türkmenpatentiň resmi döwürleýin neşiri;

25) **kontrafakt (bikanun) harytlar** – patentlenen oýlap tapyşyň bikanun ulanylýan harytlary;

26) **patent ynamdarlary** – Türkmenistanyň çäginde hemişelik ýaşaýan, Türkmenpatentde hünär synagyndan geçirilen we bellige alnan hem-de senagat eýeçiliginiň obýektleri üçin hukuklary edinmekde we goramakda fiziki we ýuridik şahslaryň bähbitlerine professional esasda wekilçilik edýän Türkmenistanyň raýaty;

27) **Apellýasiýa topary** – awtorlaryň, haýyşnamaçylaryň we patent eýeleriniň hukuklaryny goramak, şeýle hem bu toparyň ygtyýaryna girýän beýleki meseleler bilen baglanyşykly jedelleriň kazyýete çenli garalmagyny goşup, bozulan ýa-da jedelleşilýän hukuklar hakynda arzalara garamak üçin Türkmenpatentiň ýanynda döredilen topar.

**2-nji madda. Oýlap tapyşlaryň hukuk goragy hakyndaky Türkmenistanyň kanunçylygy**

Oýlap tapyşlaryň hukuk goragy hakyndaky Türkmenistanyň kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar we Türkmenistanyň Raýat kodeksinden, şu Kanundan we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan durýar.

**3-nji madda. Oýlap tapyşlaryň hukuk goragy babatda döwlet düzgünleşdirmesi**

1. Oýlap tapyşlaryň hukuk goragy babatda döwlet düzgünleşdirmesini Türkmenpatent amala aşyrýar.

2. Türkmenpatent öz ygtyýaryna laýyklykda:

1) oýlap tapyş üçin haýyşnamalary garamak üçin kabul edýär, olar boýunça seljerme geçirýär;

2) oýlap tapyşlaryň Döwlet sanawyny ýöredýär;

3) Türkmenistanyň patentlerini we çäklendirilen patentlerini berýär;

4) ygtyýarnama şertnamalaryny we oýlap tapyşlary bermek hakyndaky şertnamalary bellige alýar;

5) oýlap tapyşlaryň bellige alnyşyna üýtgetmeler girizýär;

6) Býulleteni neşir edýär;

7) oýlap tapyşlaryň hukuk goragy babatda bozulan ýa-da jedelleşilýän hukuklar hakynda gyzyklanýan şahslaryň garşylyklaryna garaýar;

8) senagat eýeçiliginiň obýektleriniň hukuk goragy babatda Türkmenistanyň kanunçylygyny kämilleşdirmek we halkara şertnamalaryny baglaşmak boýunça teklipleri işläp taýýarlaýar;

9) patent ynamdarlarynyň hünär synagyny we bellige alnyşyny geçirýär.

3. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi şu Kanun, Türkmenistanyň beýleki

kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen Türkmenpatente berlen ygtyýarlyklaryň çäklerinde senagat eýeçiliginiň obýektleriniň hukuk goragynyň meseleleri boýunça halkara şertnamalaryna laýyklykda Türkmenistan tarapyndan öz üstüne alnan borçnamalaryň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär.

4. Gyzyklanýan şahslar Türkmenpatent bilen gös-göni, wekilleriň, şeýle hem şu Kanunyň 43-nji maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan düzgünleri hasaba almak bilen Türkmenpatentde bellige alnan patent ynamdarlarynyň üsti bilen Türkmenpatent bilen iş alyp barmaga haklydyrlar.

Wekiliň ýa-da patent ynamdarlarynyň ygtyýarlyklary ynanç haty bilen tassyklanylýar.

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan patent ynamdarlarynyň hünär synagynyň we bellige alnyşynyň tertibi kesgitlenilýär.

**4-nji madda. Oýlap tapyşlary döretmegiň we peýdalanmagyň döwlet tarapyndan höweslendirilmegi**

Ylmy-tehniki progresi ösdürmek, Türkmenistanyň intellektual mümkinçiligini pugtalandyrmak we tehniki döredijiligiň ösdürilmegine ýardam etmek maksady bilen döwlet patent eýelerine we ygtyýarnama şertnamasy boýunça oýlap tapyşy peýdalanýan şahslara, şeýle hem oýlap tapyş üçin hukuklary almaga we goragyna ýardam edýän şahslara Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ýeňillikleri berýär.

## II BAP. OÝLAP TAPYŞLARYŇ HUKUK GORAGYNYŇ ESASLARY

**5-nji madda. Oýlap tapyşlaryň hukuk goragynyň möçberi**

1. Oýlap tapyşa bolan hukuk Türkmenistanyň kanunçylygy bilen goralýar we patent ýa-da çäklendirilen patent bilen tassyklanylýar.

Patent patent seljermesi geçirilenden we oýlap tapyşlaryň Döwlet sanawynda bellige alnandan soň berilýär.

Çäklendirilen patent patent seljermesi geçirilenden we oýlap tapyşlaryň Döwlet sanawynda bellige alnandan soň berilýär.

Oýlap tapyşa bolan aýratyn hukuk oýlap tapyşlaryň Döwlet sanawynda ol bellige alnandan we patent ýa-da çäklendirilen patent berlenden soň ýüze çykýar.

2. Patent ýa-da çäklendirilen patent bilen berilýän hukuk goragynyň möçberi oýlap tapyşyň formulasy bilen kesgitlenilýär. Oýlap tapyşyň beýany we çyzgylar oýlap tapyşyň formulasyny düşündirmek üçin peýdalanylýar.

3. Gizlin diýlip ykrar edilen oýlap tapyşlaryň hukuk goragy Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen tertipde düzgünleşdirilýär.

4. Haýyşnama hakyndaky maglumatlaryň çap edilen senesinden oýlap tapyşlaryň Döwlet sanawynda bellige alnan senesine çenli berlen oýlap tapyşa wagtlaýyn hukuk goragy berilýär.

Wagtlaýyn hukuk goragynyň hereket edýän döwründe haýyşnama berlen oýlap tapyşy ulanýan şahs patent ýa-da çäklendirilen patent alandan soň patentiň ýa-da çäklendirilen patentiň eýesine öwez puluny töleýär, onuň möçberi taraplaryň ylalaşygy boýunça kesgitlenilýär.

Eger patenti ýa-da çäklendirilen patenti bermekden ýüz döndermek hakynda çözgüt kabul edilse, wagtlaýyn hukuk goragy aralaşmadyk diýlip hasap edilýär.

5. Patentiň ýa-da çäklendirilen patentiň hereket ediş möhleti gutarandan ýa-da möhletinden öň bes edilenden soň oýlap tapyş jemgyýetçilik emlägine geçýär.

Jemgyýetçilik emlägine geçen oýlap tapyş haýsydyr bir razylyk ýa-da rugsat bolmazdan we peýdalanylandygy üçin töleg tölenmezden islendik şahs tarapyndan erkin peýdalanylyp bilner.

**6-njy madda. Patentiň we çäklendirilen patentiň hereket ediş möhletleri**

1. Patent oýlap tapyş üçin haýyşnamanyň Türkmenpatente berlen senesinden ýigrimi ýylyň

içinde we patentiň hereketiniň her bir ýyly üçin bellenilen paç tölenen şertinde hereket edýär.

2. Çäklendirilen patent oýlap tapyş üçin haýyşnamanyň Türkmenpatente berlen senesinden on ýylyň içinde we çäklendirilen patentiň hereketiniň her bir ýyly üçin bellenilen paç tölenen şertinde hereket edýär.

3. Çäklendirilen patentiň ýa-da patentiň hereket ediş ýyllarynda pajy tölemek üçin bellenilen pajy tölemek şertinde alty aý ýeňillikli möhlet berilýär.

4. Haýyşnamanyň senesi diýlip patenti ýa-da çäklendirilen patenti bermek hakyndaky arzany, onuň beýanyny we çyzgylaryny özünde saklaýan haýyşnamanyň Türkmenpatente gelip gowşan senesi, eger olara beýanda salgylanma bolsa ýa-da eger görkezilen resminamalar dürli wagtda berilse, ýokarda sanalyp geçilen resminamalardan soňkusynyň gelip gowşan senesi hasap edilýär.

**7-nji madda. Oýlap tapyşyň patente ukyplylygynyň şertleri**

1. Eger-de oýlap tapyş hökmünde haýyşnama edilen tehniki çözgüt täze, oýlap tapyş derejesi bar bolup we senagat taýdan ulanarlykly bolsa, onda oňa hukuk goragy berilýär.

Eger-de oýlap tapyş öňden belli bolan tehnikanyň derejesiniň bir bölegi bolup durmaýan bolsa, ol täze diýlip ykrar edilýär.

Eger-de oýlap tapyş hünärmen üçin tehnikanyň derejesinden aýdyň gelip çykmaýan bolsa, onda ol oýlap tapyşlyk derejesine eýedir.

Tehnikanyň derejesi oýlap tapyşyň ilkinjilik senesine çenli dünýäde umumy elýeter bolan islendik maglumatlary öz içine alýar.

Oýlap tapyşyň täzeligi kesgitlenende tehnikanyň derejesine Türkmenistanda patentlenen oýlap tapyşlar we beýleki şahslaryň oýlap tapyşlar üçin has irki ilkinjilik bilen Türkmenpatente beren haýyşnamalary hem goşulýar.

Eger oýlap tapyşy adamlaryň işiniň dürli pudaklarynda iş ýüzünde peýdalanylyp bilinse, onda ol senagat taýdan ulanarlykly bolup durýar.

2. Eger haýyşnama maglumatyň aýan edilen senesinden alty aýdan gijä galman Türkmenpatente berilse, onda awtor, haýyşnamaçy ýa-da bu maglumaty ondan göni ýa-da gytaklaýyn alan islendik şahs tarapyndan oýlap tapyşa degişli maglumatyň aýan edilip, oýlap tapyşyň düýp manysy hakyndaky maglumatlar umumy elýeter bolanda, ol oýlap tapyşyň patente ukyplylygyny ykrar etmäge päsgel berýän ýagdaý diýlip ykrar edilmeýär. Şunda bu fakty subut etmek borjy haýyşnamaçynyň üstüne düşýär.

3. Enjam, usul, madda, mikroorganizmiň ştammy, ösümlikleriň we haýwanlaryň öýjüklerini barlaghanalarda ýetişdirmek we beýleki tehniki çözgütler, şeýle hem olaryň täze maksatlar üçin ulanylmagy oýlap tapyşa degişli obýekt bolup durýar.

4. Şular oýlap tapyşlar diýip hasap edilmeýär:

1) açyşlar, ylmy nazaryýetler we matematiki usullar;

2) hojalygy guramagyň we dolandyrmagyň usullary;

3) şertli belgiler, tertipler, kadalar;

4) akyl amallaryny ýerine ýetirmegiň usullary;

5) hasaplaýjy maşynlar üçin algoritmler we programmalar;

6) desgalary, jaýlary, çäkleri meýilleşdirmegiň taslamalary we çyzgylary;

7) öndürilen önümleriň estetik talaplary kanagatlandyrmaga gönükdirilen diňe daşky görnüşine degişli çözgütler;

8) integral mikroshemalaryň topologiýalary;

9) ösümlikleriň sortlary we haýwanlaryň tohumlary;

10) jemgyýetçilik bähbitlerine, ynsanperwerligiň we ahlak kadalarynyň ýörelgelerine gapma-garşy gelýän, daşky gurşawa zyýan ýetirýän çözgütler.

Oýlap tapyşyň düzüminde hasaplaýjy maşynlar üçin algoritmleriň we programmalaryň bolmagy, eger-de olar oýlap tapyşyň bir bölegi bolup durýan bolsa, oýlap tapyşyň patentlik ukybyna täsir edýän ýagdaý diýlip ykrar edilmeýär.

## III BAP. AWTORLAR WE PATENT EÝELERI

**8-nji madda. Oýlap tapyşyň awtory**

1. Döredijilikli zähmeti bilen oýlap tapyşy döreden fiziki şahs onuň awtory diýlip ykrar edilýär.

2. Eger oýlap tapyşyň döredilmegine birnäçe fiziki şahslar gatnaşsa, olaryň hemmesi onuň şärikli awtorlary hasap edilýär. Şärikli awtorlara degişli hukuklary peýdalanmagyň tertibi olaryň arasyndaky ylalaşyk bilen kesgitlenilýär.

Oýlap tapyşyň döredilmegine öz döredijilik goşandyny goşmadyk, awtora diňe tehniki, guramaçylyk ýa-da maddy taýdan kömek eden ýa-da oňa hukuklary resmileşdirmäge we ony peýdalanmaga ýardam eden fiziki şahs awtor diýlip ykrar edilmeýär.

3. Awtorlyk hukugy aýrybaşgalanmaýan şahsy hukukdyr we möhletsiz goralýar.

**9-njy madda. Patente ýa-da çäklendirilen patente bolan hukuk**

1. Patente ýa-da çäklendirilen patente hukuk aşakdakylara degişlidir:

1) oýlap tapyşyň awtoryna (şärikli awtorlaryna) ýa-da onuň (olaryň) hukuk oruntutaryna (hukuk oruntutarlaryna);

2) şu maddanyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan ýagdaýlarda iş berijä ýa-da onuň hukuk oruntutaryna.

2. Öz gulluk borçlaryny ýa-da iş berijiniň anyk hukuk taýdan resmileşdirilen tabşyrygyny (gulluk oýlap tapyşy) ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly işgär tarapyndan döredilen oýlap tapyş üçin patenti ýa-da çäklendirilen patenti almaga bolan hukuk, eger iş beriji bilen işgäriň arasyndaky şertnama bilen başga zat göz öňünde tutulmasa, iş berijä degişlidir.

Eger iş beriji döredilen oýlap tapyş hakynda onuň awtory tarapyndan habar berlen seneden dört aýyň içinde Türkmenpatente haýyşnama bermese ýa-da degişli obýekti gizlin saklamak hakynda awtora resmi taýdan habar bermese, onda patenti ýa-da çäklendirilen patenti almaga bolan hukuk awtora geçýär. Şu ýagdaýda iş beriji ylalaşyk esasynda kesgitlenilýän öwez puluny patent eýesine tölemek bilen oýlap tapyşy öz önümçiliginde peýdalanmak hukugyna eýedir.

**10-njy madda. Awtoryň tölege bolan hukugy**

1. Patenti ýa-da çäklendirilen patenti almaga degişli hukugy bolmadyk gulluk oýlap tapyşyň awtory olaryň arasyndaky ylalaşygyň esasynda kesgitlenilýän möçberde we şertlerde tölenilýän tölegi iş berijiden almak hukugyna eýedir.

2. Tölegi ýa-da öwez puluny tölemegiň möçberi we tertibi hakynda taraplaryň arasynda ylalaşyk gazanylmasa, jedel kazyýet tertibinde garalýar.

3. Ylalaşyk bilen kesgitlenilen tölegiň ýa-da öwez pulunyň öz wagtynda tölenilmändigi üçin günäkär iş beriji şunda Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýär.

4. Şärikli awtorlaryň arasynda oýlap tapyşyň peýdalanylandygy üçin tölegi paýlamak olaryň arasyndaky şertnamanyň esasynda amala aşyrylýar.

## IV BAP. OÝLAP TAPYŞ ÜÇIN AÝRATYN HUKUK

**11-nji madda. Patent eýesiniň hukuklary**

1. Patent eýesi patentlenen oýlap tapyşy peýdalanmakda, şeýle hem başga şahslara peýdalanmaga rugsat bermekde ýa-da peýdalanmagy gadagan etmekde aýratyn hukuga eýelik edýär.

Şu Kanunda göz öňünde tutulanlardan başga ýagdaýlarda hiç kimiň patentiň eýesiniň aýratyn hukugyny bozýan hereketleri amala aşyrmaga, şeýle hem onuň rugsady bolmazdan, patentlenen oýlap tapyşy ulanmaga haky ýokdur.

2. Patent eýesi patente ýa-da çäklendirilen patente bolan hukugy şertnama boýunça başga şahsa berip biler ýa-da patent ýa-da çäklendirilen patent bilen goralýan oýlap tapyşy peýdalanmak üçin ygtyýarnamany berip biler.

3. Patentiň ýa-da çäklendirilen patentiň eýeleriniň arasynda oýlap tapyşy peýdalanmak boýunça özara gatnaşyklar olaryň arasyndaky ylalaşyk bilen kesgitlenilýär. Şeýle ylalaşyk bolmadyk mahalynda olaryň her biri patentlenen oýlap tapyşy öz islegine görä peýdalanyp biler, ýöne galan eýeleriň razylygy bolmazdan oňa ygtyýarnamany bermäge ýa-da başga şahsa patenti bermäge haky ýokdur.

Patentiň ýa-da çäklendirilen patentiň eýeleriniň arasynda ygtyýarnamany bermek hakynda ýa-da patente ýa-da çäklendirilen patente bolan hukugy bermek hakynda ylalaşyk gazanylmasa, jedel kazyýet tertibinde çözülip bilner.

4. Eger patent eýesi başga patent eýesiniň hukuklaryny bozmazdan patentlenen oýlap tapyşy peýdalanyp bilmese, ol beýleki patent eýesinden ygtyýarnama şertnamasynyň baglaşylmagyny talap edip biler.

5. Özara baglanyşykly patentleriň we çäklendirilen patentleriň eýeleriniň arasyndaky özara gatnaşyklar olaryň arasyndaky ygtyýarnama şertnamasyny baglaşmak bilen düzgünleşdirilýär. Özara baglanyşykly patentleriň we çäklendirilen patentleriň eýeleriniň arasynda ylalaşyk gazanylmasa şu Kanunyň 31-nji maddasynyň düzgünleri ulanylýar.

6. Patent ýa-da çäklendirilen patent we ony almaga bolan hukuk miras boýunça geçýär.

**12-nji madda. Patent eýesiniň aýratyn hukugynyň bozulmagy diýlip ykrar edilýän hereketler**

Aşakdaky hereketler patent eýesiniň oýlap tapyşa bolan aýratyn hukugynyň bozulmagy diýlip ykrar edilýär:

1) patentlenen oýlap tapyşyň peýdalanylmagy;

2) patentlenen oýlap tapyşyň ulanylan önüminiň taýýarlanylmagy, ulanylmagy, getirilmegi, satmak üçin teklip edilmegi, satylmagy we hojalyk dolanyşygyna başga hili girizilmegi ýa-da bu maksat bilen saklanylmagy;

3) patent ýa-da çäklendirilen patent bilen goralýan, gös-göni usul bilen alnan önümiň taýýarlanylmagy, ulanylmagy, getirilmegi, satmak üçin teklip edilmegi, satylmagy we hojalyk dolanyşygyna başga hili girizilmegi ýa-da bu maksat bilen saklanylmagy. Şunda täze önüm tersine subutnamalar bolmasa, patentlenen usul bilen alnan diýlip hasap edilýär;

4) niýetlenilişine laýyklykda işlände (ulanylanda) patentlenen usul awtomatik amala aşyrylýan enjamyň taýýarlanylmagy, ulanylmagy, getirilmegi, satmak üçin teklip edilmegi, satylmagy we hojalyk dolanyşygyna başga hili girizilmegi ýa-da bu maksat bilen saklanylmagy;

5) patentlenen usuly amala aşyrmak ýa-da ony ulanmak üçin teklip etmek;

6) ýokarda ýatlanylan hereketleri amala aşyrmaga üçünji şahslary gönükdirmek.

**13-nji madda. Patent eýesiniň aýratyn hukugynyň bozulmagy diýlip ykrar edilmeýän hereketler**

Şular patent eýesiniň aýratyn hukugynyň bozulmagy diýlip ykrar edilmeýär:

1) patentlenen oýlap tapyş ulanylan önümiň ýa-da öndürilen önümiň konstruksiýada, kömekçi enjamda ýa-da görkezilen ulag serişdeleri Türkmenistanyň çäginde wagtlaýyn ýa-da tötänleýin bolan we görkezilen önüm ýa-da öndürilen önüm ulag serişdesiniň hajatlary üçin ulanylan ýagdaýynda daşary ýurt döwletleriniň ulag serişdeleri (suw, howa, awtomobil, demir ýol ulagy we kosmos tehnikasy) ulanylanda peýdalanylmagy. Şeýle hereketler Türkmenistanda bellige alnan ulag serişdeleri babatda şeýle hukuklary berýän daşary ýurt döwletleriniň ulag serişdeleri babatda patent eýesiniň aýratyn hukugynyň bozulmagy diýlip ykrar edilmeýär;

2) patentlenen oýlap tapyşyň peýdalanylan önüminiň, usulynyň ýa-da öndürilen önümiň üstünde ylmy barlagyň ýa-da synagyň geçirilmegi;

3) patent eýesine bir aý möhletde habar bermek we soňra oňa deňölçegli öwez puluny tölemek bilen adatdan daşary ýagdaýlarda (tebigy betbagtçylyklar, katastrofalar, awariýalar) patentlenen oýlap tapyşyň peýdalanylmagy;

4) eger şeýle peýdalanmagyň maksady peýda (girdeji) almak bolmasa, patentlenen oýlap tapyşyň şahsy, maşgala, öý ýa-da telekeçilik işi bilen baglanyşykly bolmadyk beýleki hajatlary

kanagatlandyrmak üçin peýdalanylmagy;

5) patentlenen oýlap tapyşy peýdalanmak bilen lukmanlaryň derman hatlary boýunça dermanhanada derman serişdeleriniň bir gezeklik taýýarlanylmagy;

6) eger bu önüm ýa-da öndürilen önüm patent eýesi ýa-da patent eýesiniň rugsady bilen Türkmenistanyň çäginde başga şahs tarapyndan öň raýat dolanyşygyna girizilen bolsa, patentlenen oýlap tapyş ulanylan önümiň peýdalanylmagy, satmak üçin hödürlenilmegi, satylmagy, raýat dolanyşygyna başga hili girizilmegi ýa-da bu maksatlar üçin saklanylmagy.

**14-nji madda. Öňden ulanmak hukugy**

1. Oýlap tapyşyň ilkinjilik senesine çenli onuň awtoryndan özbaşdak döredilen meňzeş çözgüdi Türkmenistanyň çäginde päk ýürekli peýdalanan ýa-da munuň üçin zerur taýýarlygy eden islendik şahs şeýle peýdalanmagyň möçberini giňeltmezden ony mundan beýläk muzdsuz peýdalanmak hukugyny saklaýar.

2. Öňden ulanmak hukugy diňe meňzeş çözgüdiň peýdalanylan ýa-da munuň üçin zerur taýýarlygyň edilen önümçiligi bilen bilelikde başga şahsa berlip bilner.

**15-nji madda. Oýlap tapyşyň ulanylyşy**

1. Oýlap tapyşyň ulanylmagy diýlip patentlenen oýlap tapyşy ulanmak bilen taýýarlanan önümiň (öndürilen önümiň) hojalyk dolanyşygyna girizilmegi, şeýle hem patent ýa-da çäklendirilen patent bilen goralýan usulyň ulanylmagy ykrar edilýär.

2. Eger-de önüm oýlap tapyşyň formulasynyň garaşsyz bendinde getirilen alamatlaryny ýa-da oňa ekwiwalent alamaty saklasa, usulda bolsa onuň her bir alamatlary ýa-da oňa ekwiwalent alamat ulanylan bolsa, onda oýlap tapyş önümde ýa-da usulda peýdalanylan diýlip ykrar edilýär.

3. Eger patentlenen oýlap tapyş peýdalanylanda özara baglanyşykly başga patentlenen oýlap tapyşyň garaşsyz bendinde getirilen alamatlary hem ulanylsa, beýleki özara baglanyşykly oýlap tapyş hem peýdalanylan diýlip ykrar edilýär.

4. Patentlenen oýlap tapyşy peýdalanmak isleýän islendik şahs patent eýesi bilen ygtyýarnama şertnamasyny baglaşmaga borçludyr.

## V BAP. PATENTI WE ÇÄKLENDIRILEN PATENTI ALMAK

**16-njy madda. Haýyşnamanyň berlişi**

1. Haýyşnama Türkmenpatente berilýär. Haýyşnamaçy hökmünde oýlap tapyşyň awtory (şärikli awtorlary), iş beriji ýa-da olaryň hukuk oruntutarlary çykyş edip biler.

2. Patentiň ýa-da çäklendirilen patentiň berilmegi hakyndaky haýyşnama döwlet dilinde berilýär. Haýyşnamanyň beýleki resminamalary olaryň döwlet dilindäki terjimesini goşmak bilen başga dilde berlip bilner.

Başga dilde berlen resminamalar, eger olaryň terjimesi haýyşnamanyň berlen senesinden üç aýyň içinde gelip gowuşsa, olaryň Türkmenpatente gelip gowşan senesinde berlen diýlip hasap edilýär.

Eger agzalan terjime haýyşnamanyň berlen senesinden üç aýyň içinde berilmese, bellenilen möhlet degişli paç tölenen şertinde haýyşnamaçynyň towakganamasy boýunça üç aý uzaldylyp bilner.

Terjime bellenilen möhletlerde berilmedik mahalynda haýyşnama yzyna alnan diýlip ykrar edilýär.

**17-nji madda. Haýyşnamanyň düzümi**

1. Haýyşnama bir oýlap tapyşa ýa-da özara baglanyşykly ýeke-täk oýlap tapyş mazmunyny döredýän oýlap tapyşlaryň toparyna degişli bolmalydyr, ýagny oýlap tapyşyň bitewüliginiň talabyny kanagatlandyrýan bolmalydyr.

2. Haýyşnama aşakdakylary özünde saklamalydyr:

1) oýlap tapyşyň awtoryny (şärikli awtorlaryny) we adyna patent ýa-da çäklendirilen patent soralýan şahsy (şahslary), şeýle hem onuň (olaryň) ýaşaýan ýerini ýa-da bolýan ýerini görkezmek bilen oýlap tapyş üçin Türkmenistanyň gorag resminamasynyň berilmegi hakyndaky arzany;

2) bilimleriň degişli pudagynda hünärmen tarapyndan ony amala aşyrmak üçin oýlap tapyşy dolulygy, ýeterlikligi bilen açyp görkezýän onuň beýanyny;

3) dolulygyna beýana esaslanyp, onuň düýp manysyny aňladýan–we gorag berilmegi soralýan hukuklaryň möçberini kesgitleýän oýlap tapyşyň formulasyny;

4) eger oýlap tapyşyň düýp manysyna düşünmek üçin zerur bolsa, çyzgylary we beýleki materiallary;

5) oýlap tapyşyň düýp mazmunynyň gysgaça beýanyny özünde saklaýan referaty.

Eger-de haýyşnama haýyşnamaçynyň wekili ýa-da patent ynamdary tarapyndan berilse, onda haýyşnama ynanç haty, şeýle hem bellenilen möçberde pajyň tölenendigini tassyklaýan resminama ýa-da paç tölemekden boşatmak ýa-da onuň möçberini azaltmak ýa-da onuň töleginiň möhletini uzaltmak üçin esasy tassyklaýan resminama goşulýar.

Haýyşnama goşulýan resminamalar haýyşnamanyň berlen senesinden üç aýyň içinde Türkmenpatente berilmelidir.

Eger agzalan resminamalar haýyşnamanyň berlen senesinden üç aýyň içinde berilmese, bellenilen möhlet degişli paç tölenen şertinde arza berijiniň towakganamasy boýunça üç aýa çenli uzaldylyp bilner.

Resminamalar bellenilen möhletlerde berilmedik mahalynda haýyşnama yzyna alnan diýlip ykrar edilýär.

3. Konwension ilkinjilik soralanda onuň Türkmenpatente gelen senesinden dört aýdan gijä galman berilýän birinji haýyşnamanyň tassyklanan göçürme nusgasy bolmalydyr. Eger-de birinji haýyşnamanyň sany birnäçe bolsa, onda bu haýyşnamalaryň ählisiniň göçürme nusgalary goşulýar. Halkara haýyşnamasy Türkmenpatente berlende birinji haýyşnamanyň tassyklanan nusgasynyň berilmegi talap edilmeýär.

Konwension haýyşnama birinji haýyşnamanyň berlen senesinden on iki aýdan gijä galman Türkmenpatente berilmelidir.

Konwension ilkinjiligi bellemek hakyndaky towakganama haýyşnamanyň berlen wagty ýa-da Türkmenpatente haýyşnamanyň berlen senesinden üç aýyň içinde berlip bilner.

4. Haýyşnamanyň resminamalaryna bolan talaplar Türkmenpatent tarapyndan bellenilýär.

**18-nji madda. Oýlap tapyşyň ilkinjiligi**

1. Oýlap tapyşyň ilkinjiligi oýlap tapyş üçin haýyşnamanyň Türkmenpatente berlen senesi boýunça bellenilýär.

2. Ilkinjilik şu Kanunyň 17-nji maddasynyň üçünji bölegi bilen bellenilen düzgünler ýerine ýetirilen şertinde Pariž konwensiýasyna gatnaşyjy döwlete birinji haýyşnamanyň berlen senesi boýunça bellenilip bilner.

3. Eger-de olar haýyşnamaçy tarapyndan özbaşdak haýyşnama hökmünde resmileşdirilip, edilen çözgüdiň mazmunyny üýtgedýän diýip ykrar edilmegi bilen baglylykda, Türkmenpatentiň goşmaça maglumatlary üns merkezine almak mümkin däldigi baradaky habarnamanyň iberilen senesinden üç aý möhletiň dowamynda berlen ýagdaýynda ilkinjilik goşmaça maglumatlaryň gelen senesi boýunça bellenilip bilner.

4. Eger şeýle ilkinjilik soralýan haýyşnama has irki haýyşnamanyň berlen senesinden on iki aýdan gijä galman berilse we eger irki berlen haýyşnama boýunça has irki ilkinjilik soralmasa, ilkinjilik oýlap tapyşy açýan şol bir arza berijiniň has irki haýyşnamasynyň Türkmenpatente gelip gowşan senesi boýunça bellenilip bilner. Şunda has irki haýyşnama yzyna alnan diýlip hasap edilýär.

5. Aýratyn edilen haýyşnama boýunça ilkinjilik, eger aýratyn edilen haýyşnama onuň şikaýat etmek mümkinçilikleri gutarmadyk ilkinji haýyşnama boýunça patenti ýa-da çäklendirilen patenti bermekden ýüz döndermek hakyndaky çözgüdiň kabul edilmegine çenli berilse, oýlap tapyşyň düýp manysyny açýan, oýlap tapyş üçin irki haýyşnamanyň Türkmenpatente berlen senesi

boýunça bellenilýär, görkezilen haýyşnama boýunça patenti ýa-da çäklendirilen patenti bermek hakynda çözgüt kabul edilen mahalynda bolsa oýlap tapyşlaryň Döwlet sanawynda oýlap tapyşyň bellige alnan senesine çenli bellenilýär.

6. Eger meňzeş oýlap tapyşlaryň ilkinjiliginiň şol bir senesiniň bardygy anyklanylsa, onda patent ýa-da çäklendirilen patent onuň Türkmenpatente berlen has irki sene bilen iberilendigi subut edilen haýyşnamasy boýunça, bu seneler gabat gelende bolsa – Türkmenpatentiň has irki bellige alyş belgisi bolan haýyşnama boýunça berilýär.

**19-njy madda. Oýlap tapyş üçin haýyşnamanyň resminamalaryna üýtgetmeleriň girizilmegi**

1. Haýyşnamaçy bu haýyşnama boýunça patenti ýa-da çäklendirilen patenti bermek hakyndaky çözgüdiň ýa-da ony bermekden ýüz döndermek hakyndaky çözgüdiň kabul edilmegine çenli oýlap tapyşyň düýp manysyny üýtgetmezden düzedişleri we takyklamalary haýyşnamanyň resminamalaryna girizmek hukugyna eýedir.

Goşmaça maglumatlar, eger olar oýlap tapyşyň formulasyna girizilmäge degişli we haýyşnamanyň berlen senesinde oýlap tapyşyň beýanynda bolmadyk alamatlary özünde saklasa, haýyş edilen oýlap tapyşyň düýp manysyny üýtgedýär diýip hasap edilýär.

2. Haýyşnamanyň resminamalaryna üýtgetmeleriň girizilendigi üçin bellenen paç alynýar. Eger haýyşnamanyň resminamalaryna üýtgetmeler onuň berlen senesinden üç aýyň içinde haýyşnamaçynyň başlangyjy boýunça girizilse, şeýle üýtgetmeleriň girizilendigi üçin paç alynmaýar.

**20-nji madda. Oýlap tapyş üçin haýyşnamanyň seljermesi**

Türkmenpatent oýlap tapyş üçin haýyşnama boýunça formal seljermesini, çäklendirilen patent seljermesini, patent seljermesini geçirýär.

**21-nji madda. Formal seljerme**

1. Formal seljerme şu Kanunyň 17-nji maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan resminamalar bolanda haýyşnamanyň Türkmenpatente berlen senesinden üç aý geçenden soň geçirilýär.

Haýyşnamaçynyň towakganamasy boýunça formal seljerme görkezilen möhlet geçmänkä hem başlanyp bilner. Bu ýagdaýda haýyşnamaçy haýyşnamanyň berlen pursadyndan şu Kanunyň 19-njy maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan haýyşnamanyň resminamalaryna öz islegi boýunça paç tölemezden üýtgetmeler girizmek hukugyndan mahrum bolýar.

2. Formal seljerme bir aý möhletde geçirilýär we aşakdakylaryň barlagyny öz içine alýar:

1) zerur resminamalaryň bolmagyny we olar üçin bellenilen talaplaryň berjaý edilmegini;

2) haýyşnama berlen tehniki çözgüdiň hukuk goragy berilýän obýektlere laýyk gelşini;

3) oýlap tapyşyň bitewülik talaplarynyň berjaý edilmegini;

4) oýlap tapyşyň klassifikasiýasynyň Halkara patent klassifikasiýasy boýunça dogrulygyny;

5) ilkinjilik soralmagynyň hukuga laýyk gelşiniň we tertibiniň berjaý edilmegini.

Eger-de haýyşnama formal seljermäniň talaplaryna laýyk gelse, onda haýyşnamaça ony bermegiň bellenilen senesini görkezmek bilen haýyşnamanyň garamak üçin kabul edilendigi hakynda habarnama iberilýär.

Haýyşnama berlen tehniki çözgüt hukuk goragy berilýän obýektlere laýyk gelmedik mahalynda ýa-da bellenilen möhletlerde zerur takyklamalar girizilmese ýa-da haýyşnamanyň gelip gowşan senesinde bolmadyk resminamalar berilmese, haýyşnamaça bu haýyşnamany garamak üçin kabul etmekden ýüz döndermek hakynda habarnama iberilýär.

3. Haýyşnamanyň berlen senesinden alty aý geçenden soň ýa-da eger ilkinjilik soralsa, ilkinjiligiň senesinden Türkmenpatent Býulletende haýyşnama hakyndaky maglumatlary çap edýär, haçanda haýyşnamanyň yzyna alnan ýa-da ol boýunça patentiň ýa-da çäklendirilen patentiň berilmegi hakyndaky ýa-da ony bermekden ýüz döndermek hakyndaky çözgüdiň kabul edilen

halatlary muňa degişli däldir. Çap edilýän maglumatlaryň möçberi Türkmenpatent tarapyndan kesgitlenilýär.

Formal seljerme tamamlanandan soň haýyşnama hakyndaky maglumatlar bellenen paç tölenen şertinde bellenilen möhletleriň gutarmagyna çenli çap edilip bilner. Degişli towakganama haýyşnamanyň garamak üçin kabul edilendigi hakynda habarnamanyň iberilen senesinden üç aýyň içinde haýyşnamaçy tarapyndan Türkmenpatente berlip bilner. Şu ýagdaýda Türkmenpatent haýyşnama hakyndaky maglumatlary Býulleteniň nobatdaky sanynda çap edýär.

Oýlap tapyşyň awtory haýyşnama hakyndaky çap edilýän maglumatlarda öz adynyň tutulmagyndan ýüz döndermek hukugyna eýedir.

Şu Kanunyň 5-nji maddasynyň dördünji böleginiň hereketi çap edilen haýyşnama degişlidir.

4. Onuň resminamalaryna bolan talaplary bozmak bilen resmileşdirilen haýyşnama boýunça onuň iberilen senesinden üç aýyň içinde düzedilen ýa-da ýetmeýän resminamalary bermek teklibi bilen haýyşnamaça delillendiriji talap iberilýär.

Haýyşnamaçynyň towakganamasy boýunça bellenilen möhlet degişli paç tölenen şertinde alty aý uzaldylyp bilner.

Eger haýyşnamaçy bellenilen möhletde soralýan resminamalary ýa-da ony uzaltmak hakyndaky towakganamany bermese, Türkmenpatent bellenilen möhletiň geçendigi hakyndaky habarnamany haýyşnamaça iberýär.

Soralan resminamalary bermek üçin duşdan geçirilen möhlet degişli paç tölenen şertinde haýyşnamaçynyň towakganamasy boýunça dikeldilip bilner.

Duşdan geçirilen möhleti dikeltmek hakyndaky towakganama soralýan resminamalary goşmak bilen bellenilen möhletiň gutaran senesinden alty aýdan gijä galman haýyşnamaçy tarapyndan berilmelidir.

Möhleti dikeltmek hakyndaky towakganama alty aýyň içinde berilmedik mahalynda haýyşnama yzyna alnan diýlip hasap edilýär, bu hakynda haýyşnamaça habar berilýär.

5. Oýlap tapyşyň bitewülik talabynyň bozulmagy bilen berlen haýyşnama boýunça haýyşnamaça oňa degişli habarnamanyň iberilen senesinden üç aý möhletde haýyş edilen oýlap tapyşlaryň haýsysyna garalmalydygyny we zerur mahalynda ilkibaşdaky haýyşnamanyň materiallaryna üýtgetmeleriň girizilmelidigini habar bermek teklip edilýär. Beýleki haýyş edilen oýlap tapyşlar aýratyn haýyşnamalar bilen resmileşdirilip bilner.

Eger-de haýyşnamaçy bellenilen möhletiň içinde haýyşnama edilen oýlap tapyşlaryň haýsysyna garamalydygyny habar bermese we eger zerur bolanda degişli resminamalary getirmese, oýlap tapyşyň formulasynda birinji bolup görkezilen oýlap tapyşa garalýar.

**22-nji madda. Çäklendirilen patent seljermesi**

1. Formal seljermesini geçen haýyşnamalar boýunça çäklendirilen patent seljermesi geçirilýär.

Çäklendirilen patent seljermesi Türkmenpatente arza berlenden on sekiz aý geçenden soň geçirilýär we aşakdakylary öz içine alýar:

1) şu Kanunyň 7-nji maddasynda görkezilen haýyşnama edilen oýlap tapyşyň patente ukyplylyk şertine laýyklygynyň goşmaça barlagyny;

2) haýyşnamaçy tarapyndan berlen oýlap tapyş formulasynyň bellenilen talaplara laýyklygynyň barlagyny;

3) goşmaça maglumatlaryň bellenilen talaplara laýyklygynyň barlagyny;

4) Türkmenistanyň patentlerini ýa-da çäklendirilen patentlerini, gorag resminamalaryny almak üçin Türkmenpatente berlen haýyşnamalary, şeýle hem garalýan haýyşnamany bermegiň senesine garanda has irki sene bilen berlen ýewraziýa haýyşnamalaryny we ýewraziýa patentlerini öz içine alýan tehnikanyň derejesi babatda haýyş edilen oýlap tapyşyň barlagyny.

2. Türkmenpatent çäklendirilen patent seljermesiniň barşynda bu seljermäni geçirmek üçin gerek bolan goşmaça maglumatlary haýyşnamaçydan talap etmäge haklydyr.

Şu Kanunyň 21-nji maddasynyň dördünji böleginiň talaplary goşmaça maglumatlary bermegiň möhletlerine degişlidir.

Çäklendirilen patent seljermesiniň barşynda haýyşnamaçynyň başlangyjy boýunça ýa-da seljermäniň talaby boýunça berlen goşmaça maglumatlaryň haýyş edilen oýlap tapyşyň düýp manysyny üýtgetmeýändikleri barlanylýar.

Haýyşnama garalanda goşmaça maglumatlaryň oýlap tapyşyň mazmunyny üýtgedýän bölegi üns merkezine alynmaýar we olar haýyşnamaçy tarapyndan özbaşdak haýyşnama hökmünde resmileşdirilip bilner, bu barada haýyşnamaça habar berilýär.

3. Eger çäklendirilen patent seljermesiniň netijesinde Türkmenpatent haýyşnama edilen oýlap tapyşyň bildirilýän talaplara laýyk gelýändigini anyklasa, haýyşnamaça habarnamada getirilen oýlap tapyşyň formulasy babatda öz pikirini üç aý möhletiň içinde bermek teklibi bilen çäklendirilen patenti bermäge taýýardygy hakynda habarnama iberilýär. Haýyşnamaçynyň pikiri çäklendirilen patenti bermek hakyndaky çözgüt çykarylanda göz öňünde tutulýar.

Seljermäniň habarnamasynda getirilen oýlap tapyşyň formulasy bilen haýyşnamaçy ylalaşan mahalynda ýa-da habarnama jogapsyz galdyrylanda seljermäniň beýan edilişi boýunça oýlap tapyşyň formulasy bilen çäklendirilen patenti bermek hakynda çözgüt çykarylýar.

Çözgüt bir aýyň dowamynda haýyşnamaçynyň oýlap tapyşyň formulasy babatda öz pikirini aýtmak üçin bellenilen möhlet geçenden soň çykarylýar.

4. Patent almak niýeti dörände, haýyşnamaçy çäklendirilen patent bermäge taýýardyklary barada iberilen habarnamany alan senesinden üç aý möhletiň dowamynda onuň berilmegini togtatmak barada towakganama bermelidir. Bu ýagdaýda haýyşnama boýunça işler patent seljermesini geçirmek barada towakganama berilýänçä togtadylýar.

Patent seljermesini geçirmek baradaky towakganama oýlap tapyş üçin haýyşnamanyň berlen senesinden bäş ýylyň dowamynda berilmelidir. Şeýle bolmadyk ýagdaýynda bellenilen möhletiň gutaran senesinden başlap alty aýdan soň Türkmenpatent çäklendirilen patent seljermesiniň netijeleri boýunça çäklendirilen patent bermek barada çözgüt çykarýar.

5. Eger çäklendirilen patent seljermesiniň barşynda haýyşnama edilen oýlap tapyşyň patente ukyplylygyň şertlerine laýyk gelmeýändigi ýüze çykarylsa, haýyşnamaça çözgüdiň kabul edilmegine çenli habarnamada getirilen esaslandyrmalar babatda öz pikirlerini (delillendirmelerini) bermek teklibi bilen çäklendirilen patenti bermek mümkinçiliginden ýüz döndermek hakynda habarnama iberilýär.

Eger-de haýyşnamaçynyň pikirleri habarnama iberilen senesinden üç aýyň dowamynda Türkmenpatente berlen bolsa, olar çäklendirilen patenti bermezlik ýa-da bermek barada çözgüt çykarylanda göz öňünde tutulýar. Haýyşnamaçynyň towakganamasy boýunça jogap bermek üçin bellenilen möhlet degişli paç tölenen şertinde alty aý uzaldylyp bilner.

**23-nji madda. Patent seljermesi**

1. Oňyn netijeli çäklendirilen patent seljermesini geçen haýyşnamalar boýunça patentiň berilmegi hakynda towakganama bolanda şu Kanunyň 22-nji maddasynda bellenilen talaplaryň berjaý edilmegini hasaba almak bilen patent seljermesi geçirilýär. Patent seljermesini geçirmek hakyndaky towakganama haýyşnamanyň berlen senesinden bäş ýylyň içinde berilmelidir.

2. Patent seljermesiniň barşynda haýyş edilen oýlap tapyşyň şu Kanunyň 7-nji maddasynda görkezilen patent ukyplylygynyň şertlerine laýyk gelşi barlanylýar.

Patent seljermesi haýyşnamaçy tarapyndan patent seljermesini geçirmek hakynda towakganama berlenden soň we haýyşnamaçy tarapyndan berlen oýlap tapyşa berlen haýyşnamanyň patente ukyplylygynyň subutnamalary esasynda geçirilýär.

Haýyşnama edilen oýlap tapyşyň patente ukyplylygyny tassyklaýan subutnamalar hökmünde haýyşnamaçy halkara deslapky seljerme edaralarynyň biriniň haýyş edilen oýlap tapyşyň patente ukyplylygynyň netijenamasynyň nusgasyny patent seljermesini geçirmek hakyndaky towakganama goşmalydyr.

Oýlap tapyşyň patente ukyplylygyny tassyklaýan resminamalar hökmünde halkara deslapky seljerme edaralarynyň biri tarapyndan geçirilen seljermäniň netijesinde parallel haýyşnama boýunça ony bermek hakynda çözgüdiň ýa-da patentiň nusgalary hem berlip bilner.

Patent seljermesini geçirmek hakyndaky towakganama pajyň tölenenligi hakynda

resminama goşulmalydyr.

Oýlap tapyşyň patente ukyplylygynyň berlen subutnamalaryna patent seljermesini geçirmek hakyndaky towakganamanyň gelip gowşan senesinden üç aý möhletde garalýar.

3. Patent seljermesini geçirmegiň barşynda seljermäni geçirmek üçin gerek bolan goşmaça maglumatlary Türkmenpatentiň haýyşnamaçydan talap etmäge haky bardyr. Şu Kanunyň 21-nji maddasynyň dördünji böleginiň talaplary goşmaça maglumatlara degişlidir.

4. Eger Türkmenpatent patent seljermesiniň netijesinde haýyşnama edilen oýlap tapyşyň bildirilýän talaplara laýyk gelýändigini anyklasa, haýyşnamaça habarnamada getirilen oýlap tapyşyň formulasy babatda öz pikirini üç aý möhletiň içinde bermek teklibi bilen patenti bermäge çözgüdi çykarmagyň taýýarlygy hakyndaky habarnamany iberýär. Haýyşnamaçynyň pikiri patentiň berilmegi hakyndaky çözgüt çykarylanda göz öňünde tutulýar.

Haýyşnamaçy seljermäniň habarnamasynda getirilen oýlap tapyşyň formulasy bilen ylalaşan mahalynda ýa-da habarnama jogapsyz galdyrylanda seljermäniň beýanyndaky oýlap tapyşyň formulasy bilen patenti bermek hakynda çözgüt çykarylýar.

Çözgüt bir aýyň dowamynda haýyşnamaçynyň oýlap tapyşyň formulasy babatda öz pikirini aýtmak üçin bellenilen möhlet geçenden soň çykarylýar.

5. Eger patent seljermesiniň barşynda haýyşnama edilen oýlap tapyşyň patente ukyplylygyň şertlerine laýyk gelmeýändigi ýüze çykarylsa, onda şu Kanunyň 22-nji maddasynyň bäşinji böleginiň düzgünleri ulanylýar.

6. Islendik gyzyklanýan şahs paç tölemek şertinde seljermäniň çözgüdiniň çykarylmagyna çenli patentiň ýa-da çäklendirilen patentiň berilmek mümkinçiliginiň garşysyna esaslandyrylan garşylygyny Türkmenpatente berip biler. Haýyşnamaça garşylygyň gelip gowşandygy hakynda habar berilýär.

**24-nji madda. Çäklendirilen patentiň özgerdilmegi**

1. Eger-de oýlap tapyş şu Kanunyň 7-nji maddasynda görkezilen patente ukyplylygyň şertlerine jogap berse, çäklendirilen patent patent eýesiniň towakganamasy boýunça patente özgerdilip bilner.

Özgertmek hakyndaky towakganama çäklendirilen patentiň hereket ediş möhletiniň gutarmagyna çenli berlip bilner.

Patente ukyplylygyň şertlerine oýlap tapyşyň laýyklygyny barlamak şu Kanunyň 23-nji maddasynyň ikinji we üçünji bölekleriniň düzgünlerine laýyklykda geçirilýär.

2. Eger-de barlagyň netijesinde Türkmenpatent oýlap tapyşyň patente ukyplylygyň şertlerine laýyk gelýändigini anyklasa, onda habarnamada getirilen oýlap tapyşyň formulasy babatda öz pikirini üç aý möhletiň içinde bermek teklibi bilen çäklendirilen patenti özgertmäge taýýardygy hakynda patentiň eýesine habarnama iberilýär. Patent eýesiniň pikiri çäklendirilen patenti özgertmek hakynda çözgüt çykarylanda göz öňünde tutulýar.

Patent eýesi seljermäniň habarnamasynda getirilen oýlap tapyşyň formulasy bilen razy bolan ýa-da habarnama jogapsyz galdyrylan mahalynda seljermäniň beýanynda formula bilen çäklendirilen patenti özgertmek hakynda çözgüt çykarylýar.

Çözgüt bellenilen möhlet gutarandan soň bir aýyň içinde çykarylýar.

3. Eger barlagyň netijesinde oýlap tapyşyň patente ukyplylygyň şertlerine laýyk gelmeýändigi anyklanylsa, onda çäklendirilen patenti özgertmekden ýüz döndermek hakynda we onuň hereketini möhletinden öň bes etmek hakynda çözgüt çykarylýar.

**25-nji madda. Oýlap tapyş üçin haýyşnama boýunça seljermäniň çözgüdine şikaýat edilmegi we duşdan geçirilen möhletleriň dikeldilmegi**

1. Haýyşnamaçy formal, çäklendirilen patent ýa-da patent seljermesiniň çözgüdi bilen razy bolmadyk ýagdaýynda çözgüdiň iberilen senesinden üç aýyň içinde garşylygyny Apellýasiýa toparyna bermäge haklydyr. Garşylyk onuň alnan senesinden dört aý möhletde garalmalydyr. Garşylyga garamagyň möhleti garşylygy beren şahsyň arzasy boýunça uzaldylyp bilner, ýöne ol

ilkibaşda bellenilen möhletiň gutaran senesinden alty aýdan köp bolmaly däldir.

Apellýasiýalara garamagyň tertibi Türkmenpatent tarapyndan bellenilýär.

Haýyşnamaçy Apellýasiýa toparynyň çözgüdine onuň tassyklanan senesinden alty aýyň içinde kazyýetde şikaýat etmäge haklydyr.

2. Seljermäniň talaby boýunça resminamalary ýa-da goşmaça maglumatlary bermegiň haýyşnamaçy tarapyndan duşdan geçirilen möhleti, patent seljermesini geçirmek hakynda towakganamany bermegiň möhleti, çäklendirilen patenti özgertmek hakynda towakganamany bermegiň möhleti, seljermäniň çözgüdine bolan garşylygy bermegiň möhleti dikeldilip bilner. Duşdan geçirilen möhleti dikeltmek hakyndaky towakganama degişli paç tölenen şertinde bellenilen möhletiň gutaran senesinden alty aýdan gijä galman haýyşnamaçy tarapyndan Türkmenpatente berlip bilner.

**26-njy madda. Oýlap tapyşyň bellige alynmagy we bellige alnyşa üýtgetmeleriň girizilmegi**

1. Bellige alynýandygy we patent ýa-da çäklendirilen patent berilýändigi üçin paç tölenendigi barada, şeýle hem haýyşnamanyň berlen birinji ýylyndan başlap oýlap tapyşyň bellige alnan ýyly boýunça patentiň ýa-da çäklendirilen patentiň hereketi üçin ýyllyk paçlarynyň tölenendigi hakynda resminama alnandan soň Türkmenpatent oýlap tapyşy oýlap tapyşlaryň Döwlet sanawynda bellige alýar.

Pajyň tölenendigini tassyklaýan resminama haýyşnamaçy tarapyndan patentiň ýa-da çäklendirilen patentiň berilmegi baradaky çözgüdiň iberilen senesinden üç aý möhletiň içinde berilmelidir. Oýlap tapyşy bellige almak pajyň tölenendigini tassyklaýan resminama alnandan soň iki aýyň dowamynda geçirilýär.

Paç tölemek gijä galdyrylanda, duşdan geçirilen her bir aý üçin goşmaça paç tölenen şertlerinde, haýyşnamaça bellenen möhletiň tamamlanan senesinden alty aýdan ybarat bolan ýeňillikli möhlet berilýär. Oýlap tapyşy bellige almak goşmaça pajyň tölenendigi barada resminama alnandan soň bir aýyň dowamynda geçirilýär.

Bellenen we ýeňillikli möhletlerde paçlaryň tölenendigi barada resminama berilmedik halatynda, haýyşnama yzyna alnan diýlip hasap edilýär we bu barada haýyşnamaça habar berilýär.

2. Bellige alnan oýlap tapyş üçin Türkmenpatent haýyşnamaça patent ýa-da çäklendirilen patent berýär we berlen patent ýa-da çäklendirilen patent baradaky maglumatlary Býulletende çap edýär.

Patent ýa-da çäklendirilen patent birnäçe şahsyň adyna soralýan ýagdaýynda, olaryň arasyndaky ylalaşykda başga şertleşikler bolmasa, haýyşnamada ady birinji görkezilen şahsa bir patent berilýär.

3. Oýlap tapyş üçin çäklendirilen patenti patente özgertmek hakyndaky ýazgy bellenilen pajyň tölenendigi hakyndaky resminama alnandan soň oýlap tapyşlaryň Döwlet sanawyna we çäklendirilen patente girizilýär.

Pajyň tölenendigi hakyndaky resminamany bermegiň möhletlerine we patentiň özgerdilmegi hakyndaky ýazgyny oýlap tapyşlaryň Döwlet sanawyna girizmegiň möhletlerine şu maddanyň birinji böleginiň talaplary degişlidir.

Bellenilen möhletlerde paçlaryň tölenendigi hakyndaky resminama berilmedik mahalynda patenti özgertmek geçirilmeýär.

4. Patent eýesiniň adynyň we (ýa-da) salgysynyň üýtgemegi bilen baglanyşykly üýtgetmeler we bellige almaga degişli beýleki üýtgetmeler oýlap tapyşyň bellige alnyşyna girizilýär. Üýtgetmeleri bellige alnyşa girizmegiň kadalary Türkmenpatent tarapyndan bellenilýär.

5. Oýlap tapyşlaryň Döwlet sanawyna girizilýän maglumatlaryň sanawy, patentiň we çäklendirilen patentiň görnüşi we onda görkezilýän maglumatlaryň düzümi Türkmenpatent tarapyndan bellenilýär.

**27-nji madda. Patent ýa-da çäklendirilen patent hakyndaky maglumatlaryň çap edilmegi**

1. Türkmenpatent oýlap tapyşlaryň Döwlet sanawynda onuň bellige alnan senesinden alty aý möhletde patenti ýa-da çäklendirilen patenti bermek hakyndaky maglumatlary Býulletende çap edýär.

2. Awtor patent ýa-da çäklendirilen patent hakynda çap edilýän maglumatlarda öz adynyň tutulmagyndan ýüz döndermek hukugyna eýedir.

3. Çap edilýän maglumatlaryň düzümi Türkmenpatent tarapyndan kesgitlenilýär.

4. Türkmenpatent oýlap tapyşlaryň Döwlet sanawyna girizilen ähli soňraky üýtgetmeleri Býulletende çap edýär:

1) patentiň eýesi hakyndaky maglumatlary üýtgetmek hakynda;

2) patente ýa-da çäklendirilen patente bolan hukuklary bermek hakynda;

3) çäklendirilen patenti patente özgertmek hakynda;

4) patenti ýa-da çäklendirilen patenti ýatyrmak hakynda;

5) patentiň ýa-da çäklendirilen patentiň hereketini bes etmek ýa-da dikeltmek hakynda we beýleki üýtgetmeler.

5. Eger-de haýyşnama yzyna alnan diýlip ykrar edilmese, ol hakyndaky ýa-da patent we çäklendirilen patent hakyndaky maglumatlar çap edilenden soň islendik şahs haýyşnamanyň resminamalary bilen tanyşmaga haklydyr.

Haýyşnamanyň resminamalary bilen tanyşmagyň tertibi Türkmenpatent tarapyndan bellenilýär.

**28-nji madda. Paçlar**

1. Haýyşnama berilmegi, seljerme geçirilmegi, patent ýa-da çäklendirilen patent berilmegi, ony güýjünde saklamak bilen we haýyşnamalar we patentler ýa-da çäklendirilen patentler babatynda beýleki amallar bilen baglanyşykly hukuk ähmiýetli hereketleriň amala aşyrylmagy üçin paçlar alynýar.

Eger-de Türkmenistanyň gatnaşyjysy bolup durýan halkara şertnamalarynda başga ýagdaýlar göz öňünde tutulmadyk bolsa, paçlar haýyşnamaçy, patent eýesi ýa-da islendik üçünji şahs tarapyndan tölenilýär.

Amala aşyrylmagy üçin paçlaryň alynýan hereketleriniň sanawy, olaryň möçberleri, tölemegiň we gaýtarmagyň möhletleri, tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär.

2. Paç alynmagyndan gelip gowşan serişdeler Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilýär.

Bu serişdeleriň bir bölegi awtomatlaşdyrylan ulgamyň tehniki enjamlaşdyrylmagyny, döredilmegini we ulanylmagyny goşup, senagat eýeçiliginiň obýektlerini goramagyň döwlet ulgamyny ösdürmek, döwlet patent-maglumat binýadyny döretmek, zähmete hak tölemegi, işgärleriň taýýarlanylmagy we höweslendirilmegi, senagat eýeçiliginiň obýektleriniň goragy babatda Türkmenistanyň halkara ylalaşyklaryna gatnaşmagyny üpjün etmek üçin gerek bolan gatançlary we beýleki tölegleri tölemek üçin peýdalanylýar.

## VI BAP. PATENT WE ÇÄKLENDIRILEN PATENT ÜÇIN HUKUKLARYŇ BERLIŞI

**29-njy madda. Patentiň we çäklendirilen patentiň başga birine berlişi**

1. Patent ýa-da çäklendirilen patent hereket etmeginiň bütin möhletiniň içinde hukuklary bermegiň obýekti bolup biler. Patente ýa-da çäklendirilen patente esaslanan hukuk doly ýa-da bölekleýin berlip bilner.

2. Patente ýa-da çäklendirilen patente bolan hukuk erkin görnüşde düzülen we patent eýesi we hukuk oruntutar tarapyndan gol çekilen şertnama boýunça islendik gyzyklanýan şahsa berlip bilner.

**30-njy madda. Oýlap tapyşy ulanmak üçin ygtyýarnama**

**şertnamasy**

1. Patent eýesi bolup durmaýan islendik şahs patentlenen oýlap tapyşy diňe ygtyýarnama şertnamasynyň esasynda ulanmaga haklydyr. Patent eýesi (ygtyýarnama beriji) ygtyýarnama şertnamasy boýunça şertnamada göz öňünde tutulan möçberde goralýan oýlap tapyşy ulanmaga bolan hukugy başga şahsa (ygtyýarnamala) bermäge borçlanýar. Ygtyýarnamaly şertnamada şertlendirilen tölegleri ygtyýarnama berijä tölemek we şertnamada göz öňünde tutulan beýleki hereketleri amala aşyrmak borjuny öz üstüne alýar.

2. Aýratyn ygtyýarnamada kesgitlenilen çäklerde oýlap tapyşy peýdalanmaga bolan hukuk ygtyýarnamala berilmeýän böleginde ony peýdalanmaga bolan hukugy ygtyýarnama berijide saklap galmak bilen ygtyýarnamala berilýär.

Aýratyn däl ygtyýarnamada ygtyýarnama beriji oýlap tapyşy peýdalanmaga bolan hukugy ygtyýarnamala berip, patent ýa-da çäklendirilen patent bilen goralýan, şol sanda ygtyýarnamalaryň üçünji şahslara berilmegi üçin ähli hukuklary özünde saklaýar.

Doly ygtyýarnamada peýdalanmak hukugyny ygtyýarnama berijide saklap galmazdan we ygtyýarnamany başga şahslara bermezden oýlap tapyşy peýdalanmaga bolan aýratyn hukuk ygtyýarnamala berilýär.

3. Eger-de ygtyýarnama şertnamasynda kömekçi ygtyýarnama şertnamasyny baglaşmaga mümkinçilik göz öňünde tutulsa, onda ygtyýarnamaly (kömekçi ygtyýarnama beriji) oýlap tapyşy peýdalanmak üçin aýratyn bolmadyk ygtyýarnamany bermek hakynda üçünji şahs (kömekçi ygtyýarnamaly) bilen kömekçi ygtyýarnama şertnamasyny baglaşmaga haklydyr.

Eger ygtyýarnama şertnamasy bilen başga ýagdaý göz öňünde tutulmasa, kömekçi ygtyýarnamalynyň hereketleri üçin ygtyýarnama berijiniň öňündäki jogapkärçiligini ygtyýarnamaly çekýär.

4. Patent eýesi oýlap tapyşy peýdalanmak üçin hukugyň islendik şahsa berilmegi hakyndaky arzany (açyk ygtyýarnama) Türkmenpatente berip biler. Şu ýagdaýda patentiň ýa-da çäklendirilen patentiň saklanylandygy üçin paçlaryň tölegi açyk ygtyýarnama hakyndaky maglumatlaryň Türkmenpatent tarapyndan çap edilen ýylyndan soň gelýän ýyldan 50 göterim peseldilýär. Görkezilen oýlap tapyşy peýdalanmak islegini mälim eden şahs patent eýesi bilen tölegler hakyndaky şertnamany baglaşmaga borçludyr.

Açyk ygtyýarnamada berilýän hukuklar aýratyn däl ygtyýarnamada berilýän hukuklaryň möçberinden ýokary geçip bilmez.

Açyk ygtyýarnama üçin hukugyň berilmegi hakynda patent eýesiniň arzasy yzyna alynmaga degişli däldir.

**31-nji madda. Mejbury ygtyýarnama**

1. Eger-de oýlap tapyş patent eýesi ýa-da onuň üçin hukuklaryň berlen şahslary tarapyndan patentiň ýa-da çäklendirilen patentiň berlen senesinden bäş ýylyň içinde peýdalanylmasa ýa-da ýeterlik peýdalanylmasa, onda oýlap tapyşy peýdalanmaga isleg bildirýän we ulanmaga taýýar islendik şahs, eger-de patent eýesi emele gelen degişli tejribäniň şertlerinde bu şahs bilen ygtyýarnama şertnamasyny baglaşmakdan ýüz dönderen ýagdaýynda, özüne görkezilen obýektiň ulanmak üçin aýratyn bolmadyk mejbury ygtyýarnamanyň berilmegi hakynda hak isleg bilen kazyýete ýüz tutmak hukugyna eýedir.

Eger patent eýesi oýlap tapyşyň peýdalanylmagynyň ýa-da ýeterlik däl peýdalanylmagynyň esasly sebäpler bilen şertlendirilendigini subut edip bilmese, onda kazyýet oýlap tapyşy peýdalanmagyň çäklerini, tölegleriň möçberini, möhletlerini we tertibini kesgitlemek bilen aýratyn bolmadyk mejbury ygtyýarnamany gyzyklanýan şahsa bermek hakynda çözgüt çykarýar. Tölegleriň möçberi emele gelen tejribä laýyklykda kesgitlenilen ygtyýarnamanyň bazar bahasyndan pes bolmadyk bahada bellenilmelidir.

2. Oýlap tapyşy emele gelen tejribä laýyk gelýän şertlerde ygtyýarnama şertnamasyny baglaşmakdan boýun gaçyrýan beýleki bir patentiň ýa-da çäklendirilen patentiň eýesiniň hukuklaryny bozmazdan ulanyp bilmeýän patent eýesi oýlap tapyşy ulanmak üçin özüne mejbury

aýratyn däl ygtyýarnamanyň berilmegi barada talap arzasy bilen kazyýete ýüz tutmaga haky bardyr. Kazyýet tarapyndan görkezilen ygtyýarnama berlende patenti ýa-da çäklendirilen patenti başga şahsa degişli bolan oýlap tapyşy peýdalanmagyň çäkleri, özüne mejbury ygtyýarnamanyň berilmegini talap edýän şahsa patentlenen oýlap tapyşy peýdalanmak üçin gerek bolan möçberde, şeýle hem tölegleriň möçberi, möhletleri we tertibi kesgitlenilmelidir. Şunda tölegleriň möçberi emele gelen tejribä laýyklykda kesgitlenilen ygtyýarnamanyň bahasyndan pes bolmadyk bahada bellenilmelidir.

3. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti milli howpsuzlygyň bähbitlerinde, şeýle hem adatdan daşary ýagdaýlarda patent eýesiniň razylygy bolmazdan oňa ygtyýarnamanyň bazar bahasy bilen deňeşdirilýän öwez puluny tölemek bilen patentlenen oýlap tapyşy peýdalanmaga rugsat bermek hukugyna eýedir.

**32-nji madda. Patenti ýa-da çäklendirilen patenti başga birine bermek baradaky şertnamanyň we ygtyýarnama şertnamasynyň bellige alynmagy**

1. Patenti ýa-da çäklendirilen patenti başga birine bermek baradaky şertnama we oýlap tapyşy ulanmak üçin ygtyýarnama şertnamasy Türkmenpatentde bellige alynmaga degişlidir. Şertnama oýlap tapyşlaryň Döwlet sanawynda bellige alnan senesinden güýje girýär we bu barada maglumat Býulletende çap edilýär. Bellige alynmadyk şertnama hakyky däl diýlip hasap edilýär.

2. Bellige alnan ygtyýarnama şertnamasyna üýtgetmeler girizilip bilner. Üýtgetmeler hem Türkmenpatentde bellige alynmaga degişlidir.

3. Patenti ýa-da çäklendirilen patenti bermek hakyndaky şertnamany we ygtyýarnama şertnamasyny, şeýle hem ygtyýarnama şertnamasyna üýtgetmeler girizmegi bellige almagyň kadalary Türkmenpatent tarapyndan kesgitlenilýär.

4. Patenti ýa-da çäklendirilen patenti bermek hakyndaky şertnama, ygtyýarnama şertnamasy we ygtyýarnama şertnamasy boýunça üýtgetmeler bellenen paç tölenen şertinde gyzyklanýan taraplaryň islendiginiň arzasy boýunça Türkmenpatent tarapyndan bellige alynýar.

5. Türkmenistanyň çäginde hereket edýän oýlap tapyş üçin ýewraziýa patentini bermek hakyndaky şertnama Ýewraziýa patent edarasynda bellige alynmaga degişlidir.

Türkmenistanyň çäginde hereket edýän oýlap tapyş üçin ýewraziýa patenti boýunça oýlap tapyşy ulanmak üçin ygtyýarnama şertnamasy Türkmenpatentde bellige alynmaga degişlidir we onuň bellige alnan senesinden güýje girýär. Degişli bellige almazdan oýlap tapyş üçin ýewraziýa patentini bermek hakyndaky şertnama we oýlap tapyş üçin ýewraziýa patenti boýunça oýlap tapyşy ulanmak üçin ygtyýarnama şertnamasy hakyky däl diýlip hasap edilýär.

## VII BAP. PATENTIŇ ÝA-DA ÇÄKLENDIRILEN PATENTIŇ HEREKETINIŇ BES EDILMEGI WE DIKELDILIŞI

**33-nji madda. Patentiň ýa-da çäklendirilen patentiň jedelleşilmegi we onuň hakyky däl diýlip ykrar edilmegi**

1. Aşakdaky ýaly ýagdaýlarda islendik şahsyň nägileligi boýunça hereket ediş möhletiniň dowamynda patent ýa-da çäklendirilen patent jedelleşilip bilner we dolulygyna ýa-da bölekleýin hakyky däl diýlip ykrar edilip bilner:

1) bellige alnan oýlap tapyş şu Kanun bilen bellenilen patente ukyplylygyň şertlerine laýyk gelmese;

2) oýlap tapyşyň formulasynda haýyşnamanyň ilkibaşky materiallarynda ýok alamatlar bolanda;

3) patentde ýa-da çäklendirilen patentde oýlap tapyşyň awtory ýa-da patent eýesi nädogry görkezilende.

Garşylyga bellenilen pajyň tölenendigi hakyndaky resminama goşulmalydyr.

2. Şu maddanyň birinji bölegine laýyklykda hakyky däl diýlip ykrar edilen patentiň ýa-da çäklendirilen patentiň hereketi haýyşnamanyň berlen senesinden bes edilýär.

3. Şu maddanyň birinji böleginiň 1-nji we 2-nji bentlerinde göz öňünde tutulan esaslar boýunça patentiň ýa-da çäklendirilen patentiň berilmeginiň garşysyna bolan garşylyklara olaryň gelip gowşan senesinden alty aý möhletde Apellýasiýa topary tarapyndan garalýar. Apellýasiýa toparyny döretmegiň we işiniň tertibi şu Kanunyň 37-nji maddasy bilen düzgünleşdirilýär.

Şu maddanyň birinji böleginiň 3-nji bendinde göz öňünde tutulan esaslar boýunça patentiň ýa-da çäklendirilen patentiň berilmeginiň garşysyna bolan garşylyklara kazyýet tarapyndan garalýar.

Patentiň ýa-da çäklendirilen patentiň berilmeginiň garşysyna bolan garşylyk boýunça Apellýasiýa toparynyň toparynyň çözgüdi bilen razy bolunmadyk mahalynda taraplaryň islendigi çözgüdiň tassyklanan senesinden alty aý möhletde ony kazyýetde jedelleşip biler.

4. Apellýasiýa toparynyň çözgüdiniň ýa-da kazyýetiň çözgüdiniň esasynda hakyky däl diýlip ykrar edilen patent ýa-da çäklendirilen patent ýatyrylýar. Patent ýa-da çäklendirilen patent bölekleýin hakyky däl diýlip ykrar edilende oýlap tapyşyň täze formulasy bilen täze patent ýa-da çäklendirilen patent berilýär.

Türkmenpatent doly ýa-da bölekleýin hakyky däl diýlip ykrar edilen patentler ýa-da çäklendirilen patentler hakyndaky maglumatlary Býulletende çap edýär.

5. Oýlap tapyş üçin ýewraziýa patentiniň jedelleşilmegi we Ýewraziýa patent konwensiýasynyň 13-nji maddasynda göz öňünde tutulan onuň Türkmenistanyň çäginde hakyky däl diýlip ykrar edilmegi şu maddanyň birinji-dördünji bölekleriniň düzgünlerine laýyklykda amala aşyrylýar.

**34-nji madda. Patentiň ýa-da çäklendirilen patentiň hereketiniň möhletinden öň bes edilmegi**

1. Patentiň ýa-da çäklendirilen patentiň hereketi möhletinden öň bes edilýär:

1) patent eýesi tarapyndan Türkmenpatente berlen arzanyň esasynda – arzanyň gelip gowşan senesinden. Eger-de patent ýa-da çäklendirilen patent oýlap tapyşlaryň toparyna berlen ýagdaýynda, patentiň ýa-da çäklendirilen patentiň hereketi diňe arzada görkezilen oýlap tapyşlar babatda bes edilýär;

2) patentiň ýa-da çäklendirilen patentiň güýjünde saklanylmagy üçin pajyň tölenilmedik ýagdaýynda – bellenilen möhletiň gutaran senesinden.

2. Türkmenpatent hereketi möhletinden öň bes edilen patent ýa-da çäklendirilen patent hakynda maglumatlary Býulletende çap edýär.

**35-nji madda. Patentiň ýa-da çäklendirilen patentiň hereketiniň dikeldilmegi**

1. Onuň güýjünde saklanylmagy üçin pajyň tölenmezligi bilen baglanyşykly bes edilen patentiň ýa-da çäklendirilen patentiň hereketi patent eýesiniň towakganamasy boýunça dikeldilip bilner. Towakganama patentiň ýa-da çäklendirilen patentiň hereketiniň bes edilen senesinden üç ýylyň içinde Türkmenpatente berilýär. Towakganama patentiň ýa-da çäklendirilen patentiň hereketiniň dikeldilmegi üçin pajyň tölenendigini tassyklaýan resminama goşulýar.

Patentiň ýa-da çäklendirilen patentiň hereketiniň bes edilen senesinden üç ýyl geçenden soň patent ýa-da çäklendirilen patent dikeldilmäge degişli däldir.

2. Türkmenpatent patentiň ýa-da çäklendirilen patentiň hereketiniň dikeldilendigi hakyndaky maglumatlary oýlap tapyşlaryň Döwlet sanawyna girizýär we Býulletende çap edýär.

**36-njy madda. Soňundan ulanmak hukugy**

1. Patentiň ýa-da çäklendirilen patentiň hereketiniň bes edilen senesi bilen patentiň ýa-da çäklendirilen patentiň hereketiniň dikeldilendigi hakynda maglumatlaryň Býulletende çap edilen senesiniň aralygyndaky döwürde oýlap tapyşy peýdalanmaga başlan ýa-da görkezilen döwürde

munuň üçin zerur taýýarlygy eden şahs, şeýle peýdalanmagyň möçberini giňeltmezden ony mundan beýläk peýdalanmaga bolan hukugy saklap galýar.

2. Soňundan ulanmak hukugy diňe oýlap tapyşyň ulanylýan ýerindäki önümçilik ýa-da oňa meňzeş çözgüt bilen bilelikde başga şahsa berlip bilner ýa-da muňa zerur bolan taýýarlyklar edilip bilner.

## VIII BAP. AWTORLARYŇ, HAÝÝŞNAMAÇYLARYŇ WE PATENT EÝELERINIŇ HUKUKLARYNYŇ GORAGY

**37-nji madda. Apellýasiýa topary**

1. Apellýasiýa topary şahslaryň aşakdaky garşylyklaryna garamaga doly ygtyýarlydyr:

1) oýlap tapyş üçin haýyşnama boýunça seljermäniň çözgüdine;

2) patenti ýa-da çäklendirilen patenti bermek hakyndaky şertnamany we patentlenen oýlap tapyşy peýdalanmak üçin ygtyýarnama şertnamasyny bellige almak hakynda seljermäniň çözgüdine;

3) patenti ýa-da çäklendirilen patenti şu Kanunyň 33-nji maddasyna laýyklykda hakyky däl diýip ykrar etmek hakynda;

4) patent ynamdarlygyna dalaşgäriň hünär synagy we (ýa-da) ony hünär synagyna goýbermek boýunça hünär synagy toparynyň çözgüdine.

2. Apellýasiýa topary hakyndaky Düzgünnama Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan tassyklanylýar.

3. Haýyşnamaçy degişli paç tölenen şertinde Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen möhletlerde şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan garşylygy Apellýasiýa toparyna bermäge haklydyr.

Şu maddanyň birinji böleginiň 1-nji, 2-nji, 4-nji bentlerinde göz öňünde tutulan garşylyklar olaryň alnan senesinden dört aý möhletde Apellýasiýa topary tarapyndan garalmalydyr.

Şu maddanyň birinji böleginiň 3-nji bendinde göz öňünde tutulan garşylyk onuň alnan senesinden alty aý möhletde Apellýasiýa topary tarapyndan garalmalydyr.

Garşylyga garamak möhleti garşylygy beren şahsyň, şeýle hem patent eýesiniň towakganamasy boýunça uzaldylyp bilner, ýöne işe garamak üçin ilkibaşky bellenen senäniň gutaran gününden başlap alty aýdan köp bolmaly däldir.

4. Apellýasiýa toparynyň çözgüdine gaýtadan seretmek hakyndaky towakganama onuň alnan senesinden bir aýyň içinde gyzyklanýan taraplaryň islendigi tarapyndan Apellýasiýa toparynyň başlygynyň adyna berlip bilner.

Gyzyklanýan taraplaryň islendigi kazyýetde Apellýasiýa toparynyň çözgüdine onuň tassyklanan senesinden kyrk bäş günüň içinde şikaýat edip biler.

**38-nji madda. Jedellere kazyýet tertibinde garalyşy**

Kazyýetler şu Kanuny ulanmak bilen baglanyşykly jedellere Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde garaýarlar, şol sanda:

1) oýlap tapyş üçin awtorlyk hakynda;

2) patent eýesini anyklamak hakynda;

3) patenti ýa-da çäklendirilen patenti bermek hakynda;

4) mejbury ygtyýarnamany bermek hakynda;

5) patent eýesiniň oýlap tapyşa bolan aýratyn hukugynyň we beýleki emläk hukuklarynyň bozulmagy hakynda;

6) patenti ýa-da çäklendirilen patenti bermek hakynda şertnamalary we patentlenen oýlap tapyşy peýdalanmaga bolan ygtyýarnama şertnamalaryny baglaşmak we ýerine ýetirmek hakynda;

7) oýlap tapyşyň wagtlaýyn goragy döwründe ony peýdalanmak üçin öwez pulunyň möçberleri hakynda;

8) öňünden ulanmak hukugy hakynda;

9) soňundan ulanmak hukugy hakynda;

10) şu Kanuna laýyklykda iş beriji tarapyndan oýlap tapyşyň awtoryna töleg tölemegiň möçberi, möhleti we tertibi hakynda;

11) şu Kanunda göz öňünde tutulan öwez pullaryny tölemegiň möçberi, möhleti we tertibi hakynda;

12) patent eýeleriniň hukuklaryny goramak bilen baglanyşykly beýleki jedeller.

**39-njy madda. Oýlap tapyşyň bikanun peýdalanylandygy üçin jogapkärçilik**

1. Şu Kanunyň düzgünlerini bozmak bilen patentlenen oýlap tapyşy peýdalanýan islendik şahs patent eýesiniň aýratyn hukugynyň bozulmagy diýlip hasap edilýär we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýär.

2. Patentlenen oýlap tapyşy bikanun ulanýan şahs patent eýesiniň talap etmegi ýa-da kazyýetiň çözgüdi boýunça aşakdakylara borçludyr:

1) patent eýesiniň hukuklaryny ykrar etmäge;

2) patent eýesiniň hukuklaryny bozýan hereketleri bes etmäge;

3) elden giderilen peýdany goşup, ýitgileriň öwezini dolmaga ýa-da öwez puluny tölemäge. Öwez pulunyň möçberi kazyýetiň çözgüdi ýa-da taraplaryň ylalaşmagy boýunça kesgitlenilýär;

4) ahlak zyýanynyň öwezini dolmaga;

5) patent eýesiniň işewürlik abraýyny dikeltmek maksady bilen kazyýet çözgüdini çap etmäge.

Kazyýet bikanun harytlary muzdsuz almak hakynda çözgüt çykarmaga haklydyr.

3. Patent eýesiniň aýratyn hukugynyň bozulmagy hakyndaky hak isleg haçanda patent eýesiniň öz hukugynyň bozulandygy hakynda bilen ýa-da bilmeli bolan gününden üç ýylyň içinde bildirilip bilner.

Patent eýesiniň aýratyn hukugynyň bozulandygy hakynda hak isleg patent eýesi tarapyndan bildirilýär.

Patent eýesiniň hukuklarynyň bozulmagy hakynda talap arza, eger ygtyýarnama şertnamasynda başga zat göz öňünde tutulmasa, aýratyn ygtyýarnamanyň eýesi tarapyndan ýa-da eger bu ygtyýarnama şertnamasy tarapyndan göz öňünde tutulsa, aýratyn bolmadyk ygtyýarnamanyň eýesi tarapyndan hem berlip bilner.

## IX BAP. HALKARA HYZMATDAŞLYGY

**40-njy madda. Oýlap tapyşlaryň daşary ýurt döwletlerinde we (ýa-da) halkara guramalarynda patentlenilmegi**

1. Türkmenistanda döredilen oýlap tapyş üçin haýyşnama Türkmenpatente degişli haýyşnamanyň berlen senesinden dört aý geçenden soň, eger görkezilen döwürde haýyşnamaça haýyşnamada döwlet syryny düzýän maglumatlaryň saklanýandygy hakynda habar berilmese, daşary ýurt döwletlerine ýa-da halkara guramasyna berlip bilner.

2. Eger Türkmenistanda döredilen oýlap tapyş üçin halkara haýyşnamasy alyjy edara hökmünde Türkmenpatente berilse, degişli haýyşnamany Türkmenpatente deslapdan bermezden halkara haýyşnamasynyň berilmegine ýol berilýär.

Eger oýlap tapyş üçin Türkmenistanda döredilen ýewraziýa patenti Türkmenpatentiň üsti bilen berilse, degişli haýyşnamany Türkmenpatente deslapdan bermezden ýewraziýa haýyşnamasynyň berilmegine ýol berilýär.

3. Daşary ýurt döwletlerinde we halkara guramalarynda oýlap tapyşy patentlemek bilen baglanyşykly çykdajylary haýyşnamaçy ýa-da onuň bilen ylalaşmak boýunça başga şahs çekýär.

**41-nji madda. Oýlap tapyş üçin halkara haýyşnamasyna garalyşy**

1. Eger gorag resminamasynyň berilmegi hakynda haýyşnama halkara haýyşnamasynyň ilkinjilik senesinden otuz bir aýyň geçmegine çenli Türkmenpatente berilse, oýlap tapyş üçin

halkara haýyşnamasyny bermek senesi bellenilen oýlap tapyş üçin halkara haýyşnamasy halkara haýyşnamasyny bermek senesinden dogry resmileşdirilen milli haýyşnamanyň güýjüne eýedir, ol haýyşnamany Türkmenistanda bermegiň hakyky senesi hökmünde garalýar.

Türkmenpatent soralýan ilkinjiligiň senesinden otuz bir aý geçenden soň ýa-da haýyşnamaçynyň towakganamasy boýunça görkezilen möhletiň gutarmagyna çenli halkara haýyşnamasyna garap başlaýar.

2. Haýyşnamanyň halkara basgançakdan milli basgançaga geçmegi üçin duşdan geçirilen möhlet degişli paç tölenen şertinde bellenilen möhletiň gutaran senesinden üç aýyň içinde haýyşnamaçynyň towakganamasy boýunça dikeldilip bilner.

3. Türkmenpatent tarapyndan halkara haýyşnamasyna garamak şu Kanunyň kadalaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

Oýlap tapyş üçin haýyşnamanyň resminamalaryna üýtgetmeler girizmek üçin şu Kanunyň 19-njy maddasynyň ikinji bölegi bilen bellenilen möhlet şu maddanyň birinji böleginiň ikinji tesimine laýyklykda halkara haýyşnamasyna garamaga başlamagyň senesinden hasaplanylýar.

**42-nji madda. Patentiň ýa-da çäklendirilen patentiň ýewraziýa haýyşnamasy esasynda berlişi**

1. Patenti ýa-da çäklendirilen patenti bermek Ýewraziýa patent konwensiýasyna laýyklykda özgerdilen ýewraziýa haýyşnamasynyň esasynda amala aşyrylyp bilner.

Şeýle haýyşnama ýewraziýa haýyşnamasy ýaly şol berlen sene we ilkinjilik senesi bilen Türkmenpatente berlen, şu Kanuna laýyklykda oýlap tapyş üçin dogry resmileşdirilen, milli haýyşnama diýlip hasap edilýär.

Haýyşnama garamak haýyşnamaçy tarapyndan haýyşnamanyň berilmegi üçin bellenilen pajyň Türkmenpatente tölenen şertinde ýewraziýa haýyşnamasynyň tassyklanan nusgasynyň Türkmenpatent tarapyndan alnan senesinden başlap amala aşyrylýar.

2. Eger ol boýunça berlen ýewraziýa patenti onuň Türkmenistanyň çäginde güýjünde saklanylandygy üçin pajyň tölenmändigi zerarly öz hereketini möhletinden öň bes etse, patenti ýa-da çäklendirilen patenti bermek ýewraziýa haýyşnamasynyň esasynda amala aşyrylyp bilner.

Şeýle ýewraziýa patentiniň eýesi ýewraziýa haýyşnamasynyň berlen senesinden bäş ýylyň içinde ýa-da ýewraziýa patentiniň hereketiniň bes edilen senesinden üç ýylyň içinde, haýsy senäniň giç gelip ýetendigine baglylykda ýigrimi ýyl hereket ediş möhleti bilen patentiň ýa-da çäklendirilen patentiň berilmegi hakynda Türkmenpatentiň öňünde towakga etmäge haklydyr.

Şeýle patentiň berilmegi hakyndaky towakganama arza, ýewraziýa patentiniň nusgasy, degişli pajyň tölenendigi hakyndaky resminama, şeýle hem eger oýlap tapyş üçin haýyşnama eýesiniň wekili tarapyndan berilse, ynanç haty goşulmalydyr.

Patentiň berilmegi hakyndaky goşulan resminamalar bilen berlen towakganama şu Kanunyň 23-nji maddasynyň ikinji böleginiň düzgünlerine laýyklykda garalýar.

**43-nji madda. Daşary ýurtly şahslaryň hukuklary**

1. Daşary ýurtly şahslar Türkmenistanyň gatnaşýan halkara şertnamalaryna laýyklykda ýa-da özaralylyk ýörelgesiniň esasynda Türkmenistanyň beýleki şahslary bilen bir hatarda şu Kanun bilen göz öňünde tutulan hukuklardan peýdalanýarlar.

2. Eger Türkmenistanyň gatnaşýan halkara şertnamalary bilen başga tertip göz öňünde tutulmadyk bolsa, daşary ýurtly şahslar, şeýle hem Türkmenistanyň çäklerinden daşynda ýaşaýan ýa-da hemişelik ýaşaýan ýeri bolan Türkmenistanyň raýatlary Türkmenpatent bilen gatnaşyklarda öz hukuklaryny Türkmenpatentde bellige alnan patent ynamdarlarynyň üsti bilen durmuşa geçirýärler.

**44-nji madda. Gümrük gözegçiligi**

Türkmenistanda goralýan patentleri ýa-da çäklendirilen patentleri peýdalanmak üçin patent eýeleriniň ýa-da aýratyn ygtyýarnama eýeleriniň hukuklaryny goramak babatda gümrük gözegçiligi

Türkmenistanyň gümrük kanunçylygyna laýyklykda gümrük edaralary tarapyndan amala aşyrylýar.

## X BAP. JEMLEÝJI DÜZGÜNLER

**45-nji madda. Şu Kanunyň güýje girmegi**

1. Şu Kanun resmi taýdan çap edilen gününden güýje girýär.

2. Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalary şu Kanuna laýyk getirilýänçä, olar şu Kanuna ters gelmeýändigine görä ulanylýar.

*Aşgabat şäheri.*
*2017-nji ýylyň 4-nji noýabry.*
*№ 629-V.*

## TÜRKMENISTANYŇ KANUNY

### Senagat nusgalarynyň hukuk goragy hakynda

*Şu Kanun senagat nusgalarynyň hukuk goragy we peýdalanylmagy bilen baglanyşykly ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýär.*

### I BAP. UMUMY DÜZGÜNLER

**1-nji madda. Esasy düşünjeler**

Şu Kanunda aşakdaky esasy düşünjeler ulanylýar:

1) **Türkmenpatent** – Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň intellektual eýeçilik boýunça Döwlet gullugy;

2) **Pariž konwensiýasy** – 1967-nji ýylyň 14-nji iýulynda Stokgolm şäherinde gaýtadan gözden geçirilen we 1979-njy ýylyň 2-nji oktýabrynda düzedilen, 1883-nji ýylyň 20-nji martyndaky senagat eýeçiligini goramak boýunça Pariž konwensiýasy;

3) **senagat nusgasy** – senagat önüminiň daşky görnüşini kesgitleýän, täze, hakyky we senagatda ulanarlykly çeperçilik-gurnama çözgüt;

4) **Ženewa Namasy (1999 ý.)** – şu Nama bilen resmileşdirilen senagat nusgalaryny halkara bellige almak hakynda Gaaga ylalaşygy;

5) **Halkara býuro** – oňa senagat nusgasyny halkara bellige aldyrmak üçin haýyşnama berilýän we senagat nusgalarynyň halkara bellige alynmalary hakynda resmi maglumatlary özünde saklaýan Halkara sanawyny ýöredýän intellektual eýeçiligiň Bütindünýä guramasynyň (IEBG) düzüm birligi;

6) **senagat nusgasynyň halkara bellige alnyşy** (mundan beýläk – halkara bellige alnyşy) – Ženewa Namasyna (1999 ý.) laýyklykda amala aşyrylan we Türkmenistanda goraga alnan senagat nusgasyny bellige aldyrmak üçin berlen halkara haýyşnamasyna laýyklykda senagat nusgasynyň bellige alynmagy;

7) **senagat nusgasyny bellige aldyrmak üçin halkara haýyşnamasy** (mundan beýläk – halkara haýyşnamasy) – Ženewa Namasyna (1999 ý.) laýyklykda berlen halkara belligine aldyrmaga haýyşnama;

8) **şahs** – fiziki ýa-da ýuridik şahs;

9) **haýyşnamaçy** – senagat nusgasy üçin haýyşnama beren we senagat nusgasy üçin patent ýa-da halkara bellige alnyşyny almaga dalaş edýän şahs;

10) **senagat nusgasy üçin haýyşnama** (mundan beýläk – haýyşnama) – senagat nusgasyna patent almak ýa-da halkara bellige aldyrmak üçin gerek bolan resminamalaryň jemi;

11) **senagat nusgasy üçin aýratyn haýyşnama** (mundan beýläk – aýratyn haýyşnama) – haýyşnamaçynyň öz başlangyjy boýunça ýa-da öňki haýyşnamadaky senagat nusgasynyň bitewüliginiň talaplarynyň bozulandygy üçin seljermäniň talap etmegi boýunça Türkmenpatente berlen şol bir haýyşnamaçynyň öň beren haýyşnamasynyň gaýtalanýan böleginiň haýyşnamasy;

12) **senagat nusgasy üçin birinji haýyşnama** (mundan beýläk – birinji haýyşnama) – Pariž konwensiýasyna gatnaşyjy döwletiň degişli edarasyna berlen haýyşnama, konwension ilkinjilik onuň berlen senesi boýunça bellenilýär;

13) **senagat nusgasy üçin konwension haýyşnama** (mundan beýläk – konwension haýyşnama) – konwension ilkinjilik soralýan haýyşnama;

14) **konwension ilkinjilik** – Pariž konwensiýasyna gatnaşyjy döwletiň degişli edarasyna birinji haýyşnamanyň berlen senesi boýunça bellenilen senagat nusgasynyň ilkinjiligi;

15) **senagat nusgasynyň ilkinjiligi** – haýyşnamany bermekde wagt boýunça birinjilik;

16) **senagat nusgasy üçin patent** (mundan beýläk – patent) – ilkinjiligi, awtorlygy we

hukuga eýelik edijiniň senagat nusgasyna bolan aýratyn hukugyny tassyklaýan Türkmenistanyň gorag resminamasy;

17) **hukuga eýelik ediji** – Türkmenistanda patentlenen senagat nusgasyna ýa-da Türkmenistanda goraga alnan senagat nusgasynyň halkara bellige alynmagyna bolan aýratyn hukuga eýelik edýän şahs;

18) **gulluk senagat nusgasy** – öz gulluk borçlaryny ýa-da iş berijiniň anyk tabşyrygyny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly işgär tarapyndan döredilen senagat nusgasy;

19) **senagat nusgasy üçin hukuklaryň berilmegi** – şertnamanyň esasynda hukuga eýelik ediji tarapyndan senagat nusgasyna bolan hukugyň başga şahsa berilmegi;

20) **senagat nusgasy üçin ygtyýarnama** (mundan beýläk – ygtyýarnama) – ygtyýarnama şertnamasy boýunça senagat nusgasynyň hukuk eýesiniň olary başga birine ulanmaga berýän rugsatnamasy;

21) **Býulleten** – Türkmenistanda bellige alnan senagat nusgalary we patentleri almak üçin berlen haýyşnamalar hakynda maglumatlary çap etmek üçin niýetlenen Türkmenpatentiň resmi döwürleýin neşiri;

22) **kontrafakt (bikanun) harytlar** – goralýan senagat nusgasynyň bikanun ulanylýan harytlary;

23) **patent ynamdary** – Türkmenpatentde hünär synagyndan geçen we bellige alnan we senagat nusgalary üçin hukuklary edinmekde we goramakda fiziki we ýuridik şahslaryň bähbitlerine professional esasda wekilçilik edýän, Türkmenistanyň çäginde hemişelik ýaşaýan onuň raýaty;

24) **Apellýasiýa topary** – awtorlaryň, haýyşnamaçylaryň we hukuga eýelik edijileriň hukuklaryny goramak, şeýle hem bu toparyň ygtyýaryna girýän beýleki meseleler bilen baglanyşykly jedelleriň kazyýete çenli garalmagyny goşup, bozulan ýa-da jedelleşilýän hukuklar hakyndaky arzalara garamak üçin Türkmenpatentiň ýanynda döredilen topar.

### 2-nji madda. Senagat nusgalarynyň hukuk goragy hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy

Senagat nusgalarynyň hukuk goragy hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar we Türkmenistanyň Raýat kodeksinden, şu Kanundan we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan durýar.

### 3-nji madda. Senagat nusgalarynyň hukuk goragy babatda döwlet düzgünleşdirilmesi

1. Senagat nusgalarynyň hukuk goragy babatda döwlet düzgünleşdirilmesini Türkmenpatent amala aşyrýar.

2. Türkmenpatent öz ygtyýaryna laýyklykda:

1) senagat nusgalary üçin haýyşnamalary garamak üçin kabul edýär, olar boýunça seljerme geçirýär;

2) senagat nusgalarynyň Döwlet sanawyny ýöredýär;

3) senagat nusgalary üçin Türkmenistanyň patentlerini berýär;

4) senagat nusgalary babatda olary bermek hakyndaky şertnamalary we ygtyýarnama şertnamalaryny bellige alýar;

5) senagat nusgalarynyň bellige alnyşyna üýtgetmeler girizýär;

6) Býulleteni neşir edýär;

7) senagat nusgalarynyň hukuk goragy babatda bozulan ýa-da jedelleşilýän hukuklar hakynda gyzyklanýan şahslaryň garşylyklaryna garaýar;

8) senagat nusgalarynyň hukuk goragy babatda Türkmenistanyň kanunçylygyny kämilleşdirmek we halkara şertnamalaryny baglaşmak boýunça teklipleri işläp taýýarlaýar;

9) patent ynamdarlarynyň hünär synagyny we bellige alnyşyny geçirýär.

3. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi şu Kanun, Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen Türkmenpatente berlen ygtyýarlyklaryň çäklerinde senagat nusgalarynyň hukuk goragynyň meseleleri boýunça halkara şertnamalaryna laýyklykda

Türkmenistan tarapyndan öz üstüne alnan borçnamalaryň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär.

4. Gyzyklanýan şahslar Türkmenpatent bilen gös-göni, wekilleriň, şeýle hem şu Kanunyň 42-nji maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan düzgünleri hasaba almak bilen Türkmenpatentde bellige alnan patent ynamdarlarynyň üsti bilen iş alyp barmaga haklydyrlar.

Wekiliň ýa-da patent ynamdarynyň ygtyýarlyklary ynanç haty bilen tassyklanylýar.

Patent ynamdarlarynyň hünär synagynyň we bellige almagyň tertibi Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan kesgitlenilýär.

## II BAP. SENAGAT NUSGALARYNYŇ HUKUK GORAGYNYŇ ESASLARY

### 4-nji madda. Senagat nusgalarynyň hukuk goragynyň möçberi

1. Senagat nusgasyna bolan hukuk Türkmenistanyň kanunçylygy bilen goralýar we patent ýa-da halkara bellige almak bilen tassyklanylýar.

Senagat nusgasyna bolan aýratyn hukuk ol senagat nusgalarynyň Döwlet sanawynda bellige alnandan soň ýüze çykýar.

2. Patent ýa-da halkara bellige almasy bilen berilýän hukuk goragynyň möçberi öndürilen önümiň şekillerinde şöhlelendirilen düýpli alamatlaryň jemi bilen kesgitlenilýär.

3. Haýyşnama edilen senagat nusgasyna haýyşnama hakyndaky maglumatlaryň çap edilen senesinden ýa-da halkara haýyşnamasynyň çap edilen senesinden senagat nusgalarynyň Döwlet sanawynda bellige alynjak senesine çenli wagtlaýyn hukuk goragy berilýär.

Haýyşnama edilen senagat nusgasyny peýdalanýan şahs onuň wagtlaýyn hukuk goragynyň hereket edýän döwründe patent eýesine öwez puluny töleýär, onuň möçberi taraplaryň ylalaşygy boýunça kesgitlenilýär.

Eger patenti bermekden ýa-da halkara haýyşnamasy boýunça senagat nusgasyna goragy bermekden ýüz döndermek hakynda çözgüt kabul edilse, wagtlaýyn hukuk goragy bolmadyk diýlip hasap edilýär.

4. Senagat nusgasy patentiň ýa-da halkara bellige almasynyň möhleti gutarandan ýa-da möhletinden öň bes edilenden soň jemgyýetçilik emlägine geçýär.

Jemgyýetçilik emlägine geçen senagat nusgasy haýsydyr bir razylyk ýa-da rugsat bolmazdan we peýdalanylandygy üçin töleg tölemezden islendik şahs tarapyndan erkin peýdalanylyp bilner.

### 5-nji madda. Patentiň we halkara bellige almagyň hereket ediş möhletleri

1. Patentiň we halkara bellige almagyň hereketiniň aňyrbaşy möhleti on bäş ýyldyr.

2. Patent ilkibaşda Türkmenpatente haýyşnamanyň berlen senesinden başlap bäş ýyl hereket edýär. Halkara bellige almak ilkibaşda Halkara býurosyna haýyşnamanyň berlen senesinden başlap bäş ýyl hereket edýär.

Patentiň we halkara bellige almagyň hereketi bellenilen pajyň tölenen şertinde her bäş ýyl boýunça goşmaça möhlete uzaldylyp bilner.

### 6-njy madda. Senagat nusgasynyň patente ukyplylygynyň şertleri

1. Senagat nusgasy hökmünde haýyşnama edilen obýekte, eger ol täze, hakyky we senagat taýdan ulanarlykly bolsa, hukuk goragy berilýär.

2. Eger-de bellige almak ýa-da ilkinjilik üçin haýyşnamanyň berilmeginden öň onuň düýpli alamatlarynyň ýa-da meňzeş senagat nusgasynyň jemi köpçülige aýan edilmedik bolsa senagat nusgasy täze bolup biler.

Eger-de senagat nusgasynyň düýpli alamatlary düýpli bolmadyk detallarda tapawutlanýan bolsalar, onda olar meňzeş diýlip ykrar edilýär.

Senagat nusgasynyň düýpli alamatlaryna öndürilen önümiň daşky görnüşiniň estetiki we (ýa-da) ergonomik alamatlaryny, hususan-da görnüşini, konfigurasiýasyny, nagşyny we reňkleriň utgaşmagyny kesgitleýän alamatlar degişlidir.

Täzelik kesgitlenende Türkmenistanda patentlenen senagat nusgalary we has irki ilkinjilik möhlet bilen Türkmenpatente berlen beýleki şahslaryň senagat nusgalaryna bolan haýyşnamalar hem göz öňünde tutulýar.

Eger-de ol bellige alynmagy, sergä çykarylmagy sebäpli, täjirçilik işinde peýdalanylan ýa-da başga görnüşde jemgyýetçilige elýeter bolan ýagdaýynda senagat nusgasy köpçülige aýan diýlip ykrar edilýär.

Eger haýyşnamaçy, awtor ýa-da bu maglumaty ondan göni ýa-da gytaklaýyn alan islendik şahs tarapyndan senagat nusgasyna degişli maglumatyň köpçülige aýan edilmegi netijesinde senagat nusgasynyň düýp mazmuny hakyndaky maglumatlar umumy elýeter bolsa, şunda eger haýyşnama maglumatyň aýan edilen senesinden alty aýdan gijä galman Türkmenpatente berilse, onda ol senagat nusgasynyň patente ukyplylygyna täsir edýän ýagdaý diýlip ykrar edilmeýär. Şunda bu fakty subut etmek borjy haýyşnamaçynyň üstüne düşýär.

3. Eger senagat nusgasynyň düýpli alamatlary öndürilen önümiň aýratynlyklarynyň döredijilik häsiýetini şertlendirseler, ol asyl nusga diýlip ykrar edilýär.

Eger onuň düýpli tapawutlandyryjy alamatlarynyň bolmanda biri boýunça şeýle alamatyň mahsus bolan çeperçilik-gurnama çözgütleri ýüze çykarylmasa, senagat nusgasy asyl nusgalylygyň şertine laýyk gelýär diýlip ykrar edilýär.

Aşakdaky çeperçilik-gurnama çözgütleri senagat nusgalary hökmünde ykrar edilmeýär, olar şulardyr:

1) aýratyn alnan ýönekeýje geometrik göwrüm (prizma, sfera, konus şekilli we göwrümiň beýleki görnüşi) ýa-da aýratyn alnan ýönekeý geometrik şekiller;

2) döredijilik taýdan gaýtadan işlemezden doly alnan görnüşler;

3) ilkinji nusgasy bilen deňeşdirilende diňe möçberleri we proporsiýalary üýtgedilen ýa-da elementleriniň sany üýtgedilip öndürilen önümler.

4. Eger senagat nusgasy köp gezek gaýtadan döredilip bilinse, ol senagat taýdan ulanarlykly diýlip ykrar edilýär.

Ýokary çeperçilikli el işine degişli öndürilen önümler awtorlyk hukugynyň kadalary bilen goralmaga degişlidir.

### 7-nji madda. Patenti bermekden ýa-da halkara bellige almakdan ýüz döndermek üçin esaslar

1. Senagat nusgalaryna şu ýagdaýlarda hukuk goragynyň berilmegine ýol berilmeýär:

1) jemgyýetçilik bähbitlerine, ynsanperwerlik we ahlak ýörelgelerine ters gelýän;

2) öndüriji we (ýa-da) öndürilen önümiň we (ýa-da) öndürilen önümiň hyzmat edýän harydynyň öndürilen ýeri babatda peýdalanyjyny, hususan-da gaby, gaplamasy, nyşany, etiketkasy bilen bulaşyklyga getirmäge ukyply;

3) öndürilen önümiň diňe tehniki işi bilen şertlendirilen;

4) binagärligiň obýektleri (kiçi binagärlik görnüşlerinden başga), senagat, gidrotehniki we beýleki stasionar desgalary, şeýle hem suwuk, gaz şekilli, külke ýa-da olara meňzeş maddalardan edilen durnuksyz görnüşli obýektler bolup durýan.

2. Aşakdakylar bilen garyşdyrma getirip biljek meňzeş ýa-da umumy duýgyny döredýän elementleri gaýtalaýan ýa-da öz içine alýan senagat nusgalaryna goragyň berilmegine ýol berilmeýär:

1) döwlet tugralary, baýdaklary we beýleki döwlet simwollary we nyşanlary bolan;

2) halkara we hökümetara guramalarynyň gysgaldylan ýa-da doly atlary bolan, olaryň tugralary, baýdaklary, beýleki simwollary we nyşanlary bolan;

3) resmi gözegçilik, kepillik ýa-da düzümini anyklaýan tagmalary, möhürleri, sylaglary we beýleki tapawutlandyryş nyşanlary bolan.

Eger muňa degişli ygtyýarly edaranyň razylygy bolsa, şeýle elementler öndürilen önümiň

daşky görnüşiniň ýerine ýetirilişine goşulyp bilner;

4) Türkmenistanyň medeni mirasynyň aýratyn gymmatly obýektleriniň ýa-da bütindünýä medeni ýa-da tebigy mirasynyň obýektleriniň resmi atlary, medeni gymmatlyklarynyň şekilleri bolan;

5) Türkmenistanyň halkara şertnamasyna laýyklykda Türkmenistanda senagat nusgalary hökmünde döwlet bellige alynmagyna ýol berilmeýän elementleri bolan.

3. Şonuň ýaly-da garjaşdyrma getirip biljek meňzeş ýa-da umumy duýgyny döredýän elementleri gaýtalaýan ýa-da öz içine alýan senagat nusgalaryna goragyň berilmegine ýol berilmeýär:

1) eger haryt nyşanynyň döwlet bellige alynmasyna haýyşnama yzyna alynmasa ýa-da yzyna alnan diýlip ykrar edilmese, harytlaryň we has irki ilkinjiligi bolan birkysmy öndürilen önüm babatda döwlet bellige alynmagy üçin haýyş edilen beýleki şahslaryň haýyşnamanyň berlen senesinde mälim bolan haryt nyşanlary bolan;

2) haçan-da senagat nusgasynyň hukuk goragy şeýle ada aýratyn hukugy bolan adam tarapyndan soralan halatlaryndan başga we eger senagat nusgasy önüme (haryda) ýa-da hususan-da onuň aýrybaşgalanmasy üçin harydyň gelip çykan ýeriniň adynyň bellige alnan gaby, gaplamasy, emblemasy, etiketkasy bolup hyzmat edýän önümine degişli bolsa, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda goralýan harytlaryň gelip çykan ýerleriniň atlary bilen;

3) haýyşnamanyň berlen senesinde Türkmenistanda goralýan meşhur firma atlary, harytlaryň we (ýa-da) önümiň, hususan-da gap, gaplamak, emblema, etiketka bolup hyzmat edýän harytlaryň birkysmy önüm babatynda goralýan seleksiýa gazananlarynyň Döwlet sanawynda bellige alnan seleksiýa gazananlarynyň atlary bilen;

4) haýyşnamanyň berlen senesinde Türkmenistanda meşhur şahslaryň, bu şahslaryň ýa-da olaryň mirasdarlarynyň razylygy bolmazdan, olaryň meşhur atlary, lakamlary ýa-da olardan döredilen belgileri bilen, portretleri bilen ýa-da faksimilesi bilen.

## III BAP. AWTORLAR WE HUKUGA EÝELIK EDIJILER

### 8-nji madda. Senagat nusgasynyň awtory

1. Senagat nusgasynyň awtory diýlip döredijilikli zähmeti bilen ony döreden fiziki şahs ykrar edilýär.

2. Eger senagat nusgasynyň döredilmegine fiziki şahslaryň birnäçesi gatnaşsa, olaryň hemmesi onuň şärikli awtorlary hasap edilýär. Şärikli awtorlara degişli hukuklary peýdalanmagyň tertibi olaryň arasyndaky ylalaşyk bilen kesgitlenilýär.

Senagat nusgasynyň döredilmegine şahsy döredijilik goşandyny goşmadyk, awtora diňe tehniki, guramaçylyk ýa-da maddy taýdan kömek eden ýa-da diňe oňa hukuklaryň resmileşdirilmegine we onuň peýdalanylmagyna ýardam eden fiziki şahs awtor diýlip ykrar edilmeýär.

3. Awtorlyk hukugy aýrylmaz şahsy hukukdyr we möhletsiz goralýar.

### 9-njy madda. Patente ýa-da halkara bellige aldyrmaga bolan hukuk

1. Patente ýa-da halkara bellige aldyrmaga bolan hukuk aşakdakylara degişlidir:

1) senagat nusgasynyň awtoryna (şärikli awtorlaryna) ýa-da onuň (olaryň) hukuk oruntutaryna (hukuk oruntutarlaryna);

2) şu maddanyň ikinji böleginiň düzgünlerinde göz öňünde tutulan halatlarda iş berijä ýa-da onuň hukuk oruntutaryna.

2. Öz gulluk borçlaryny ýa-da iş berijiniň hukuk taýdan anyk resmileşdirilen tabşyrygyny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly işgär tarapyndan döredilen senagat nusgasynyň patentini (gulluk senagat nusgasy) ýa-da halkara bellige alşyny almaga bolan hukuk, eger iş beriji bilen işgäriň arasynda şertnama bilen başga zat göz öňünde tutulmasa, iş berijä degişlidir.

Eger iş beriji döredilen senagat nusgasy hakynda onuň awtory tarapyndan habar berlen seneden dört aýyň içinde Türkmenpatente haýyşnama bermese ýa-da degişli obýekti gizlin

saklamak hakynda awtora resmi taýdan habar bermese, onda patenti ýa-da halkara bellige alşy almaga bolan hukuk awtora geçýär. Şu ýagdaýda iş beriji şertnamalaýyn esasda kesgitlenilýän öwez puluny hukuga eýelik edijä tölemek bilen senagat nusgasyny öz önümçiliginde peýdalanmak hukugyna eýedir.

**10-njy madda. Awtoryň tölege bolan hukugy**

1. Patenti ýa-da halkara bellige alnyşy almaga hukuk degişli bolmadyk gulluk senagat nusgasynyň awtory iş berijiden olaryň arasynda ylalaşygyň esasynda kesgitlenilýän möçberde we şertlerde tölenilýän tölegi almak hukugyna eýedir.

2. Tölegi ýa-da öwez puluny tölemegiň möçberi we tertibi hakynda taraplaryň arasynda ylalaşyk gazanylmadyk mahalynda jedel kazyýet tertibinde garalýar.

3. Şertnama bilen kesgitlenilen tölegiň ýa-da öwez pulunyň öz wagtynda tölenilmändigi üçin günäkär iş beriji şunda Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýär.

4. Senagat nusgasynyň peýdalanylandygy üçin şärikli awtorlaryň arasynda tölegi paýlamak olaryň arasyndaky ylalaşygyň ýa-da şertnamanyň esasynda amala aşyrylýar.

## IV BAP. SENAGAT NUSGASYNA BOLAN AÝRATYN HUKUK

**11-nji madda. Hukuga eýelik edijiniň hukuklary**

1. Hukuga eýelik ediji senagat nusgasyny peýdalanmakda, ony beýleki şahslara peýdalanmaga rugsat bermekde ýa-da gadagan etmekde aýratyn hukuga eýedir.

Hukuga eýelik edijiniň aýratyn hukugynyň bozulmagy bolup durýan hereketleri amala aşyrmaga, şol sanda onuň rugsady bolmazdan senagat nusgasyny peýdalanmaga hiç kimiň haky ýokdur, şu Kanunda göz öňünde tutulan halatlar muňa degişli däldir.

2. Hukuga eýelik ediji şertnama boýunça patente ýa-da halkara bellige almasyna bolan hukugy, senagat nusgasyny peýdalanmaga bolan ygtyýarnamany islendik şahsa berip biler.

3. Eger hukuga eýelik ediji patentlenen senagat nusgasyny ýa-da halkara bellige almasyny başga hukuga eýelik edijiniň hukuklaryny bozmazdan peýdalanyp bilmese, ol beýleki hukuga eýelik edijiden ygtyýarnama şertnamasynyň baglaşylmagyny talap edip biler.

4. Hukuga eýelik edijileriň arasynda senagat nusgasyny peýdalanmak boýunça özara gatnaşyklar olaryň arasyndaky ylalaşyk bilen kesgitlenilýär. Şeýle ylalaşyk bolmadyk mahalynda olaryň her biri senagat nusgasyny öz islegine görä peýdalanyp biler, ýöne galan hukuga eýelik edijileriň razylygy bolmazdan oňa bolan ygtyýarnamany bermäge ýa-da senagat nusgasyna bolan hukugy başga şahsa bermäge haky ýokdur.

Ygtyýarnamany bermek hakynda ýa-da senagat nusgasyna bolan hukugy bermek hakynda hukuga eýelik edijileriň arasynda ylalaşyk gazanylmadyk halatynda jedel kazyýet tertibinde çözülip bilner.

5. Özara baglanyşykly patentleriň we (ýa-da) halkara bellige almalaryň hukuga eýelik edijileriniň arasyndaky özara gatnaşyklar olaryň arasynda ygtyýarnama şertnamasyny baglaşmak bilen düzgünleşdirilýär. Hukuga eýelik edijileriň arasynda ylalaşyk gazanylmadyk mahalynda şu Kanunyň 29-njy maddasynyň düzgünleri ulanylýar.

6. Patenti ýa-da halkara bellige alynmagyny almaga bolan hukuklar miras boýunça geçýär.

**12-nji madda. Hukuga eýelik edijiniň aýratyn hukugynyň bozulmagy diýlip ykrar edilýän hereketler**

Aşakdakylar senagat nusgasyna bolan aýratyn hukugyň bozulmagy diýlip ykrar edilýär:

1) hukuga eýelik edijiniň rugsady bolmazdan patentlenen senagat nusgasynyň ýa-da halkara bellige alnyşynyň peýdalanylmagy;

2) hukuga eýelik edijiniň rugsady bolmazdan patentlenen senagat nusgasy we halkara bellige alnyşy peýdalanylan önümiň taýýarlanylmagy, ulanylmagy, getirilmegi, satmak üçin hödürlenilmegi, satylmagy we hojalyk dolanyşygyna başga hili girizilmegi ýa-da şu maksat bilen saklanylmagy;

3) ýokarda agzalan hereketleri amala aşyrmaga üçünji şahslary gönükdirmek.

**13-nji madda. Hukuga eýelik edijiniň aýratyn hukugynyň bozulmagy diýlip ykrar edilmeýän hereketler**

Aşakdakylar hukuga eýelik edijiniň aýratyn hukugynyň bozulmagy diýlip ykrar edilmeýär:

1) senagat nusgasy ulanylyp öndürilen önümiň konstruksiýada, kömekçi enjamda ýa-da daşary ýurt döwletleriniň ulag serişdeleri ulanylanda (suw, howa, awtomobil, demir ýol ulagy we kosmos tehnikasy) peýdalanylmagy, şunda görkezilen ulag serişdeleri wagtlaýyn ýa-da tötänleýin Türkmenistanyň çäginde bolýarlar we görkezilen önüm ulag serişdesiniň hajatlary üçin ulanylýar. Şeýle hereketler Türkmenistanda bellige alnan ulag serişdeleri babatda şeýle hukuklary berýän daşary ýurt döwletleriniň ulag serişdeleri babatda hukuga eýelik edijiniň aýratyn hukugynyň bozulmagy diýlip ykrar edilmeýär;

2) bir aý möhletde hukuga eýelik edijä habar bermek we soňra oňa deňölçegli öwez puluny tölemek bilen senagat nusgasynyň adatdan daşary ýagdaýlarda (tebigy betbagtçylyklar, katastrofalar, awariýalar) ulanylmagy;

3) eger şeýle peýdalanmagyň maksady peýda (girdeji) almak bolmasa, senagat nusgasynyň şahsy, maşgala, öý ýa-da telekeçilik işi bilen baglanyşykly bolmadyk başga hajatlary kanagatlandyrmak üçin ulanylmagy;

4) eger bu öndürilen önüm hukuga eýelik edijiniň özi ýa-da hukuga eýelik edijiniň rugsady bilen başga şahs tarapyndan öň Türkmenistanyň çäginde raýat dolanyşygyna girizilse, senagat nusgasy ulanylyp öndürilen önümiň ulanylmagy, satmak üçin teklip edilmegi, satylmagy, raýat dolanyşygyna başga hili girizilmegi ýa-da bu maksatlar üçin saklanylmagy.

**14-nji madda. Öňden ulanmak hukugy**

1. Senagat nusgasynyň ilkinjilik senesine çenli onuň awtoryna garamazdan döredilen meňzeş çözgüdi Türkmenistanyň çäginde päk ýürekli peýdalanan ýa-da munuň üçin zerur taýýarlygy eden islendik şahs şeýle peýdalanmagyň möçberini giňeltmezden ony mundan beýläk muzdsuz peýdalanmak hukugyny saklaýar.

2. Öňden ulanmak hukugy diňe meňzeş çözgüdiň peýdalanylan ýa-da munuň üçin zerur taýýarlygyň edilen önümçiligi bilen bilelikde başga şahsa berlip bilner.

**15-nji madda. Senagat nusgasynyň ulanylmagy**

1. Senagat nusgasynyň ulanylmagy diýlip senagat nusgasy ulanylyp öndürilen önümiň hojalyk dolanyşygyna girizilmegi ykrar edilýär.

2. Eger ol öndürilen önümiň şekillerinde (maketlerde, ergonometrik çyzgylarda, konfeksion kartalarda) berlen onuň düýpli alamatlaryny özünde saklasa, senagat nusgasy öndürilen önümde peýdalanylan diýlip hasap edilýär.

3. Eger senagat nusgasy peýdalanylanda özara baglanyşykly beýleki senagat nusgasynyň ähli alamatlary peýdalanylsa, beýleki özara baglanyşykly senagat nusgasy hem peýdalanylan diýlip ykrar edilýär.

4. Goralýan senagat nusgasyny peýdalanmak isleýän islendik şahs hukuga eýelik ediji bilen ygtyýarnama şertnamasyny baglaşmaga borçludyr.

## V BAP. SENAGAT NUSGASY ÜÇIN PATENTIŇ ALYNMAGY

**16-njy madda. Haýyşnamanyň berilmegi**

1. Haýyşnama Türkmenpatente berilýär. Haýyşnamaçy hökmünde senagat nusgasynyň

awtory (şärikli awtorlary), iş beriji ýa-da olaryň hukuk oruntutarlary çykyş edip bilerler.

2. Haýyşnama senagat nusgasynyň birine ýa-da olaryň ýeke-täk döredijilik pikirini döredýändigine görä öz arasynda baglanyşykly senagat nusgalarynyň toparyna degişli bolmalydyr (senagat nusgasynyň bitewülik talaby).

3. Patentiň berilmegi hakyndaky haýyşnama döwlet dilinde berilýär. Haýyşnamanyň beýleki resminamalary olaryň döwlet dilindäki terjimesini goşmak bilen başga dilde berlip bilner.

Başga dilde berlen resminamalar, eger olaryň terjimesi senagat nusgasy üçin haýyşnamanyň berlen senesinden üç aýyň içinde gelip gowuşsa, olaryň Türkmenpatente gelip gowşan senesinde berlen diýlip hasap edilýär.

Eger agzalan terjime senagat nusgasy üçin haýyşnamanyň berlen senesinden üç aýyň içinde berilmese, bellenilen möhlet degişli paç tölenen şertinde haýyşnamaçynyň towakganamasy boýunça üç aý üçin uzaldylyp bilner.

Terjime bellenilen möhletlerde berilmedik mahalynda, haýyşnama yzyna alnan diýlip hasap edilýär.

4. Haýyşnama aşakdakylary özünde saklamalydyr:

1) senagat nusgasynyň awtoryny (şärikli awtorlaryny) we adyna patent soralýan şahsy (şahslary), şeýle hem olaryň ýaşaýan ýerini ýa-da bolýan ýerini görkezmek bilen patentiň berilmegi hakyndaky haýyşnamany;

2) senagat nusgasynyň (nusgalarynyň) daşky görnüşi hakynda doly düşünje berýän, şekilleri reprodusirlemek üçin ýaramly öndürilen önümiň (öndürilen önümleriň) toplumyny;

3) eger olar senagat nusgasynyň düýp manysyny açmak üçin zerur bolsa, öndürilen önümiň umumy görnüşini, ergonomik çyzgysyny, konfeksion kartany;

4) eger munuň özi onuň düýp manysyny ýa-da aýratynlyklaryny açmak üçin zerur bolsa, senagat nusgasynyň gysgaça beýanyny;

5) bellenilen pajyň tölenendigi hakyndaky resminamany.

Öndürilen önümiň daşky görnüşi hakyndaky doly jikme-jik düşünje berýän onuň şekilleri hökmünde fotografiýalar, suratlar, şol sanda kompýuter grafikasynyň serişdeleri bilen ýerine ýetirilen, beýleki usullar bilen ýerine ýetirilen reproduksiýalar berlip bilner.

5. Eger bu haýyşnama haýyşnamaçynyň wekili tarapyndan berilse, haýyşnama ynanç haty goşulýar. Ynanç haty haýyşnamanyň gelip gowşan senesinden üç aýyň içinde Türkmenpatente berilmelidir.

Eger ynanç haty haýyşnamanyň berlen senesinden üç aýyň içinde berilmese, bellenilen möhlet bellenilen paç tölenen şertinde haýyşnamaçynyň towakganamasy boýunça üç aý üçin uzaldylyp bilner.

Ynanç haty bellenilen möhletlerde berilmese, haýyşnama yzyna alnan diýlip ykrar edilýär.

6. Konwension ilkinjiligi soramak bilen haýyşnama goşmaça birinji haýyşnamanyň tassyklanan göçürmesi goşulýar, ol konwension haýyşnamanyň Türkmenpatente gelip gowşan senesinden dört aýdan gijä galman berilýär.

Konwension haýyşnama birinji haýyşnamanyň berlen senesinden alty aýyň içinde berilmelidir.

Konwension ilkinjiligi bellemek hakyndaky towakganama haýyşnamanyň Türkmenpatente berlen senesinden üç aýyň içinde berlip bilner.

7. Haýyşnamanyň resminamalaryna bolan talaplar Türkmenpatent tarapyndan bellenilýär.

**17-nji madda. Senagat nusgasynyň ilkinjiligi**

1. Senagat nusgasynyň ilkinjiligi haýyşnamanyň Türkmenpatente berlen senesi boýunça bellenilýär.

2. Ilkinjilik şu Kanunyň 16-njy maddasynyň altynjy böleginde bellenen düzgünler ýerine ýetirilen şertinde Pariž konwensiýasyna gatnaşyjy döwletde birinji haýyşnamanyň berlen senesi boýunça bellenilip bilner.

3. Eger olar haýyşnama edilen senagat nusgasynyň düýp manysyny üýtgedýän hökmünde olary göz öňünde tutmak mümkinçiliginiň ýoklugy hakynda Türkmenpatentiň habarynyň iberilen

senesinden üç aý möhletiň gutarmagyna çenli berlen özbaşdak haýyşnama hökmünde haýyşnamaçy tarapyndan resmileşdirilse, onda ilkinjilik goşmaça materiallaryň gelip gowşan senesi boýunça bellenilip bilner.

4. Eger şeýle ilkinjiligiň soralýan haýyşnamasy has öňki haýyşnamanyň berlen senesinden alty aýdan gijä galman berilse we eger öňki berlen haýyşnama boýunça has irki ilkinjilik soralmasa, ilkinjilik senagat nusgasyny aýan edýän şol bir haýyşnamaçynyň has irki haýyşnamasynyň Türkmenpatente gelip gowşan senesi bellenilip bilner. Şunda irki haýyşnama yzyna alnan diýlip hasap edilýär.

5. Eger şikaýat etmek mümkinçiligi gutarmadyk, aýratyn berlen haýyşnama patenti bermekden ýüz döndermek hakyndaky öňki haýyşnama boýunça çözgüdiň kabul edilmegine çenli berlen bolsa, aýratyn berlen haýyşnama boýunça senagat nusgasynyň ilkinjiligi onuň düýp manysyny açýan şol bir haýyşnamaçynyň irki haýyşnamasynyň Türkmenpatente beren senesi boýunça bellenilýär, patenti bermek hakynda görkezilen haýyşnama boýunça görkezilen çözgüt kabul edilen mahalynda bolsa – senagat nusgalarynyň Döwlet sanawynda senagat nusgasynyň bellige alnan senesine çenli bellenilýär.

6. Eger meňzeş senagat nusgalarynyň ilkinjiliginiň şol bir senesiniň bardygy anyklanylsa, onda patent ony Türkmenpatente iberilen has irki senesiniň subut edilen haýyşnamasy boýunça, bu seneler gabat gelende bolsa Türkmenpatentiň has irki bellige alyş belgisi bolan haýyşnama boýunça berilýär.

**18-nji madda. Haýyşnamanyň resminamalaryna üýtgetmeleriň girizilmegi**

1. Haýyşnamaçy bu haýyşnama boýunça patenti bermek hakyndaky çözgüdiň ýa-da ony bermekden ýüz döndermek hakyndaky çözgüdiň kabul edilmegine çenli senagat nusgasynyň düýp manysyny üýtgetmezden haýyşnamanyň resminamalaryna düzedişler we takyklamalar girizmäge hukuklydyr.

Goşmaça maglumatlar, eger olar haýyşnamanyň berlen senesinde öndürilen önümiň şekillerinde ýok alamatlary saklasa, haýyşnama edilen senagat nusgasynyň düýp manysyny üýtgedýärler.

2. Haýyşnamanyň resminamalaryna üýtgetmeleriň girizilmegi üçin paç alynýar. Eger haýyşnamanyň resminamalaryna üýtgetmeler onuň berlen senesinden üç aýyň içinde haýyşnamaçynyň başlangyjy boýunça girizilse, şeýle üýtgetmeleriň girizilmegi üçin paç alynmaýar.

**19-njy madda. Haýyşnamanyň seljermesi**

Haýyşnama boýunça Türkmenpatent formal seljermäni we düýp manysy boýunça seljermäni geçirýär.

**20-nji madda. Formal seljerme**

1. Haýyşnamanyň Türkmenpatente berlen senesinden üç aý geçenden soň we 17-nji maddanyň ikinji we üçünji bölekleriniň düzgünleri bilen göz öňünde tutulan resminamalar bolanda, şeýle hem şu Kanunyň 17-nji maddasynyň dördünji böleginiň düzgünlerini hasaba almak bilen, haýyşnama boýunça formal seljerme geçirilýär.

Haýyşnamaçynyň towakganamasy boýunça we bellenilen paç tölenen şertlerinde formal seljerme görkezilen möhletiň gutarmagyna çenli başlanyp bilner. Şu ýagdaýda haýyşnama towakganamanyň berlen pursadyndan şu Kanunyň 18-nji maddasynyň ikinji böleginiň düzgünlerinde göz öňünde tutulan pajy tölemezden öz başlangyjy boýunça haýyşnamanyň resminamalaryna üýtgetmeler girizmäge bolan hukukdan mahrum edilýär.

2. Formal seljerme üç aý möhletde geçirilýär we aşakdakylaryň barlagyny öz içine alýar:

1) zerur resminamalaryň bolmagyny we olar üçin bellenilen talaplaryň berjaý edilişini;

2) haýyş edilen çeperçilik-gurnama çözgüdiniň hukuk goragy berilýän obýektlere laýyk gelşini;

3) senagat nusgasynyň bitewi talaplarynyň berjaý edilişini;

4) senagat nusgalarynyň Halkara klassifikasiýasy boýunça senagat nusgasynyň klassifikasiýasyny;

5) ilkinjiligi soramagyň hukuga laýyklylygynyň we tertibiniň berjaý edilişini.

Eger haýyşnama formal seljermäniň talaplaryny kanagatlandyrsa, onda haýyşnamaça bu haýyşnamanyň berlen senesini görkezmek bilen bu haýyşnamanyň garamak üçin kabul edilendigi hakyndaky habar iberilýär.

Haýyşnama edilen çeperçilik-gurnama çözgüdi hukuk goragynyň berilýän obýektlerine laýyk gelmedik mahalynda ýa-da bellenilen möhletlerde zerur takyklamalar girizilmese ýa-da haýyşnamanyň gelip gowşan senesinde bolmadyk resminamalar berilmese, haýyşnamaça bu haýyşnamany garamak üçin kabul etmekden ýüz döndermek hakynda habar iberilýär.

3. Haýyşnamanyň berlen senesinden alty aý geçenden soň ýa-da eger-de ilkinjilik soralsa, ilkinjiligiň senesinden Türkmenpatent haýyşnama hakyndaky maglumatlary Býulletende çap edýär, haçan-da bu haýyşnamanyň yzyna alnan ýa-da ol boýunça patenti bermek hakynda ýa-da ony bermekden ýüz döndermek hakynda çözgüt kabul edilen halatlary muňa degişli däldir. Haýyşnama boýunça çap edilýän maglumatlaryň möçberini Türkmenpatent kesgitleýär.

Formal seljerme tamamlanandan soň haýyşnama hakyndaky maglumatlar paç tölenen şertinde bellenilen möhletleriň gutarmagyna çenli çap edilip bilner. Degişli towakganama haýyşnamanyň garamak üçin kabul edilendigi hakynda habaryň iberilen senesinden üç aýyň içinde haýyşnamaçy tarapyndan Türkmenpatente berlip bilner. Şu ýagdaýda Türkmenpatent haýyşnama boýunça maglumatlary Býulleteniň nobatdaky sanynda çap edýär.

Senagat nusgasynyň awtory haýyşnama hakyndaky çap edilýän maglumatlarda onuň awtory hökmünde ýatlanylmakdan ýüz döndermäge hukuklydyr.

Şu Kanunyň 4-nji maddasynyň üçünji böleginiň hereketi çap edilen haýyşnama degişlidir.

4. 16-njy maddanyň dördünji böleginde göz öňünde tutulan resminamalara bolan talaplary bozmak bilen resmileşdirilen haýyşnama boýunça düzedilen ýa-da ýetmeýän resminamalary, maglumaty bermek teklibi bilen onuň iberilen senesinden üç aýyň içinde haýyşnamaça talap iberilýär.

Haýyşnamaçynyň towakganamasy boýunça degişli paç tölenen şertinde bellenilen möhlet alty aý uzaldylyp bilner.

Eger haýyşnama soralýan resminamalary ýa-da ony uzaltmak hakyndaky towakganamany bellenilen möhletde bermese, Türkmenpatent bellenilen möhletiň gutarandygy hakynda habary haýyşnamaça iberýär.

Soralan resminamalary bermek üçin duşdan geçirilen möhlet degişli paç tölenen şertinde haýyşnamaçynyň towakganamasy boýunça dikeldilip bilner. Soralýan resminamalary ýa-da maglumaty goşmak bilen duşdan geçirilen möhleti dikeltmek hakyndaky towakganama bellenilen möhletiň gutaran senesinden alty aýdan gijä galman haýyşnamaçy tarapyndan berilmelidir.

Alty aýyň içinde möhleti dikeltmek hakynda towakganama berilmedik mahalynda haýyşnama yzyna alnan diýlip ykrar edilýär, bu hakda haýyşnamaça habar berilýär.

Eger haýyşnamaçy haýyşnama edilen senagat nusgalarynyň haýsysyna garalmalydygyny bellenilen möhletde mälim etmese we eger olar zerur bolsa, degişli resminamalary bermese, onda öndürilen önümiň şekillerinde birinji görkezilen senagat nusgasyna garalýar.

**21-nji madda. Düýp manysy boýunça seljerme**

1. Düýp manysy boýunça seljerme haýyşnama berlen senesinden alty aý geçenden soň, formal seljermäniň tamamlanmak şertinde geçirilýär.

2. Düýp manysy boýunça seljerme geçirilende haýyşnama edilen senagat nusgasynyň şu Kanunyň 6-njy maddasynyň düzgünlerinde göz öňünde tutulan patente ukyplylyk şertlerine laýyk gelşi barlanylýar.

3. Şu Kanunyň 16-njy maddasynyň ikinji böleginiň düzgünlerinde göz öňünde tutulan senagat nusgasynyň bitewülik talaplaryny bozmak bilen berlen haýyşnama boýunça haýyşnamaça mälim edilen senagat nusgalarynyň haýsysyna garalmalydygy we zerur mahalynda senagat nusgasy

üçin öňki haýyşnamanyň maglumatlaryna üýtgetmeleriň girizilmelidigi oňa degişli habaryň iberilen senesinden üç aý möhletde habar bermek teklip edilýär.

Bu haýyşnamada bar bolan beýleki senagat nusgalary ilkinjiligi saklap galmak bilen we öňki haýyşnama laýyklykda berlen seneden aýratyn berlen haýyşnamalar bilen resmileşdirilip bilner.

4. Islendik gyzyklanýan şahs paç tölenen şertinde seljermäniň çözgüdiniň çykarylmagyna çenli patentiň ýa-da halkara bellige alnyşyň berilmek mümkinçiliginiň garşysyna delillendirilen garşylygy Türkmenpatente berip biler. Garşylygyň gelip gowşandygy hakynda haýyşnamaça habar berilýär.

5. Düýp manysy boýunça seljermäni geçirmegiň barşynda Türkmenpatent şolarsyz seljermäni geçirmek mümkin bolmajak goşmaça materiallary haýyşnamaçydan soramaga haklydyr. Şu Kanunyň 20-nji maddasynyň dördünji böleginiň talaplary goşmaça materiallara degişlidir.

6. Eger düýp manysy boýunça seljermäniň netijesinde Türkmenpatent haýyşnama edilen senagat nusgasynyň patente ukyplylyk şertlerine laýyk gelýändigini anyklasa, onda haýyşnamaça Türkmenistanyň patentini bermek hakynda çözgüt ýa-da senagat nusgasyny Türkmenistanda halkara haýyşnamasy boýunça bellige aldyrmak hakynda çözgüt iberilýär.

7. Eger düýp manysy boýunça seljermäniň barşynda senagat nusgasynyň patente ukyplylyk şertlerine laýyk gelmeýändigi anyklansa, onda haýyşnamaça habarda getirilen esaslandyrmalar babatda öz delillerini bermek teklibi bilen patenti ýa-da halkara bellige almasyny bermek mümkinçiliginden ýüz döndermek hakynda habar iberilýär.

Haýyşnamaçynyň delilleri, eger olar habaryň iberilen senesinden üç aýyň içinde Türkmenpatente berilse, Türkmenistanda patenti ýa-da halkara bellige almasyny bermekden ýüz döndermek hakynda çözgüt ýa-da bermek hakynda çözgüt kabul edilende göz öňünde tutulýar. Haýyşnamaçynyň towakganamasy boýunça jogabyň bellenilen möhleti degişli paç tölenen şertinde alty aý uzaldylyp bilner.

**22-nji madda. Haýyşnama boýunça seljermäniň çözgüdine şikaýat edilmegi we duşdan geçirilen möhletleriň dikeldilmegi**

1. Formal seljermäniň ýa-da düýp manysy boýunça seljermäniň çözgüdi bilen razy bolunmadyk mahalynda haýyşnamaçy çözgüdiň iberilen senesinden üç aýyň içinde Apellýasiýa toparyna garşylyk bermäge haklydyr. Garşylyk onuň alnan senesinden dört aý möhletde garalmalydyr. Garşylyga garamagyň möhleti garşylygy beren şahsyň haýyşnamasy boýunça uzaldylyp bilner, ýöne ol ilkibaşky bellenilen möhletiň gutaran senesinden alty aýdan köp bolmaly däldir.

Şikaýatlara garamagyň tertibi Türkmenpatent tarapyndan bellenilýär.

Haýyşnamaçy Apellýasiýa toparynyň çözgüdine onuň tassyklanan senesinden alty aýyň içinde kazyýetde şikaýat etmäge haklydyr.

2. Eger haýyşnamaçy seljermäniň talaby boýunça resminamalary ýa-da goşmaça materiallary bermegiň möhletini duşdan geçirse, onda seljermäniň çözgüdine garşylygy bermegiň möhleti dikeldilip bilner. Duşdan geçirilen möhleti dikeltmek hakyndaky towakganama degişli paç tölenen şertinde bellenilen möhletiň gutaran senesinden alty aýdan gijä galman haýyşnamaçy tarapyndan Türkmenpatente berlip bilner.

**23-nji madda. Senagat nusgasynyň bellige alynmagy**

1. Patentiň bellige alnandygy we berlendigi üçin pajyň tölenendigi hakynda resminama alnandan soň Türkmenpatent senagat nusgasyny senagat nusgalarynyň Döwlet sanawynda bellige alýar.

Pajyň tölenendigini tassyklaýan resminama patenti bermek hakyndaky çözgüdiň iberilen senesinden üç aý möhletde haýyşnamaçy tarapyndan berilmelidir.

Pajyň tölegi bökdelen mahalynda, her bir duşdan geçirilen aý üçin degişli paç tölenen şertlerinde haýyşnamaça bellenilen möhletiň gutaran senesinden alty aýdan ybarat bolan ýeňillikli möhlet berilýär.

2. Senagat nusgasyny bellige almak paçlaryň tölenendigi hakynda resminama alnandan soň bir aýyň içinde geçirilýär.

3. Ýeňillikli möhletlerde paçlaryň tölenendigi barada resminama berilmedik halatynda, haýyşnama yzyna alnan diýlip hasap edilýär we bu barada haýyşnamaça habar berilýär.

4. Bellige alnan senagat nusgasy üçin Türkmenpatent haýyşnamaça patent berýär we berlen patent hakyndaky maglumatlary Býulletende çap edýär.

Patent birnäçe şahsyň adyna soralýan ýagdaýynda, olaryň arasyndaky ylalaşykda başga şertleşikler bolmasa, patent haýyşnamada ady birinji görkezilen şahsa berilýär.

5. Senagat nusgalarynyň Döwlet sanawyna girizilýän maglumatlaryň sanawy, patentiň görnüşi we onda görkezilýän maglumatlaryň düzümi Türkmenpatent tarapyndan bellenilýär.

**24-nji madda. Senagat nusgasynyň bellige alnyşyna üýtgetmeleriň girizilmegi**

1. Senagat nusgasynyň bellige alynmagyna hukuga eýelik edijiniň adynyň we (ýa-da) salgysynyň üýtgemegi bilen baglanyşykly üýtgetmeler, şeýle hem bellige almaga degişli beýleki üýtgetmeler girizilýär.

2. Üýtgetmeleri girizmek degişli paç tölenen şertinde hukuga eýelik edijiniň haýyşnamasy boýunça geçirilýär. Bellige alnyşyna üýtgetmeleri girizmek hakyndaky haýyşnamalary bermegiň we garamagyň kadalary Türkmenpatent tarapyndan bellenilýär.

3. Üýtgetmeler senagat nusgalarynyň Döwlet sanawyna girizilýär.

**25-nji madda. Patent hakyndaky maglumatlaryň çap edilmegi**

1. Türkmenpatent senagat nusgalarynyň Döwlet sanawynda onuň bellige alnan senesinden alty aý möhletde patenti bermek hakyndaky maglumatlary Býulletende çap edýär.

2. Awtor patent hakyndaky çap edilýän maglumatlarda awtor hökmünde ýatlanylyp geçmekden ýüz döndermek hukugyna eýedir.

3. Çap edilýän maglumatlaryň düzümi Türkmenpatent tarapyndan kesgitlenilýär.

4. Türkmenpatent senagat nusgalarynyň Döwlet sanawyna girizilen soňraky üýtgetmeleriň ählisini Býulletende çap edýär:

1) hukuga eýelik ediji hakyndaky maglumatlaryň üýtgemegi hakynda;

2) patente bolan hukuklary bermek hakynda;

3) patenti ýatyrmak hakynda;

4) patentiň hereketini bes etmek ýa-da dikeltmek hakynda;

5) beýleki üýtgetmeler.

5. Islendik şahs haýyşnamanyň ýa-da patentiň maglumatlary bilen olar çap edilenden soň tanyşmaga haklydyr.

Haýyşnamanyň we patentiň maglumatlary bilen tanyşmagyň tertibi Türkmenpatent tarapyndan bellenilýär.

**26-njy madda. Paçlar**

1. Haýyşnamany bermek, seljerme geçirmek, bellige almak, senagat nusgasynyň hereketini goşmaça möhlet üçin uzaltmak we beýleki amallar bilen baglanyşykly hukuk taýdan ähmiýetli hereketleriň amala aşyrylmagy üçin paçlar alynýar.

Eger Türkmenistanyň gatnaşyjy bolup durýan halkara şertnamasynda başga zat göz öňünde tutulmasa, paçlar haýyşnamaçy, hukuga eýelik ediji ýa-da islendik üçünji şahslar tarapyndan tölenilýär.

Amala aşyrylmagy üçin paçlar alynýan hereketleriň sanawy, olaryň möçberleri, tölemegiň we gaýtarmagyň möhletleri, tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär.

2. Paçlary almakdan alnan serişdeler Türkmenistanyň Döwlet býujetine gelip gowuşýar.

Bu serişdeleriň bir bölegi awtomatlaşdyrylan ulgamyň tehniki enjamlaşdyrylmagyny, döredilmegini we ulanylmagyny goşup, senagat eýeçiliginiň obýektlerini goramagyň döwlet ulgamyny ösdürmek, döwlet patent-maglumat binýadyny döretmek, zähmete hak tölemegi,

işgärleriň taýýarlanylmagy we höweslendirilmegi, senagat eýeçiliginiň obýektleriniň goragy babatda Türkmenistanyň halkara ylalaşyklaryna gatnaşmagyny üpjün etmek üçin gerek bolan gatançlary we beýleki tölegleri tölemek üçin peýdalanylýar.

## VI BAP. PATENT ÜÇIN HUKUKLARYŇ BERILMEGI

### 27-nji madda. Senagat nusgasyna bolan hukuklaryň berilmegi

1. Patent ýa-da halkara bellige almak olaryň hereketiniň bütin möhletiniň içinde hukugy bermegiň obýekti bolup biler. Patente ýa-da halkara bellige almasyna esaslanan hukuk doly ýa-da kem-käsleýin berlip bilner.

2. Patente ýa-da halkara bellige almasyna bolan hukuk erkin görnüşde düzülen we hukuga eýelik ediji we hukuk oruntutary tarapyndan gol çekilen şertnama boýunça islendik gyzyklanýan şahsa berlip bilner.

### 28-nji madda. Senagat nusgasyny peýdalanmaga bolan ygtyýarnama şertnamasy

1. Hukuga eýelik ediji bolup durmaýan islendik şahs patentlenen senagat nusgasyny ýa-da halkara bellige almasyny diňe ygtyýarnama şertnamasynyň esasynda hukuga eýelik edijiniň rugsady bilen peýdalanmaga haklydyr. Ygtyýarnama şertnamasy boýunça hukuga eýelik ediji (ygtyýarnama beriji) goralýan senagat nusgasyny peýdalanmaga bolan hukugy şertnamada göz öňünde tutulan möçberde başga şahsa (ygtyýarnamala) bermäge borçlanýar. Ygtyýarnamaly şertnama bilen şertlendirilen tölegleri ygtyýarnama berijä tölemek we şertnamada göz öňünde tutulan beýleki hereketleri amala aşyrmak borjuny özüne kabul edýär.

2. Aýratyn ygtyýarnamada ygtyýarnamala senagat nusgasyny peýdalanmaga bolan hukuk ygtyýarnama berijide ony peýdalanmaga bolan hukugy saklap galmak bilen şertnamada kesgitlenilen çäklerde berilýär.

Aýratyn bolmadyk ygtyýarnamada ygtyýarnama beriji senagat nusgasyny peýdalanmaga bolan hukugy ygtyýarnamala berip, patent ýa-da halkara bellige alma bilen tassyklanan, şol sanda ygtyýarnamalary üçünji şahslara bermäge bolan ähli hukuklary özünde saklap galýar.

Doly ygtyýarnamada ygtyýarnamala ygtyýarnamany peýdalanmak we başga şahslara bermek hukugyny ygtyýarnama berijide saklap galmazdan senagat nusgasyny peýdalanmaga bolan aýratyn hukuk berilýär.

3. Eger ygtyýarnama şertnamasynda kömekçi ygtyýarnama şertnamasyny baglaşmak mümkinçiligi göz öňünde tutulsa, onda ygtyýarnamaly (kömekçi ygtyýarnama beriji) senagat nusgasyny peýdalanmaga bolan aýratyn bolmadyk ygtyýarnamany bermek hakynda üçünji şahs (kömekçi ygtyýarnamaly) bilen kömekçi ygtyýarnama şertnamasyny baglaşmaga haklydyr.

Eger ygtyýarnama şertnamasynda başga zat göz öňünde tutulmasa, kömekçi ygtyýarnamalynyň hereketleri üçin ygtyýarnama berijiniň öňündäki jogapkärçiligi ygtyýarnamaly çekýär.

4. Hukuga eýelik ediji Türkmenpatente senagat nusgasyny peýdalanmaga bolan hukugy islendik şahsa bermek hakyndaky haýyşnamany berip biler (açyk ygtyýarnama). Şu ýagdaýda patentiň hereketi üçin paçlaryň tölegi açyk ygtyýarnama hakyndaky maglumatlaryň Türkmenpatent tarapyndan çap edilen ýylyndan soň gelýän ýyldan 50 göterim aşaklaýar. Görkezilen senagat nusgasyny peýdalanmak isleýän şahs hukuga eýelik ediji bilen tölegler hakyndaky şertnamany baglaşmaga borçludyr.

Açyk ygtyýarnamada berilýän hukuklar aýratyn bolmadyk ygtyýarnamada berilýän hukuklaryň möçberinden ýokary geçip bilmez.

Hukuga eýelik edijiniň açyk ygtyýarnama üçin hukugy bermek hakyndaky haýyşnamasy yzyna alynmaga degişli däldir.

**29-njy madda. Senagat nusgasy üçin mejbury ygtyýarnama**

1. Eger senagat nusgasy patentiň ýa-da halkara bellige alnyşynyň berlen senesinden bäş ýylyň içinde hukuga eýelik ediji ýa-da olar üçin hukuklaryň berlen şahslary tarapyndan peýdalanylmasa ýa-da ýeterlik peýdalanylmasa, onda senagat nusgasyny peýdalanmak isleýän we taýýar islendik şahs, eger-de hukuga eýelik ediji emele gelen tejribä laýyk gelýän şertlerde bu şahs bilen ygtyýarnama şertnamasyny baglaşmakdan ýüz dönderen mahalynda senagat nusgasyny peýdalanmaga bolan mejbury aýratyn bolmadyk ygtyýarnamanyň özüne berilmegi hakyndaky talap bilen kazyýete ýüz tutmaga hukuklydyr.

2. Eger hukuga eýelik ediji senagat nusgasynyň peýdalanylmagynyň ýa-da ýeterlik däl peýdalanylmagynyň esasly sebäpler bilen şertlendirilendigini subut edip bilmese, onda kazyýet gyzyklanýan şahsa peýdalanmagyň çäklerini, tölegleriň möçberini, möhletlerini we tertibini kesgitlemek bilen mejbury aýratyn bolmadyk ygtyýarnamany berýär. Tölegleriň möçberi emele gelen tejribä laýyklykda kesgitlenende ygtyýarnamanyň bazar bahasyndan pes bolmadyk ýagdaýda bellenilmelidir.

**30-njy madda. Senagat nusgasyna bolan hukuklary bermek hakyndaky şertnamanyň ýa-da ygtyýarnama şertnamasynyň bellige alynmagy**

1. Senagat nusgasyna bolan hukuklary bermek hakyndaky şertnama ýa-da senagat nusgasyny peýdalanmak üçin ygtyýarnama şertnamasy Türkmenpatentde bellige alynmaga degişlidir.

Senagat nusgasyna bolan hukuklary bermek hakyndaky şertnama ýa-da Türkmenistanyň çäginde hereket edýän halkara bellige almasyny peýdalanmak üçin ygtyýarnama şertnamasy hem Türkmenpatentde bellige alynmaga degişlidir.

Senagat nusgasyna bolan hukuklary bermek hakyndaky şertnama ýa-da ygtyýarnama şertnamasy senagat nusgalarynyň Döwlet sanawynda bellige alnan senesinden güýje girýär we ol hakdaky maglumatlar Býulletende çap edilýär. Bellige alynmazdan şertnama hakyky däl diýlip hasap edilýär.

2. Taraplaryň ylalaşygynyň esasynda bellige alnan ygtyýarnama şertnamasyna onuň hereket ediş möhletiniň çäklerinde üýtgetmeler girizilip bilner.

Üýtgetmeler hem Türkmenpatentde bellige alynmaga degişlidir.

3. Senagat nusgasyna bolan hukuklary bermek hakynda şertnamany ýa-da ygtyýarnama şertnamasyny, şeýle hem ygtyýarnama şertnamasyna üýtgetmeler girizmegi bellige almagyň kadalary Türkmenpatent tarapyndan kesgitlenilýär.

4. Senagat nusgasyna bolan hukuklary bermek hakyndaky şertnama ýa-da ygtyýarnama şertnamasy we ygtyýarnama şertnamasyna üýtgetmeleri girizmek degişli paç tölenen şertinde Türkmenpatent tarapyndan bellige alynýar.

## VII BAP. SENAGAT NUSGASYNYŇ HUKUK GORAGYNYŇ HEREKETINIŇ BES EDILMEGI WE DIKELDILMEGI

**31-nji madda. Patentiň jedelleşilmegi. Patentiň hakyky däl diýlip ykrar edilmegi**

1. Patent hereket ediş möhletiniň bütin dowamynda aşakdaky ýagdaýlarda islendik şahsyň garşylygy boýunça jedelleşilip we doly ýa-da kem-käsleýin hakyky däl diýlip bilner:

1) bellige alnan senagat nusgasy şu Kanun bilen bellenilen patente ukyplylyk şertlerine laýyk gelmese;

2) senagat nusgasynyň awtorynyň ýa-da hukuga eýelik edijiniň patentinde ýalan görkezme bolanda.

Garşylygy beren şahs ony delillendirmäge, şeýle hem bellenilen pajyň tölenendigi hakynda resminamany bermäge borçludyr.

2. Şu maddanyň birinji böleginiň düzgünlerine laýyklykda hakyky däl diýlip ykrar edilen patentiň hereketi senagat nusgasyna haýyşnamanyň berlen senesinden bes edilýär.

3. Şu maddanyň birinji böleginiň 1-nji bendiniň düzgünlerinde göz öňünde tutulan esaslar boýunça patenti bermegiň garşysyna bolan garşylyklar olaryň gelip gowşan senesinden alty aý möhletde Apellýasiýa topary tarapyndan garalýar.

Patentiň berilmeginiň garşysyna bolan garşylyk boýunça Apellýasiýa toparynyň çözgüdi bilen razy bolunmadyk mahalynda taraplaryň islendigi çözgüdiň tassyklanan senesinden alty aý möhletde oňa kazyýetde jedelleşip biler.

Şu maddanyň birinji böleginiň 2-nji bendiniň düzgünlerinde göz öňünde tutulan esaslar boýunça patentiň berilmeginiň garşysyna bolan garşylyklara kazyýet tarapyndan garalýar.

4. Apellýasiýa toparynyň çözgüdiniň ýa-da kazyýetiň çözgüdiniň esasynda hakyky däl diýlip ykrar edilen senagat nusgasy üçin patent ýatyrylýar. Patent kem-käsleýin hakyky däl diýlip ykrar edilende täze patent berilýär.

Türkmenpatent doly ýa-da kem-käsleýin hakyky däl diýlip ykrar edilen patentler hakyndaky maglumatlary senagat nusgalarynyň Döwlet sanawyna girizýär we Býulletende çap edýär.

**32-nji madda. Halkara bellige alnyşynyň jedelleşilmegi we hakyky däl diýlip ykrar edilmegi**

Halkara bellige alnyşynyň jedelleşilmegi we onuň Türkmenistanyň çäginde doly ýa-da kem-käsleýin hakyky däl diýlip ykrar edilmegi şu Kanunyň 31-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda amala aşyrylýar. Halkara bellige alnyşy doly ýa-da kem-käsleýin hakyky däl diýlip ykrar edilen mahalynda, Türkmenpatent bu hakda Halkara býuro habar berýär.

**33-nji madda. Patentiň ýa-da halkara bellige almak hereketiniň möhletinden öň bes edilmegi**

1. Aşakdaky ýagdaýlarda patentiň we halkara bellige almagyň hereketi möhletinden öň bes edilýär:

1) hukuga eýelik ediji tarapyndan Türkmenpatente berlen haýyşnamanyň esasynda – haýyşnamanyň gelip gowşan senesinden;

2) hereketiniň goşmaça möhleti üçin patentiň ýa-da halkara bellige almagyň uzaldylmagy üçin paç tölenmedik mahalynda – bellenilen möhletiň gutaran senesinden.

2. Türkmenpatent hereketi möhletinden öň bes edilen patent hakyndaky maglumatlary senagat nusgalarynyň Döwlet sanawyna girizýär we Býulletende çap edýär.

**34-nji madda. Patentiň we halkara bellige alnyşynyň hereketiniň dikeldilmegi**

1. Hereketiniň goşmaça möhletine uzaldylmagy üçin pajyň tölenmezligi bilen baglanyşykly bes edilen patentiň ýa-da halkara bellige alnyşynyň hereketi hukuga eýelik edijiniň towakganamasy boýunça dikeldilip bilner.

Towakganama patentiň ýa-da halkara bellige alnyşynyň hereketiniň bes edilen senesinden üç ýylyň içinde Türkmenpatente berilýär. Towakganama bu patentiň ýa-da bu halkara bellige alynmasynyň hereketiniň dikeldilmegi üçin bellenilen pajyň tölenendigini tassyklaýan resminama goşulýar.

2. Türkmenpatent patentiň ýa-da halkara bellige almasynyň dikeldilendigi hakyndaky maglumatlary senagat nusgalarynyň Döwlet sanawyna girizýär we Býulletende çap edýär.

3. Patentiň ýa-da halkara bellige almasynyň hereketiniň bes edilen senesinden üç ýyl geçenden soň senagat nusgasyna bolan hukuk dikeldilmäge degişli däldir.

**35-nji madda. Peýdalanylandan soňky hukuk**

1. Patentiň ýa-da halkara bellige alnyşynyň bes edilen senesi bilen patentiň ýa-da halkara bellige alnyşynyň hereketini dikeltmek hakyndaky maglumatlaryň Býulletende çap edilen senesiniň

arasyndaky döwürde senagat nusgasyny peýdalanyp başlan ýa-da görkezilen döwürde muňa zerur taýýarlygy eden şahs, şeýle peýdalanmagyň möçberini giňeltmezden senagat nusgasyny mundan beýläk muzdsuz peýdalanmaga bolan hukugy saklaýar (peýdalanylandan soňky hukuk).

2. Peýdalanylandan soňky hukuk diňe senagat nusgasynyň peýdalanylan önümçiligi ýa-da oňa barabar çözgüt bilen bilelikde başga şahsa berlip bilner ýa-da muňa zerur bolan taýýarlyklar edilip bilner.

## VIII BAP. AWTORLARYŇ, HAÝÝŞNAMAÇYLARYŇ WE HUKUGA EÝELIK EDIJILERIŇ HUKUKLARYNYŇ GORAGY

### 36-njy madda. Apellýasiýa topary

1. Apellýasiýa topary şahslaryň aşakdaky garşylyklaryna garamaga doly ygtyýarlydyr:

1) senagat nusgasy üçin haýýşnama boýunça seljermäniň çözgüdine;

2) patentlenen senagat nusgasyny peýdalanmak üçin patenti we ygtyýarnama şertnamasyny bermek hakyndaky şertnamany bellige almak hakynda seljermäniň çözgüdine;

3) şu Kanunyň 31-nji, 32-nji we 33-nji maddalarynyň düzgünlerine laýyklykda patenti ýa-da halkara bellige alnyşyny hakyky däl diýip ykrar etmek hakynda;

4) patent ynamdaryna dalaşgäriň hünär synagy we (ýa-da) ony hünär synagyna goýbermek boýunça hünär synagy toparynyň çözgüdine.

2. Apellýasiýa topary hakyndaky düzgünnama Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan tassyklanylýar.

3. Degişli paç tölenen şertinde haýýşnamaçy Apellýasiýa toparyna garşylygy bermäge haklydyr.

Şu maddanyň birinji böleginiň 1–3-nji bentlerinde göz öňünde tutulan garşylyklar olaryň alnan senesinden dört aý möhletde Apellýasiýa topary tarapyndan garalmalydyr.

Şu maddanyň birinji böleginiň 4-nji bendinde göz öňünde tutulan garşylyk onuň alnan senesinden alty aý möhletde Apellýasiýa topary tarapyndan garalmalydyr.

Garşylyga garamagyň möhleti garşylygy beren şahsyň, şeýle hem hukuga eýelik edijiniň towakganamasy boýunça uzaldylyp bilner, ýöne ol işe garamak üçin bellenilen ilkibaşky senäniň gutaran gününden başlap alty aýdan köp bolmaly däldir.

Apellýasiýa toparynyň çözgüdine gaýtadan seretmek hakyndaky towakganama onuň alnan senesinden bir aýyň içinde gyzyklanýan taraplaryň islendigi tarapyndan Apellýasiýa toparynyň başlygynyň adyna berlip bilner.

Gyzyklanýan taraplaryň islendigi kazyýetde Apellýasiýa toparynyň çözgüdine onuň tassyklanan senesinden kyrk bäş günüň içinde şikaýat edip biler.

### 37-nji madda. Jedellere kazyýet tertibinde garalyşy

Kazyýetler şu Kanuny ulanmak bilen baglanyşykly jedellere Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde garaýarlar, şol sanda:

1) senagat nusgasyna bolan awtorlyk hakynda;

2) hukuga eýelik edijini bellemek hakynda;

3) patenti bermek hakynda;

4) Türkmenistanda senagat nusgasynyň halkara bellige alnyşy hakynda;

5) ygtyýarnamanyň mejbury berilmegi hakynda;

6) hukuga eýelik edijiniň senagat nusgasy üçin aýratyn hukugynyň we beýleki emläk hukuklarynyň bozulmagy hakynda;

7) patentlenen senagat nusgasyny peýdalanmak üçin patenti we ygtyýarnama şertnamalaryny bermek hakynda şertnamalary baglaşmak we ýerine ýetirmek hakynda;

8) senagat nusgasynyň halkara bellige alnyşyny peýdalanmak üçin ygtyýarnama şertnamalaryny baglaşmak we ýerine ýetirmek hakynda;

9) senagat nusgasynyň wagtlaýyn goragy döwründe onuň peýdalanylandygy üçin öwez pulunyň möçberleri hakynda;

10) peýdalanylandan ozalky hukuk hakynda;

11) peýdalanylandan soňky hukuk hakynda;

12) şu Kanuna laýyklykda iş beriji tarapyndan senagat nusgasynyň awtoryna töleg tölemegiň möçberi, möhleti we tertibi hakynda;

13) şu Kanun bilen göz öňünde tutulan öwez pullaryny tölemegiň möçberi, möhleti we tertibi hakynda;

14) hukuga eýelik edijileriň hukuklaryny goramak bilen baglanyşykly beýleki jedellere.

**38-nji madda. Senagat nusgasynyň bikanun ulanylandygy üçin jogapkärçilik**

1. Patentlenen senagat nusgasyny ýa-da halkara bellige alnyşyny şu Kanunyň düzgünlerini bozmak bilen peýdalanýan islendik şahs senagat nusgasyna bolan aýratyn hukugy bozujy diýlip hasap edilýär we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýär.

2. Patentlenen senagat nusgasyny ýa-da halkara bellige alnyşyny bikanun peýdalanýan şahs hukuga eýelik edijiniň ýa-da kazyýetiň çözgüdi boýunça aşakdakylara borçludyr:

1) hukuga eýelik edijiniň hukuklaryny ykrar etmäge;

2) hukuga eýelik edijiniň hukuklaryny bozýan hereketleri bes etmäge;

3) duşdan geçirilen peýdany goşup ýitgileri tölemäge ýa-da öwez puluny tölemäge. Öwez pulunyň möçberi kazyýetiň çözgüdi ýa-da taraplaryň ylalaşmagy bilen bellenilýär;

4) ahlak taýdan ýetirilen zyýanyň öwezini dolmaga;

5) hukuga eýelik edijiniň işewür abraýyny dikeltmek maksady bilen kazyýet çözgüdini çap etmäge.

Kazyýet kontrafakt harytlaryny muzdsuz almak hakynda çözgüt çykarmaga haklydyr.

3. Hukuga eýelik edijiniň aýratyn hukugynyň bozulandygy hakynda hak isleg hukuga eýelik edijiniň öz hukugynyň bozulandygy hakynda bilen ýa-da bilmeli bolan gününden üç ýylyň içinde bildirilip bilner.

Senagat nusgasyna aýratyn hukugyň bozulandygy hakynda hak islegi hukuga eýelik ediji tarapyndan bildirilýär.

Hukuklaryň bozulandygy hakynda hak isleg arzasy, eger ygtyýarnama şertnamasy bilen başga zat göz öňünde tutulmasa, aýratyn ygtyýarnamanyň eýesi tarapyndan ýa-da eger bu ygtyýarnama şertnamasy bilen göz öňünde tutulsa, aýratyn bolmadyk ygtyýarnamanyň eýesi tarapyndan hem berlip bilner.

**39-njy madda. Gümrük gözegçiligi**

Hukuga eýelik edijileriň ýa-da Türkmenistanda goralýan senagat nusgalaryny peýdalanmak üçin aýratyn ygtyýarnama eýelik edijileriň hukuklaryny goramak babatda gümrük gözegçiligi gümrük edaralary tarapyndan Türkmenistanyň gümrük kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

## IX BAP. HALKARA HYZMATDAŞLYGY

**40-njy madda. Türkmenistanda senagat nusgasyny bellige almak üçin halkara haýyşnamasyna garalyşy**

Türkmenistanda senagat nusgasyny bellige almak üçin halkara haýyşnamasyna garamak Ženewa Namasyna (1999 ý.) we Ženewa Namasy üçin Gollanma (1999 ý.) laýyklykda, şeýle hem şu Kanunyň 6-njy, 7-nji maddalarynyň, 16-njy maddasynyň ikinji böleginiň, 21-nji maddasynyň we 22-nji maddasynyň talaplaryny hasaba almak bilen Türkmenpatent tarapyndan amala aşyrylýar.

**41-nji madda. Senagat nusgalarynyň daşary ýurt döwletlerinde we halkara guramalarynda patentlenilişi we bellige alnyşy**

1.Türkmenistanda döredilen senagat nusgasyny patentlemek ýa-da bellige aldyrmak üçin

haýyşnama daşary ýurt döwletine ýa-da halkara guramasyna berlip bilner.

2. Daşary ýurt döwletinde senagat nusgasynyň patentlenilmegi ýa-da bellige aldyrylmagy bilen baglanyşykly çykdajylary haýyşnamaçy ýa-da onuň bilen ylalaşmak boýunça başga şahs çekýär.

**42-nji madda. Daşary ýurtly şahslaryň hukuklary**

1. Daşary ýurtly raýatlar Türkmenistanyň şahslary bilen bir hatarda Türkmenistanyň gatnaşyjy bolup durýan halkara şertnamalaryna laýyklykda ýa-da özaralyk ýörelgesiniň esasynda şu Kanunda göz öňünde tutulan hukuklardan peýdalanýarlar.

2. Eger Türkmenistanyň gatnaşyjy bolup durýan halkara şertnamalary bilen başga tertip bellenilmedik bolsa, daşary ýurtly raýatlar, şeýle hem Türkmenistanyň çäklerinden daşynda ýaşaýan ýa-da hemişelik ýaşaýan ýeri bolan Türkmenistanyň raýatlary Türkmenpatent bilen gatnaşyklarda öz hukuklaryny Türkmenpatentde bellige alnan patent ynamdarlarynyň üsti bilen durmuşa geçirýärler.

## X BAP. JEMLEÝJI DÜZGÜNLER

**43-nji madda. Şu Kanunyň güýje girmegi**

1. Şu Kanun resmi taýdan çap edilen pursadyndan güýje girýär.

2. Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalary şu Kanuna laýyk getirilýänçä olar şu Kanuna garşy gelmeýändigine görä ulanylýar.

**44-nji madda. Geçiş düzgünleri**

1. On bäş ýyl hereket ediş möhletli senagat nusgasy üçin ýeke-täk patente geçmek bilen baglanyşykly şu Kanunyň düzgünleri aşakdaky tertipde ulanylýar:

1) şu Kanunyň güýje girmegine çenli formal seljerme geçirilen senagat nusgalary üçin haýyşnamalar boýunça şu Kanunyň 21-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda düýp manysy boýunça seljerme geçirilýär;

2) şu Kanunyň güýje girmegine çenli çäklendirilen patent seljermesi geçirilen we senagat nusgasy üçin çäklendirilen patenti bermek hakynda çözgüt çykarylan senagat nusgalary üçin haýyşnamalar boýunça çäklendirilen patent berilýär.

2. On ýyl hereket ediş möhlet bilen berlen hereket edýän çäklendirilen patent bellenilen paç tölenen ýagdaýynda we şu Kanunyň 21-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda we Türkmenpatent tarapyndan bu maksatlar üçin bellenilen amallara görä düýp manysy boýunça senagat nusgasynyň seljermesi geçirilen şertinde hukuga eýelik edijiniň towakganamasy boýunça patente özgerdilip bilner.

3. Eger hukuga eýelik ediji tarapyndan ýokarda görkezilen towakganama çäklendirilen patentiň hereket ediş möhletiniň dowamynda berilmese, çäklendirilen patent bellenilen paç tölenen şertinde galan möhletiniň içinde hereket etmegini dowam etdirýär.

4. Her bäş ýyldan senagat nusgasynyň hereket ediş möhletini uzaltmagyň döwürlerine geçmek bilen baglanyşykly şu Kanunyň düzgünleri aşakdaky tertipde ulanylýar:

1) şu Kanunyň güýje girmegine çenli bellige alnan çäklendirilen patentleriň we patentleriň hereketi üçin her bäş ýyl boýunça hereketiniň goşmaça möhleti üçin paç uzaltmagyň birinji ýa-da ikinji bäşýyllyk döwri gutarmanka tölenilýär;

2) şu Kanunyň güýje girmegine çenli bellige alnan çäklendirilen patentleriň we patentleriň degişli bäşýyllyk döwrüň gutarmagyna çenli hereketi üçin paç olaryň hereketiniň her ýyly üçin ýa-da degişli hereket ediş döwrüniň ähli galan möhleti üçin tölenilýär.

*Aşgabat şäheri.*
*2017-nji ýylyň 4-nji noýabry.*
*№ 630-V.*

## TÜRKMENISTANYŇ KANUNY

### Haryt nyşanlary hakynda

*Şu Kanun haryt nyşanlarynyň hukuk goragy we ulanylmagy çygrynda ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýär.*

### I BAP. UMUMY DÜZGÜNLER

**1-nji madda. Esasy düşünjeler**

Şu Kanunda aşakdaky esasy düşünjeler ulanylýar:

1) **bikanun harytlar** – bellige alnan haryt nyşany ýa-da onuň bilen gatyşyp gitmek derejesine çenli çalymdaş belgi özünde bikanun ulanylýan harytlar, olaryň etiketkalary we gaplary;

2) **bilermenler seljermesi** – haryt nyşanlarynyň hukuk goragy babatda ygtyýarly edara – Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Intellektual eýeçilik boýunça döwlet gullugy tarapyndan haýyşnama, şeýle hem haryt nyşanynyň döwlet belligine alynmagyna degişli beýleki resminamalara seredilmeginiň iş amallary;

3) **birinji haýyşnama** – senagat eýeçiligini goramak hakynda Pariž konwensiýasyna (mundan beýläk – Pariž konwensiýasy) gatnaşyjy döwletiň degişli edarasyna berlen, özüniň berlen senesinden konwension ilkinjilik bellenilýän haýyşnama;

4) **bölüp berlen haýyşnama** – birinji haýyşnamada görkezilen harytlaryň sanawynyň bölegini özünde saklaýan we onuň ilkinjiligini saklap galýan haýyşnama;

5) **firma ady** – ýuridik şahsyň, onuň işi amala aşyrylanda, ol ýuridik şahsy beýlekilerden tapawutlandyrmaga mümkinçilik berýän belgisi;

6) **haryt nyşanlarynyň Resmi býulleteni** (mundan beýläk – Resmi býulleten) – haryt nyşanlarynyň hukuk goragy babatda ygtyýarly edaranyň haryt nyşanlarynyň döwlet belligine alynmagy üçin haýyşnamalar we Döwlet sanawyna girizilen haryt nyşanlary baradaky maglumatlaryň çap edilmegi üçin niýetlenilen döwürleýin neşiri;

7) **haryt nyşany** (edilýän hyzmatyň nyşany) – harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) aýrybaşgalandyrylmagy üçin hyzmat edýän, islendik reňkdäki (reňk sazlaşygyndaky) söz, şekil ýa-da göwrüm bilen belgileme. Haryt nyşanlaryna köpçülikleýin nyşanlar hem degişlidir;

8) **haryt nyşany (köpçülikleýin nyşan) üçin şahadatnama** –şahadatnamada görkezilen harytlar we (ýa-da) hyzmatlar babatda onuň eýesiniň (eýeleriniň) haryt nyşanyna bolan aýratyn hukugyny tassyklaýan, Türkmenistanyň gorag resminamasy;

9) **haryt nyşanyna bolan hukugyň başga birine berilmegi** – haryt nyşanyna bolan hukugyň onuň eýesi tarapyndan, degişli şertnama esasynda, başga bir şahsa berilmegi;

10) **haryt nyşanynyň eýesi** – haryt nyşanyna aýratyn hukugy bolan şahs;

11) **haryt nyşanynyň ilkinjiligi** – haýyşnamanyň berilmeginiň wagt boýunça birinji nobatdalygy;

12) **haýyşnama** – haryt nyşanynyň döwlet belligine alynmagy üçin zerur resminamalaryň jemi;

13) **haýyşnamaçy** – haýyşnamany beren, ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahs ýa-da telekeçilik işini amala aşyrýan ýuridik şahs;

14) **ikinji derejeli milli domen** – ady ýokarky (birinji) derejeli milli domeniň («.TM») we özüniň adyny öz içine alýan domen. Ýokarky (birinji) derejeli milli domen diýlip, ady Standartlaşdyrmak boýunça halkara guramasy (ISO 3166-2) tarapyndan tassyklanylan, Türkmenistanyň kody bilen berlen domene düşünilýär. Türkmenistan üçin ýokarky derejeli milli domeniň «.TM» belgisi bar we ol Türkmenistanyň emlägi bolup durýar. «.TM» domeni dolandyrmak Türkmenistanyň çäginden amala aşyrylýar;

15) **konwension haýyşnama** – konwension ilkinjiligiň berilmegi soralýan haryt nyşany üçin haýyşnama;

16) **konwension ilkinjilik** – haryt nyşanynyň birinji haýyşnamanyň berlen senesi boýunça bellenilen ilkinjiligi;

17) **kysmy bir harytlar we hyzmatlar** – harytlaryň we (ýa-da) hyzmatlaryň bir kysmyna, görnüşine degişli bolan, çalymdaş haryt nyşanlary bilen belgilenilende sarp edijide olaryň ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan şol bir fiziki şahsa ýa-da telekeçilik işini amala aşyrýan ýuridik şahsa (öndürijä) degişlidigi barada düşünje döredip biljek harytlar we (ýa-da) hyzmatlar;

18) **patent ynamdary** – Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan, haryt nyşanlarynyň hukuk goragy babatda ygtyýarly edarada hünär synagyndan geçen we bellige alnan hem-de haryt nyşanyna bolan hukugy almakda fiziki we ýuridik şahslaryň bähbitlerine professional esasda wekilçilik edýän, Türkmenistanyň raýaty;

19) **sergi ilkinjiligi** – haryt nyşanynyň Pariž konwensiýasyna gatnaşyjy döwletleriň biriniň çäginde guralan sergide haryt nyşany bilen belgilenen eksponatlaryň açyk görkezilip başlanan senesi boýunça bellenen ilkinjiligi;

20) **Türkmenistanyň haryt nyşanlarynyň Döwlet sanawy** (mundan beýläk – Döwlet sanawy) – haryt nyşanynyň şekili, haryt nyşany özleri babatda bellige alnan harytlaryň we (ýa-da) hyzmatlaryň sanawy, haryt nyşanynyň eýesi, haýyşnamanyň berlen senesi, haryt nyşanynyň ilkinjilik maglumatlary we onuň döwlet belligine alnan senesi baradaky maglumatlary, şeýle hem haryt nyşanynyň döwlet belligine alynmagyna degişli beýleki maglumatlary özünde saklaýan resminama.

**2-nji madda. Haryt nyşanlary hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy**

Haryt nyşanlary hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar we şu Kanundan hem-de Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ybaratdyr.

**3-nji madda. Haryt nyşanynyň hukuk goragy we onuň hereket ediş möhledi**

1. Türkmenistanda haryt nyşanynyň hukuk goragy şu Kanunda bellenen tertipde onuň döwlet belligine alynmagynyň esasynda ýa-da haryt nyşanlarynyň halkara belligine alynmagy hakyndaky Madrid ylalaşygyna Teswirnama laýyklykda haryt nyşanynyň halkara belligine alynmagynyň esasynda berilýär.

Haryt nyşanyna bolan hukuk kanun bilen goralýar we haryt nyşany üçin şahadatnama bilen tassyklanylýar.

2. Haryt nyşany ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahsyň ýa-da telekeçilik işini amala aşyrýan ýuridik şahsyň adyna bellige alnyp bilner.

3. Haryt nyşanynyň eýesine haryt nyşanyny ulanmaga we oňa ygtyýar etmäge bolan aýratyn hukuk, şeýle hem haryt nyşanynyň ýa-da onuň bilen gatyşyp gitmek derejesine çenli çalymdaş belginiň başga şahslar tarapyndan ulanylmagyny gadagan etmek hukugy degişlidir. Eýesiniň haryt nyşanyna bolan aýratyn hukugy haryt nyşany üçin şahadatnamada görkezilen harytlara (işlere, hyzmatlara) degişlidir.

4. Haryt nyşanynyň hukuk goragynyň hereket ediş möhledi on ýyldyr. Şunda görkezilen möhlet 2008-nji ýylyň 5-nji noýabryna çenli berlen haýyşnamalar boýunça haryt nyşanynyň döwlet belligine alnan senesinden, görkezilen seneden soň berlen haýyşnamalar boýunça bolsa, haýyşnamanyň berlen senesinden hasaplanylýar.

5. Türkmenistanda goralýan haryt nyşanyny, onuň eýesiniň rugsady bolmazdan, ulanmaga hiç kimiň haky ýokdur.

**4-nji madda. Wekillik**

1. Türkmenistanyň ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahslary we ýuridik şahslary haryt nyşanlarynyň hukuk goragy babatda ygtyýarly edara bilen işlerini gönüden-göni hem, wekilleriniň ýa-da patent ynamdarlarynyň üsti bilen hem alyp barmaga

haklydyrlar.

2. Daşary ýurtly fiziki we ýuridik şahslar haryt nyşanlarynyň hukuk goragy babatda ygtyýarly edara bilen gatnaşyklarda öz hukuklaryny patent ynamdarlarynyň üsti bilen durmuşa geçirýärler.

3. Wekiliň ýa-da patent ynamdarynyň ygtyýarlyklary degişli ynanç haty bilen tassyklanylýar.

## II BAP. HARYT NYŞANLARYNYŇ HUKUK GORAGY WE ULANYLMAGY ÇYGRYNDA DÖWLET DÜZGÜNLEŞDIRMESI WE GÖZEGÇILIGI

**5-nji madda. Haryt nyşanlarynyň hukuk goragy we ulanylmagy çygrynda döwlet düzgünleşdirmesini we gözegçiligini amala aşyrýan edaralar**

Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, haryt nyşanlarynyň hukuk goragy babatda ygtyýarly edara – Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Intellektual eýeçilik boýunça döwlet gullugy (mundan beýläk – Türkmenpatent) haryt nyşanlarynyň hukuk goragy we ulanylmagy çygrynda döwlet düzgünleşdirmesini we gözegçiligini amala aşyrýan edaralardyr.

**6-njy madda. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ygtyýarlylygy**

Türkmenistanyň Ministrler Kabineti haryt nyşanlarynyň hukuk goragy çygrynda:

1) ýeke-täk döwlet syýasatyny kesgitleýär;

2) kadalaşdyryjy hukuk namalaryny çykarýar;

3) döwlet häkimiýet edaralarynyň işini utgaşdyrýar;

4) Türkmenistanyň kanunçylygynda onuň ygtyýarlylygyna degişli edilen beýleki wezipeleri amala aşyrýar.

**7-nji madda. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň ygtyýarlylygy**

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi haryt nyşanlarynyň hukuk goragy çygrynda:

1) ýeke-täk döwlet syýasatyny durmuşa geçirýär;

2) kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kabul edýär;

3) intellektual eýeçiligiň obýektleriniň hukuk goragynyň meseleleri boýunça halkara şertnamalaryna laýyklykda Türkmenistanyň öz üstüne alan borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär;

4) şulary tassyklaýar:

a) Türkmenpatent hakynda Düzgünnamany;

b) haryt nyşanlaryny döwlet belligine almagyň Tertibini;

ç) Döwlet sanawyny ýöretmegiň Tertibini;

d) Türkmenpatentiň Arz-şikaýat toparynyň Düzgünnamasyny;

e) fiziki we ýuridik şahslaryň haryt nyşanyna bolan bozulan ýa-da jedelleşilýän hukuklary baradaky arz-şikaýatlaryna seretmegiň Tertibini;

ä) haryt nyşanlarynyň döwlet belligine alynmagyna degişli beýleki düzgünnamalary we tertipleri, şeýle hem resminamalaryň görnüşlerini;

5) Türkmenistanyň kanunçylygynda onuň ygtyýarlylygyna degişli edilen beýleki wezipeleri amala aşyrýar.

**8-nji madda. Türkmenpatentiň ygtyýarlylygy**

Türkmenpatent haryt nyşanlarynyň hukuk goragy çygrynda:

1) ýeke-täk döwlet syýasatyny durmuşa geçirýär;

2) haryt nyşanlary hakynda Türkmenistanyň kanunçylygynyň ulanylmagy boýunça düşündirişleri berýär;

3) şu Kanunyň 7-nji maddasynyň 4-nji bendinde görkezilen resminamalaryň taslamalaryny

işläp taýýarlaýar we tassyklatmak üçin Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligine berýär;

4) haýyşnamalary seredilmegi üçin kabul edýär, olar boýunça bilermenler seljermesini geçirýär we haryt nyşanlarynyň döwlet belligine alynmagyny amala aşyrýar;

5) Döwlet sanawyny ýöredýär we haryt nyşany üçin şahadatnamany berýär;

6) haryt nyşanlary baradaky maglumatlaryň Resmi býulletende çap edilmegini amala aşyrýar;

7) intellektual eýeçilik babatda Türkmenistanyň kanunçylygyny kämilleşdirmek boýunça teklipleri işläp taýýarlaýar;

8) patent ynamdarlarynyň hünär synagyny geçirýär we olary bellige alýar;

9) Türkmenpatent hakynda Düzgünnama laýyklykda, tölegli hyzmatlary edýär;

10) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, beýleki wezipeleri amala aşyrýar.

## III BAP. HARYT NYŞANYNYŇ DÖWLET BELLIGINE ALYNMAGY

**9-njy madda. Haryt nyşanlarynyň döwlet belligine alynmagynyň maksady**

Haryt nyşanlarynyň eýeleriniň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň goralmagyny üpjün etmek haryt nyşanlarynyň döwlet belligine alynmagynyň maksady bolup durýar.

**10-njy madda. Haryt nyşanyny döwlet belligine almakdan ýüz dönderilmegi üçin esaslar**

1. Haryt nyşanyny döwlet belligine almakdan şübhesiz ýa-da düýpli esaslar boýunça ýüz dönderilip bilner.

2. Şübhesiz esaslar boýunça aşakdaky belgileriň haryt nyşany hökmünde döwlet belligine alynmagyna ýol berilmeýär:

1) tapawutlandyryjy alamatlary bolmadyk ýa-da diňe aşakdaky elementlerden ybarat bolan:

a) mahsus çyzgylaýyn ýerine ýetirilmedik aýratyn harplardan we (ýa-da) sanlardan;

b) çyzyklardan, ýönekeý geometrik şekillerden, şeýle hem olaryň belli bir görnüşi emele getirmeýän utgaşmalaryndan;

ç) belli bir görnüşdäki harytlaryň belgilenmesi hökmünde ählumumy ulanyşa giren elementlerden; olaryň dowamly ulanylmagynyň netijesinde bu elementler bilen tapawutlandyryş ukybyna eýe bolunmak halatlary muňa degişli däldir;

d) umumy kabul edilen nyşanlardan we adalgalardan;

e) harytlaryň ýönekeý atlaryndan;

ä) harytlaryň häsiýetleriniň görkezilmeginden, şol sanda mahabat häsiýetli;

f) çig malyň düzüminiň görkezilmeginden;

g) harydyň agramynyň, göwrüminiň, nyrhynyň görkezilmeginden;

h) harydyň öndürilen senesiniň görkezilmeginden;

i) önümçiligiň döredilen senesiniň görkezilmeginden;

j) harydy öndürijiniň salgysynyň görkezilmeginden;

ž) dolulygyna ýa-da bölekleýin geografik atlardan durup, harydy öndürijiniň ýerleşýän ýeri hökmünde kabul edilip bilinjek belgilerden.

Eger şu bendiň «a», «b», «d-ž» kiçi bentlerinde görkezilen elementler haryt nyşanynda agdyklyk edýän ýagdaýda bolmasalar, olar goralmaýan elementler hökmünde haryt nyşanyna girizilip bilner;

2) harytlaryň häsiýetnamalaryny, şol sanda harytlaryň görnüşini, hilini, mukdaryny, häsiýetini, niýetlenilişini, gymmatyny, şeýle hem olaryň öndürilen ýa-da ýerlenilen wagtyny, ýerini, usulyny görkezýän;

3) harytlaryň diňe ýa-da esasan olaryň häsiýetleri ýa-da niýetlenilişi bilen kesgitlenilýän görnüşini emele getirýän;

4) şulary aňladýan ýa-da öz içine alýan:

a) döwletleriň atlaryny ýa-da ol atlardan ýasalan sözleri, şeýle hem döwlet tugralaryny, döwlet baýdaklaryny ýa-da görkezilen döwlet nyşanlarynyň elementlerini;

b) halkara, hökümetara guramalarynyň gysgaldylan ýa-da doly atlaryny, olaryň tugralaryny, baýdaklaryny hem-de beýleki nyşanlaryny we belgilerini;

ç) resmi gözegçilik, kepillendiriş we düzümini anyklaýyş tagmalaryny, möhürleri, sylaglary we beýleki tapawutlandyryş nyşanlaryny ýa-da olar bilen gatyşyp gitmek derejesine çenli çalymdaş bolan belgileri.

Şu maddanyň ikinji böleginiň 4-nji bendinde görkezilen belgiler degişli ygtyýarly edara tarapyndan berilýän rugsatnamanyň esasynda goralmaýan elementler hökmünde haryt nyşanyna girizilip bilner;

5) aşakdaky elementler bolup durýan ýa-da olary özünde saklaýan:

a) sarp edijini haryt ýa-da ony öndüriji babatda ýalňyş pikire iterip biljek;

b) jemgyýetçilik bähbitlerine, ynsanperwerlik we ahlak ýörelgelerine gapma-garşy gelýän;

6) türkmen halkynyň medeni mirasynyň aýratyn gymmatly obýektleriniň ýa-da bütindünýä medeni ýa-da tebigy mirasyň obýektleriniň atlary we (ýa-da) şekilleri bilen meňzeş ýa-da gatyşyp gitmek derejesine çenli çalymdaş bolan.

3. Düýpli esaslar boýunça aşakdakylara meňzeş ýa-da gatyşyp gitmek derejesine çenli çalymdaş belgileriň haryt nyşany hökmünde döwlet belligine alynmagyna ýol berilmeýär:

1) kysmy bir we has öň berlen ilkinjiligi bolan harytlar babatda başga şahslaryň döwlet belligine aldyrmak üçin haýyşnama berlen (eger olar üçin berlen haýyşnamalar ýatyrylmadyk bolsa) ýa-da Türkmenistanda, şol sanda Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda goralýan haryt nyşanlaryna;

2) Türkmenistanda harytlaryň gelip çykan ýerleriniň goralýan atlaryna; ol belgileriň goralmaýan elementler hökmünde şeýle atlary ulanmaga hukugy bolan şahslaryň adyna hut şol harytlar babatynda bellige alnan haryt nyşanlaryna girizilen halatlary muňa degişli däldir;

3) Türkmenistanda olara bolan hukuklar başga bir şahslarda döwlet belligine alynmagy üçin haýyşnama berlen haryt nyşanynyň ilkinjiliginiň senesinden öň dörän, kysmy bir harytlar babatda Türkmenistanda goralýan senagat nusgalaryna, seleksiýada gazanylanlaryň atlaryna, firma atlaryna, ikinji derejeli milli domeniň öz atlaryna;

4) Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň derman serişdeleriniň we işjeň derman ingrediýentleriniň Halkara patentlenmedik atlarynyň sanawyna girizilen atlaryna;

5) eger ol eserlere bolan hukuklar döwlet belligine alynmagy üçin haýyşnama berlen haryt nyşanynyň ilkinjilik senesinden öň ýüze çykan bolsa, awtorlyk hukugynyň eýeleriniň ýa-da olaryň hukuk oruntutarlarynyň razyçylygy bolmasa, haýyşnamanyň berlen senesinde Türkmenistanda belli bolan ylym, edebiýat we sungat eserleriniň atlaryna, şeýle eserlerden alnan gahrymanlara ýa-da parçalara, sungat eserlerine ýa-da olaryň parçalaryna;

6) olaryň mirasdarlarynyň razyçylygy ýa-da degişli döwlet edarasynyň rugsatnamasy bolmazdan, haýyşnamanyň berlen senesinde tanymal adamlaryň familiýalaryna, atlaryna, lakamlaryna ýa-da olardan ýasalan belgilere, portretlerine we golly möhürlerine.

**11-nji madda. Haýyşnamanyň berilmegi**

1. Haýyşnama Türkmenpatente berilýär.

2. Haýyşnama gyzyklanýan şahs tarapyndan, şeýle hem onuň wekiliniň ýa-da patent ynamdarynyň üsti bilen berlip bilner.

**12-nji madda. Haýyşnama bildirilýän talaplar**

1. Haryt nyşanynyň döwlet belligine alynmagy üçin haýyşnama bir haryt nyşanyna degişli bolmalydyr.

2. Haýyşnamada şular bolmalydyr:

1) haýyşnamaçynyň adyny, ýerleşýän ýerini ýa-da ýaşaýan ýerini görkezmek bilen, haryt nyşany hökmünde belginiň döwlet belligine alynmagy baradaky arza;

2) haýyşnama berilýän belgi we onuň ýazgysy;

3) haryt nyşanlarynyň bellige alynmagy üçin harytlaryň we hyzmatlaryň Halkara klassifikasiýasynyň toparlary boýunça jemlenen, özi babatda haryt nyşanynyň döwlet belligine alynmagy soralýan harytlaryň we (ýa-da) hyzmatlaryň sanawy.

Harytlaryň sanawynda harytlaryň we hyzmatlaryň Halkara klassifikasiýasynyň toparlarynyň atlarynyň we beýleki umumy adalgalaryň görkezilen halatynda, haryt nyşanynyň gorag çägine diňe umumy görkezilmegiň ýa-da adalganyň jikme-jik manysy bilen takyk aňladylýan harytlar we (ýa-da) hyzmatlar girýär.

Sanawa «harytlaryň we hyzmatlaryň Halkara klassifikasiýasynyň görkezilen toparyna girýän ähli harytlar we (ýa-da) hyzmatlar» diýen aňlatmanyň girizilmegine ýol berilmeýär;

4) haryt nyşanynyň şekil elementleriniň Halkara klassifikasiýasyna laýyklykda, haryt nyşanynyň şekil elementleriniň topary, kiçi topary ýa-da uly sözbaşysy.

Haýyşnamanyň resminamalaryna bildirilýän talaplar Türkmenpatent tarapyndan bellenilýär.

3. Haýyşnama şular goşulmalydyr:

1) haýyşnamany bermek üçin pajyň tölenilendigini tassyklaýan resminama;

2) eger haýyşnama wekiliň ýa-da patent ynamdarynyň üsti bilen berilýän bolsa, olaryň ygtyýarlygyny tassyklaýan ynanç haty;

3) eger haýyşnama köpçülikleýin nyşany döwlet belligine aldyrmak üçin berilýän bolsa, köpçülikleýin nyşan baradaky maglumatlar.

Käbir halatlarda haýyşnamanyň ýanyna haryt nyşanyny döwlet belligine aldyrmak üçin zerur bolan beýleki resminamalar hem goşulyp bilner.

Haýyşnamany bermek üçin degişli pajyň tölenilendigini tassyklaýan we haýyşnama bilen bir wagtda berilýän resminamadan daşary haýyşnamanyň ýanyna goşulýan resminamalar haýyşnamanyň gelip gowşan senesinden başlap, üç aýyň içinde Türkmenpatente tabşyrylmalydyr.

Görkezilen möhlet haýyşnamaçynyň towakganamasy boýunça, eger towakganama bu möhlet tamamlanmanka gelip gowşan we degişli pajyň tölenilen şertinde, uzaldylyp bilner. Resminamalary tabşyrmagyň möhletiniň uzaldylmagy bellenilen üç aý möhletiň tamamlanan senesinden başlap, üç aýdan köp bolmaly däldir.

Resminamalaryň bellenilen möhletde tabşyrylmadyk halatynda haýyşnama ýatyrylýar, bu barada haýyşnamaçy habarly edilýär.

4. Arza döwlet dilinde berilýär we oňa haýyşnamaçy ýa-da onuň wekili, ýa-da patent ynamdary tarapyndan gol çekilýär.

Haýyşnama goşulýan resminamalar döwlet diline terjimesi goşulyp, daşary ýurt dilinde berlip bilner. Daşary ýurt dilinde berlen resminamalar, eger olaryň döwlet diline terjimesi haýyşnamanyň berlen senesinden başlap, üç aýyň içinde gelip gowşan bolsa, Türkmenpatente gelen senesinde berlen hasap edilýär.

Eger görkezilen terjime haýyşnamanyň berlen senesinden başlap, üç aýyň içinde berilmese, terjimäni bermegiň möhleti haýyşnamaçynyň towakganamasy boýunça, eger towakganama degişli pajyň tölenilendigi baradaky resminama bilen bilelikde bu möhlet tamamlanmazyndan öň gelip gowşan şertinde, goşmaça üç aý uzaldylyp bilner.

Döwlet diline terjimesi bellenilen möhletlerde berilmedik halatynda haýyşnama ýatyrylýar.

5. Ilkinjilik soralanda haýyşnama şular goşulýar:

1) eger haýyşnamaçy şu Kanunyň 13-nji maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda, konwension ilkinjiligiň berilmegini soraýan bolsa, haýyşnamaçynyň Pariž konwensiýasyna gatnaşyjy döwletde beren birinji haýyşnamasynyň tassyklanan nusgasy;

2) eger haýyşnamaçy şu Kanunyň 13-nji maddasynyň üçünji bölegine laýyklykda, sergi ilkinjiliginiň berilmegini soraýan bolsa, sergide eksponatlaryň haýyşnama berlen haryt nyşanyny ulanmak bilen görkezilendigine güwä geçýän tassyklanan resminama.

Ilkinjiligiň berilmegi soralan halatynda haýyşnama goşulýan resminamalar haýyşnamanyň gelip gowşan senesinden başlap, üç aý möhletiň içinde Türkmenpatente berilmelidir.

6. Haýyşnamanyň berlen senesi Türkmenpatente aşakdaky resminamalaryň gelip gowşan senesi boýunça bellenilýär:

1) haýyşnamaçynyň adyny we onuň salgysyny görkezmek bilen, belginiň haryt nyşany

hökmünde döwlet belligine alynmagy baradaky arzanyň;

2) belginiň şekiliniň;

3) harytlaryň sanawynyň;

4) haýyşnamany bermek üçin pajyň tölenilendigini tassyklaýan resminamanyň.

Eger görkezilen resminamalar birwagtda berilmese, onda soňky resminamanyň gelip gowşan senesi haýyşnamanyň berlen senesi diýlip hasap edilýär.

**13-nji madda. Haryt nyşanynyň ilkinjiligi**

1. Haryt nyşanynyň ilkinjiligi şu Kanunyň 12-nji maddasynyň bäşinji böleginiň talaplaryna laýyk gelýän haýyşnamanyň Türkmenpatente gelip gowşan senesi boýunça bellenilýär.

2. Eger haýyşnama ilkinjiligiň görkezilen senesinden başlap, alty aýyň içinde Türkmenpatente gelip gowşan bolsa, haryt nyşanynyň ilkinjiligi Pariž konwensiýasyna gatnaşyjy döwletde şol bir belgi üçin birinji haýyşnamanyň berlen senesi boýunça bellenilip bilner.

3. Eger haryt nyşany üçin haýyşnama Türkmenpatente eksponatyň görkezilmeginiň görkezilen senesinden başlap, alty aýyň içinde gelen bolsa, Pariž konwensiýasyna gatnaşyjy döwletleriň biriniň çäginde guralan resmi sergileriň ýa-da resmi taýdan ykrar edilen halkara sergileriň eksponatlarynda ýerleşdirilen haryt nyşanynyň ilkinjiligi eksponatlaryň sergide açyk görkezilip başlanan senesi boýunça bellenilip bilner.

4. Konwension ýa-da sergi ilkinjiligi hukugyndan peýdalanmak isleýän haýyşnamaçy haryt nyşany üçin haýyşnama berlende ýa-da haýyşnamanyň Türkmenpatente gelip gowşan senesinden başlap, iki aýyň içinde bu barada görkezmäge borçludyr.

5. Eger meňzeş ýa-da gatyşyp gitmek derejesine çenli çalymdaş haryt nyşany üçin şol bir günde birnäçe haýyşnama gelip gowşan bolsa, onda ilkinjilik Türkmenpatentiň has irki bellige alyş belgisi bolan haýyşnama degişlidir.

6. Haryt nyşanynyň ilkinjiligi haryt nyşanynyň Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda halkara belligine alynmagynyň senesi boýunça bellenilip bilner.

7. Bölüp berlen haýyşnama boýunça haryt nyşanynyň ilkinjiligi birinji haýyşnamanyň ilkinjiliginiň senesi boýunça bellenilýär.

**14-nji madda. Haryt nyşanynyň döwlet belligine alynmagy üçin haýyşnamanyň bilermenler seljermesi**

1. Haryt nyşanynyň döwlet belligine alynmagy üçin haýyşnamanyň bilermenler seljermesi Türkmenpatent tarapyndan geçirilýär we ol haryt nyşany üçin haýyşnamanyň deslapky bilermenler seljermesini hem-de haýyşnama berlen belginiň düýp manysy boýunça bilermenler seljermesini öz içine alýar.

2. Haýyşnamaçy haýyşnamanyň Türkmenpatente gelip gowşan senesinden başlap, iki aýyň içinde, degişli pajy tölemezden, haýyşnama üýtgetmeleri girizmäge haklydyr, görkezilen möhlet tamamlanandan soň bolsa, degişli paç tölenilmelidir.

3. Eger şu maddanyň ikinji böleginde görkezilen üýtgetmeler haýyşnamanyň mazmunyna düýpli täsir edýän bolsa, onda olar seredilmegi üçin kabul edilmeýär we haýyşnamaçy tarapyndan täze haýyşnamanyň berilmegi arkaly resmileşdirilip bilner.

Eger üýtgetmeler öň haýyşnama berlenler babatda harytlaryň sanawynyň üstüni kysmy bir bolmadyk harytlar bilen dolduryan ýa-da ony çalşyrýan bolsa, ýa-da girizilýän üýtgetmeler haýyşnama berlen belginiň daşky görnüşini umumylykda düýbünden üýtgedýän bolsa, olar haýyşnamanyň mazmunyna düýpli täsir edýän üýtgetmeler diýlip ykrar edilýär.

4. Bilermenler seljermesiniň geçirilýän döwründe bilermenler seljermesiniň geçirilmegi üçin zerur bolan goşmaça maglumatlary haýyşnamaçydan talap etmäge Türkmenpatentiň hukugy bardyr. Şunda bilermenler seljermesiniň möhleti degişlilikde uzaldylýar.

Türkmenpatentiň talap etmegi boýunça goşmaça maglumatlar talapnamanyň ugradylan senesinden başlap, üç aý möhletde berilmelidir. Haýyşnamaçynyň towakganamasy boýunça, eger towakganama şu möhletiň tamamlanmazyndan öň degişli pajyň tölenilendigi baradaky resminamalar bilen bilelikde gelip gowşan şertinde, bu möhlet uzaldylyp bilner.

Türkmenpatentiň talap etmegi boýunça goşmaça maglumatlary bermegiň möhletiniň uzaldylmagy bellenilen üç aýlyk möhletiň tamamlanan senesindan başlap, alty aýdan köp bolmaly däldir.

Maglumatlaryň görkezilen möhletlerde berilmedik halatynda haýyşnama ýatyrylan diýlip ykrar edilýär, bu barada haýyşnamaçy habarly edilýär.

5. Haýyşnamanyň bilermenler seljermesiniň geçirilýän döwründe ol boýunça çözgüt kabul edilýänçä, haýyşnamaçy şol belgä birinji haýyşnamada görkezilen harytlaryň sanawynyň bölegini özünde saklaýan bölüp berilýän haýyşnamany bermäge haklydyr. Bu ýagdaýda bölüp berilýän haýyşnamada haýyşnama bildirilen harytlar we (ýa-da) hyzmatlar birinji haýyşnamadan aýrylýar.

6. Haýyşnamaçynyň haýyşy boýunça, haýyşnama oňa garalmagynyň islendik döwründe, ýöne haryt nyşanynyň döwlet belligine alnan senesinden gijä goýulman, ýatyrylyp bilner.

Ýatyrylan haýyşnama boýunça ýuridik ähmiýetli hereketler amala aşyrylmaýar. Soňky ilkinjilikli haýyşnamalara seredilende ýatyrylan haýyşnama nazara alynmaýar. Ýatyrylan haýyşnama dikeldilmeýär we haýyşnamaça gaýtarylyp berilmeýär.

7. Bilermenler seljermesiniň geçirilýän döwründe ýüze çykýan meselelere garalmagyna haýyşnamaçynyň gatnaşmaga hukugy bardyr.

**15-nji madda. Haryt nyşany üçin haýyşnamanyň deslapky bilermenler seljermesi**

1. Haýyşnamanyň berlen senesinden iki aý geçenden soň, bir aý möhletde Türkmenpatent tarapyndan onuň deslapky bilermenler seljermesi geçirilýär; şu maddanyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan ýagdaýlar muňa degişli däldir. Deslapky bilermenler seljermesiniň geçirilmeginiň barşynda zerur resminamalaryň barlygy we şu Kanunyň 12-nji maddasynyň ikinji we üçünji böleklerinde göz öňünde tutulan talaplaryň berjaý edilişi barlanylýar.

2. Haýyşnamaçynyň towakganamasy boýunça haryt nyşany üçin haýyşnamanyň deslapky bilermenler seljermesi, degişli pajyň tölenilen şertinde, görkezilen towakganamanyň berlen gününden başlap, on iş gününiň içinde tizleşdirilen iş amaly boýunça geçirilip bilner.

3. Eger haýyşnama bildirilýän talaplara laýyk gelmeýän bolsa, ýüze çykarylan kemçilikler görkezilip we degişli maglumatlaryň talapnamanyň iberilen senesinden başlap, üç aýyň içinde iberilmegi teklip edilip, haýyşnamaça talapnama ugradylýar.

Türkmenpatentiň talap etmegi boýunça berilýän goşmaça maglumatlara şu Kanunyň 12-nji maddasynyň dördünji böleginde göz öňünde tutulan talaplar degişlidir.

Türkmenpatentiň talabyna jogabyň berilmedik we onuň möhletiniň uzaldylmagy barada towakganamanyň bellenilen möhletde berilmedik halatynda haýyşnama ýatyrylýar, bu barada haýyşnamaçy habarly edilýär.

4. Deslapky bilermenler seljermesiniň netijeleri boýunça haýyşnamaçy haýyşnamasynyň garalmagy üçin kabul edilendigi barada habarly edilýär ýa-da haýyşnamasyny kabul etmekden ýüz döndermeginiň sebäpleri görkezilen, delillendirilen hat ugradylýar.

5. Haýyşnamasy seredilmegi üçin kabul edilen halatynda, haýyşnamaçy ilkinjiligiň bellenilýändigi barada habarly edilýär; konwension ýa-da sergi ilkinjiligi soralýan, ýöne haýyşnamanyň seredilmegi üçin kabul edilen pursadynda ilkinjiligi tassyklaýjy resminamalaryň bolmadyk halatlary muňa degişli däldir.

6. Seredilmegi üçin kabul edilen haýyşnamalar baradaky maglumatlar Türkmenpatent tarapyndan Resmi býulletende çap edilýär.

Seredilmegi üçin kabul edilen haýyşnama baradaky maglumatlar çap edilenden soň islendik gyzyklanýan şahs haryt nyşanynyň döwlet belligine alnan senesinden öň, degişli pajyň tölenilen şertinde, döwlet belligine alynmagy üçin haýyşnama berlen haryt nyşanynyň hukuk goragynyň berilmegi barada ýazmaça görnüşdäki delillendirilen närazylygy Türkmenpatente bermäge haklydyr.

**16-njy madda. Haýyşnama berlen belginiň düýp manysy boýunça bilermenler seljermesi**

1. Haýyşnama berlen belginiň düýp manysy boýunça bilermenler seljermesi, degişli pajyň tölenilen şertinde, deslapky bilermenler seljermesi tamamlanandan soň, ýöne haýyşnamanyň ilkinjilik senesinden başlap, alty aýdan soň geçirilýär; şu maddanyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan ýagdaýlar muňa degişli däldir.

2. Haýyşnamaçynyň towakganamasy boýunça haýyşnama berlen belginiň düýp manysy boýunça bilermenler seljermesi, degişli pajyň tölenilen şertinde, haryt nyşany üçin haýyşnamanyň deslapky bilermenler seljermesi tamamlanan senesinden başlap, ýigrimi iş gününiň içinde tizleşdirilen iş amaly boýunça geçirilip bilner.

Başga bir şahsdan kysmy bir harytlar ýa-da hyzmatlar boýunça meňzeş haryt nyşany üçin konwension haýyşnamanyň gelip gowşan halatynda, tizleşdirilen bilermenler seljermesi iş amaly boýunça bellige alnan haryt nyşanynyň döwlet belligine alynmagynyň hakyky däldigi barada Türkmenpatent tarapyndan çözgüt kabul edilip bilner, bu barada haryt nyşanynyň eýesi habarly edilýär.

3. Düýp manysy boýunça bilermenler seljermesi şulary öz içine alýar:

1) haýyşnamanyň şu Kanunyň 12-nji maddasynda göz öňünde tutulan talaplara laýyklygyna barlagy;

2) haýyşnama berlen belginiň şu Kanunyň 10-njy maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan talaplara laýyklygyna barlagy;

3) nyşanlaryň bellige alynmagy üçin harytlaryň we hyzmatlaryň Halkara klassifikasiýasy boýunça harytlaryň toparlara bölünişiniň dogrulygyna barlagy;

4) haryt nyşanynyň şekil elementleriniň Halkara klassifikasiýasyna laýyklykda, haryt nyşanynyň şekil elementleriniň klassifikasiýasynyň dogrulygyna barlagy;

5) haýyşnama berlen belginiň meňzeş we çalymdaş belgileriniň gözlegini hem-de şu Kanunyň 10-njy maddasynyň üçünji böleginiň 1-4-nji bentlerinde bellenilen şertlere laýyklygyna barlagy;

6) eger ilkinjilik deslapky bilermenler barlagynyň netijeleri boýunça bellenilmedik bolsa, haryt nyşanynyň ilkinjiliginiň şu Kanunyň 13-nji maddasyna laýyklykda bellenilmegini.

Bilermenler seljermesiniň netijeleri boýunça haýyşnama berlen belginiň haryt nyşany hökmünde döwlet belligine alynmagy ýa-da onuň döwlet belligine alynmagyndan ýüz dönderilmegi barada çözgüt kabul edilýär.

4. Haryt nyşanynyň döwlet belligine alynmagy baradaky çözgütde haýyşnamanyň san belgisi, haýyşnamanyň berlen senesi, ilkinjilik baradaky maglumatlar, haýyşnamaçynyň ady we salgysy, haryt nyşanlarynyň bellige alynmagy üçin harytlaryň we hyzmatlaryň Halkara klassifikasiýasyna laýyklykda toparlarynyň görkezilmegi bilen, harytlaryň sanawy, haryt nyşanynyň şekil elementleriniň Halkara klassifikasiýasyna laýyklykda, haryt nyşanynyň şekil elementleriniň görkezilmegi bilen, nyşanyň şekili.

Haryt nyşanynyň döwlet belligine alynmagy baradaky çözgütde, eger olar bar bolsa, ondaky goralmaýan elementler, şeýle hem, eger reňkli ýerine ýetirilen haryt nyşanyny bellige almak soralýan bolsa – reňk sazlaşygy, pajyň möçberi we ony tölemegiň möhletleri hem-de çözgüde şikaýat etmegiň şertleri we möhletleri hem-de beýleki zerur maglumatlar sanalyp geçilýär.

5. Eger haýyşnama boýunça çözgüt başga bir, has irki ilkinjiligi bolan haýyşnama seredilmeginiň netijelerine bagly bolsa, onda giç berlen haýyşnama boýunça çözgüt irki ilkinjiligi bolan haýyşnama seredilmegi tamamlanandan soň çykarylýar.

6. Eger haýyşnama berlen belginiň bilermenler seljermesiniň netijesinde belginiň şu Kanunyň talaplaryna laýyk gelmeýändigi anyklanylsa, haryt nyşanyny döwlet belligine almakdan ýüz dönderilmegi üçin esas bolup biljek deliller, eger zerur bolsa, maglumatlaryň degişli çeşmelerine salgylanmalar getirilip we getirilen delilleri inkär etmek, şeýle hem goşmaça maglumatlary bermek ýa-da haýyşnama zerur üýtgetmeleri girizmek teklip edilip, haýyşnamaça haryt nyşanyny döwlet belligine almakdan doly ýa-da bölekleýin ýüz dönderilmegi baradaky deslapky çözgüt iberilýär.

Haýyşnamaçy bilermenler seljermesi geçirilende ulanylýan resminamalar bilen tanyşmaga haklydyr. Garşy goýlan resminamalaryň nusgalary talapnamanyň iberilen senesinden başlap, üç aý möhletde talap edilip bilner.

7. Haýyşnamaçy Türkmenpatentiň bilermenler seljermesiniň haryt nyşanyny döwlet belligine almakdan doly ýa-da bölekleýin ýüz döndermek baradaky deslapky çözgüdi bilen razylaşmadyk ýagdaýynda, deslapky çözgüdiň iberilen senesinden başlap, üç aý möhletde delillendirilen arzany bermäge haklydyr. Haýyşnamaçynyň towakganamasy boýunça, eger towakganama uzaltmagyň her aýy üçin pajyň tölenilendigi baradaky resminamalar bilen bilelikde bu möhlet tamamlanmanka gelip gowşan şertinde, arzany bermegiň möhleti alty aýa çenli uzaldylyp bilner.

Arza Türkmenpatent tarapyndan onuň alnan senesinden başlap, iki aý möhletde seredilýär.

8. Eger şu maddanyň altynjy böleginde görkezilen möhletler haýyşnamaçy tarapyndan berjaý edilmese, onda haýyşnama berlen belgini haryt nyşany hökmünde döwlet belligine almakdan ýüz döndermek barada ýa-da haryt nyşanyny Türkmenpatentiň deslapky çözgüdinde görkezilen möçberde döwlet belligine almak barada çözgüt çykarylýar.

**17-nji madda. Haryt nyşany üçin haýyşnama boýunça Türkmenpatentiň çözgüdiniň jedelleşilmegi we geçirilen möhletleriň dikeldilmegi**

1. Türkmenpatentiň haryt nyşany üçin haýyşnama boýunça çykaran çözgüdi görkezilen çözgüdiň iberilen senesinden başlap, üç aýyň içinde Türkmenpatentiň Arz-şikaýat toparyna degişli şikaýaty bermek arkaly haýyşnamaçy tarapyndan jedelleşilip bilner.

Şikaýatyna seredilmegine haýyşnamaçynyň özüniň ýa-da wekiliniň üsti bilen gatnaşmaga hukugy bardyr.

2. Resminamalary ýa-da maglumatlary bermegiň, şeýle hem Türkmenpatentiň deslapky çözgüdi ýa-da çözgüdi bilen razylaşylmaýandygy baradaky arzany bermegiň haýyşnamaçy tarapyndan geçirilen möhletleri dikeldilip bilner. Geçirilen möhletiň dikeldilmegi baradaky arza uzaltmagyň her aýy üçin pajyň tölenilendigi baradaky resminamalar bilen bilelikde bellenilen möhletiň tamamlanan senesinden başlap, alty aýdan gijä galynman haýyşnamaçy tarapyndan Türkmenpatente berlip bilner.

Geçirilen möhletiň dikeldilendigi barada haýyşnamaçy habarly edilýär.

**18-nji madda. Haryt nyşanynyň döwlet belligine alynmagynyň amala aşyrylmagy**

1. Haryt nyşanyny döwlet belligine almak barada çözgüdiň kabul edilen we degişli pajyň tölenilendigini tassyklaýan resminamanyň alnan halatynda Türkmenpatent görkezilen bellige almaklygy amala aşyrýar we haryt nyşany baradaky maglumatlary Döwlet sanawyna girizýär.

2. Döwlet sanawyna haryt nyşanynyň şekili, onuň eýesi hakyndaky maglumatlar, haýyşnamanyň berlen senesi, haryt nyşanynyň ilkinjiligi baradaky maglumatlar we döwlet belligine alnan senesi, haryt nyşany özleri üçin bellige alnan harytlaryň we (ýa-da) hyzmatlaryň sanawy, haryt nyşanynyň şekil elementleriniň haryt nyşanynyň şekil elementleriniň Halkara klassifikasiýasy boýunça ýazgysy, haryt nyşanynyň döwlet belligine alynmagyna degişli beýleki maglumatlar, şeýle hem ol maglumatlardaky soňky üýtgemeler girizilýär.

Şeýle hem Döwlet sanawyna haryt nyşanynyň hereket ediş möhletiniň uzaldylmagy we (ýa-da) bes edilmegi hem-de döwlet belligine alynmagynyň ýatyrylmagy baradaky maglumatlar girizilýär.

3. Haryt nyşanynyň döwlet belligine alynmagy we haryt nyşany üçin şahadatnamanyň berilmegi üçin pajyň tölenilendigini tassyklaýan resminama haryt nyşanyny döwlet belligine almak baradaky çözgüdiň haýyşnamaça iberilen senesinden başlap, üç aýyň içinde Türkmenpatente gelip gowuşmalydyr.

Paç görkezilen möhletde tölenilmese haýyşnamaça, her geçirilen aý üçin degişli pajyň tölenilen şertinde, bellenen möhletiň tamamlanan senesinden başlap, ýeňillikli alty aý möhlet berilýär. Haryt nyşanynyň döwlet belligine alynmagy degişli pajyň tölenilendigi baradaky

resminama alnandan soňň bir aýyň içinde geçirilýär.

4. Bellenen we ýeňillikli möhletlerde pajyň tölenilendigi baradaky resminamalaryň berilmedik halatynda haryt nyşanynyň döwlet belligine alynmagy geçirilmeýär.

Şu ýagdaýda haýyşnama ýatyrylýar, bu barada haýyşnamaçy habarly edilýär.

5. Islendik gyzyklanýan şahs, degişli pajy tölän şertinde, Döwlet sanawyndan göçürmäni sorap alyp biler.

**19-njy madda. Haryt nyşany üçin şahadatnamany bermek**

1. Bellige alnan haryt nyşany üçin şahadatnama berilýär. Haryt nyşany üçin şahadatnamanyň berilmegi haryt nyşanynyň döwlet belligine alnan senesinden başlap, üç aý möhletde Türkmenpatent tarapyndan amala aşyrylýar.

2. Haryt nyşany üçin şahadatnamanyň görnüşi we haryt nyşany üçin şahadatnamada görkezilýän esasy maglumatlaryň sanawy Türkmenpatent tarapyndan kesgitlenilýär.

**20-nji madda. Haryt nyşanynyň hereket ediş möhletini uzaltmak**

1. Haryt nyşanynyň hereket ediş möhleti haryt nyşanynyň hereketiniň soňky ýylynyň içinde onuň eýesiniň Türkmenpatente beren arzasy boýunça, degişli pajyň tölenilen şertinde, her indiki on ýyla uzaldylyp bilner.

Uzaldylyş möhleti öňki möhletiň tamamlanan senesinden hasaplanylýar. Degişli pajyň tölenilen şertinde, haryt nyşanynyň eýesine onuň hereket ediş möhletini uzaltmak üçin ýeňillikli alty aý möhlet berilýär.

2. Haryt nyşanynyň hereket ediş möhletiniň uzaldylmagy baradaky maglumatlar Döwlet sanawyna girizilýär, bu barada haryt nyşanynyň eýesi habarly edilýär.

Haryt nyşanynyň hereket ediş möhletiniň uzaldylmagynyň tertibi Türkmenpatent tarapyndan kesgitlenýär.

3. Haryt nyşanynyň hereket ediş möhletiniň uzaldylmagy baradaky maglumatlar Resmi býulletende çap edilýär.

**21-nji madda. Döwlet sanawyna üýtgetmeleriň girizilmegi**

1. Döwlet sanawyna haryt nyşanynyň eýesiniň adynyň we (ýa-da) salgysynyň üýtgemegi, haryt nyşany özleri babatda bellige alnan harytlaryň sanawynyň kemelmegi, haryt nyşanynyň düýp manysyny üýtgetmeýän aýratyn elementleriniň üýtgemegi, şeýle hem haryt nyşanynyň döwlet belligine alynmagyna degişli beýleki üýtgeşmeler bilen baglanyşykly üýtgetmeler girizilýär.

2. Döwlet sanawyna üýtgetmeleriň girizilmegi, degişli pajyň tölenilen şertinde, haryt nyşanynyň eýesiniň arzasy boýunça geçirilýär. Döwlet sanawyna üýtgetmeleri girizmek baradaky arzany bermegiň we oňa seretmegiň tertibi Türkmenpatent tarapyndan bellenilýär.

**22-nji madda. Haryt nyşany baradaky maglumatlaryň çap edilmegi**

1. Haryt nyşanynyň döwlet belligine alynmagyna degişli maglumatlar we Döwlet sanawyna girizilen ähli soňky üýtgetmeler haryt nyşanynyň döwlet belligine alnan ýa-da Döwlet sanawyna üýtgetmeleriň girizilen senesinden başlap, alty aýyň içinde Resmi býulletende çap edilýär.

2. Haryt nyşanynyň döwlet belligine alynmagy barada çap edilýän maglumatlaryň sanawy Türkmenpatent tarapyndan kesgitlenilýär.

**23-nji madda. Haryt nyşanynyň halkara belligine alynmagy we daşary ýurt döwletlerinde bellige alynmagy**

1. Türkmenistanyň çäginde hemişelik ýaşaýan, ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahslar we Türkmenistanyň ýuridik şahslary haryt nyşanyny halkara belligine aldyrmaga ýa-da ony daşary ýurt döwletlerinde bellige aldyrmaga haklydyrlar.

2. Haryt nyşanyny haryt nyşanlarynyň halkara belligine alynmagy hakyndaky Madrid ylalaşygyna Teswirnama gatnaşyjy ýurtlarda halkara belligine aldyrmak Intellektual eýeçiligiň Bütindünýä guramasynyň Halkara býurosyna Türkmenpatentiň üsti bilen berlen halkara haýyşnamanyň esasynda amala aşyrylýar.

Haryt nyşanlarynyň halkara belligine alynmagy baradaky maglumatlar Intellektual eýeçiligiň Bütindünýä guramasynyň Halkara býurosy tarapyndan çap edilýär.

3. Haryt nyşanyny halkara belligine aldyrmak ýa-da daşary ýurt döwletlerinde bellige aldyrmak bilen bagly çykdajylary haýyşnamaçynyň özi çekýär.

**24-nji madda. Köpçülikleýin nyşan**

1. Ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahslar we (ýa-da) telekeçilik işini amala aşyrýan ýuridik şahslar bitewi hil ýa-da gaýry umumy häsiýetnamalara eýe bolan harytlaryň (ýerine ýetirilýän işleriň, edilýän hyzmatlaryň) belgilenmegi üçin niýetlenilen köpçülikleýin nyşany Türkmenistanda bellige aldyrmaga haklydyrlar.

Köpçülikleýin nyşany bu köpçülikleýin nyşany ulanmaga hukugy bolan şahslaryň sanawynda görkezilen islendik şahs ulanyp biler.

2. Köpçülikleýin nyşan we ony ulanmaga bolan hukuk başga şahslara berlip bilinmez.

**25-nji madda. Köpçülikleýin nyşanyň döwlet belligine alynmagy**

1. Köpçülikleýin nyşany döwlet belligine aldyrmak üçin berilýän haýyşnamanyň ýanyna haýyşnamaçynyň adyny, bu köpçülikleýin nyşany ulanmaga hukugy bolan şahslaryň sanawyny, köpçülikleýin nyşany döwlet belligine aldyrmagyň maksadyny, köpçülikleýin nyşan bilen belgilenjek harytlaryň hil taýdan bitewi ýa-da beýleki umumy häsiýetnamalaryny, onuň ulanylyşyna gözegçilik etmegiň şertlerini we tertibini, köpçülikleýin nyşanyň ulanylmagynyň şertleriniň bozulandygy üçin jogapkärçiligiň çärelerini görkezmek bilen, belginiň köpçülikleýin nyşan hökmünde döwlet belligine alynmagy baradaky arza goşulýar.

2. Döwlet sanawyna köpçülikleýin nyşany ulanmaga hukugy bolan şahslar baradaky maglumatlar, şeýle hem köpçülikleýin nyşan özleri babatda bellige alnan harytlaryň hil taýdan bitewi ýa-da beýleki umumy häsiýetnamalary baradaky maglumatlar girizilýär. Köpçülikleýin nyşanyň döwlet belligine alynmagy baradaky maglumatlar Resmi býulletende çap edilýär.

Köpçülikleýin nyşanyň eýesi köpçülikleýin nyşana degişli ähli üýtgetmeler barada Türkmenpatenti habarly edýär.

Bellige alnan köpçülikleýin nyşan üçin şahadatnama berilýär. Köpçülikleýin nyşan üçin şahadatnamanyň berilmegi köpçülikleýin nyşanyň döwlet belligine alnan senesinden başlap, üç aý möhletde Türkmenpatent tarapyndan amala aşyrylýar.

Köpçülikleýin nyşan üçin şahadatnamanyň görnüşi we köpçülikleýin nyşan üçin şahadatnamada görkezilýän maglumatlaryň sanawy Türkmenpatent tarapyndan kesgitlenýär.

3. Köpçülikleýin nyşanyň hil taýdan bitewi ýa-da beýleki umumy häsiýetnamalary bolmadyk harytlarda ulanylan halatynda köpçülikleýin nyşanyň hukuk taýdan goragy islendik gyzyklanýan şahsyň arzasy boýunça Türkmenpatentiň Arz-şikaýat toparynyň ýa-da kazyýetiň çözgüdiniň esasynda doly ýa-da bölekleýin bes edilip bilner.

4. Köpçülikleýin nyşan we onuň döwlet belligine alynmagy üçin haýyşnama degişlilikde haryt nyşanyna we onuň döwlet belligine alynmagy üçin haýyşnama üýtgedilip bilner, haryt nyşany we onuň döwlet belligine alynmagy üçin haýyşnama bolsa, degişlilikde köpçülikleýin nyşana we onuň döwlet belligine alynmagy üçin haýyşnama üýtgedilip bilner. Görkezilen üýtgedilme Türkmenpatent tarapyndan bellenilýän tertipde amala aşyrylýar.

5. Köpçülikleýin nyşanyň döwlet belligine alynmagy we köpçülikleýin nyşan üçin şahadatnama Türkmenpatentiň Arz-şikaýat toparynyň ýa-da kazyýetiň çözgüdiniň esasynda hakyky däl diýlip ykrar edilip bilner.

**26-njy madda. Haryt nyşanynyň ulanylmagy**

1. Haryt nyşanynyň eýesi ýa-da şu Kanunyň 29-njy maddasyna laýyklykda, ygtyýarlandyryş

şertnamasynyň esasynda özüne şeýle hukuk berlen şahs tarapyndan onuň haryt nyşany özleri babatda bellige alnan harytlarda ýa-da hyzmatlar babatynda we (ýa-da) harytlaryň etiketkalarynda, gaplarynda ulanylmagy haryt nyşanynyň ulanylmagy diýlip ykrar edilýär.

Haryt nyşanynyň mahabatda, neşir önümlerinde, at ýazgylarynda, Türkmenistanda geçirilýän sergilerde we ýarmarkalarda eksponatlar görkezilende, şeýle hem Internet ulgamynda ulanylmagy haryt nyşanynyň ulanylmagy diýlip ykrar edilip bilner.

2. Dellalçylyk işlerini amala aşyrýan şahslar öz haryt nyşanyny haryt öndürijiniň haryt nyşany bilen birlikde, şeýle hem haryt öndürijiniň haryt nyşanynyň deregine şertnama esasynda ulanyp bilerler.

3. Haryt nyşanynyň döwlet belligine alynmagy nyşanyň eýesiniň gönüden-göni özi tarapyndan ýa-da onuň razyçylygy bilen Türkmenistanda hojalyk dolanyşygyna girizilen harytlar babatda başga şahslar tarapyndan onuň ulanylmagyny gadagan etmäge haryt nyşanynyň eýesine hukuk bermeýär.

4. Haryt nyşanynyň ulanylmazlygy sebäpli haryt nyşanynyň hereketiniň möhletinden öň bes edilmegi baradaky arzanyň berlen senesinden öňki üç ýylyň dowamynda onuň ulanylmandygy sebäpli haryt nyşanynyň hereketi harytlar babatynda ýa-da harytlaryň bölegi babatynda möhletinden öň bes edilip bilner.

Ýokarda görkezilen arza haryt nyşanynyň Türkmenistanda bellige alnan senesinden başlap, üç ýyl geçeninden soň berlip bilner.

5. Haryt nyşanynyň ulanylmazlygy sebäpli onuň hereketiniň möhletinden öň bes edilmegi baradaky arza islendik gyzyklanýan şahs tarapyndan Türkmenpatentiň Arz-şikaýat toparyna berlip bilner.

6. Haryt nyşanynyň ulanylýandygynyň subutnamasyny onuň eýesi berýär. Haryt nyşanynyň onuň düýp manysyny üýtgetmeýän käbir elementleriniň üýtgedilmegi bilen ulanylmagy hem haryt nyşanynyň ulanylmagynyň subutnamasy diýlip ykrar edilýär.

7. Ulanylmaýandygy sebäpli haryt nyşanynyň hereketiniň möhletinden öň bes edilmegi baradaky mesele çözülende, haryt nyşanynyň eýesi tarapyndan haryt nyşanynyň onuň özüne bagly bolmadyk ýagdaýlar sebäpli ulanylmandygy barada getirilýän subutnamalar göz öňünde tutulyp bilner.

**27-nji madda. Duýduryjy belgileme**

1. Haryt nyşanynyň eýesi haryt nyşanynyň ýanynda ulanylýan haryt nyşanynyň Türkmenistanda bellige alnandygyny we goralýandygyny görkezýän, halkanyň içindäki «R» latyn harpy görnüşindäki ýa-da «bellige alnan haryt nyşany» diýen sözler bilen aňladylan görnüşdäki duýduryjy belgilemäni goýmaga haklydyr.

2. Türkmenistanda bellige alynmadyk we goralmaýan haryt nyşany babatda duýduryjy belgilemäni amala aşyrýan şahs Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde jogapkärçilik çekýär.

**28-nji madda. Haryt nyşanyna bolan hukugyň başga birine berilmegi**

1. Haryt nyşanyna bolan aýratyn hukuk onuň eýesi tarapyndan ol özleri üçin bellige alnan harytlaryň hemmesi ýa-da bir bölegi babatda başga bir şahsa şertnama esasynda berlip bilner.

2. Eger munuň özi haryt ýa-da ony öndüriji babatda sarp edijiniň ýalňyşmagyna sebäp bolsa, haryt nyşanyna bolan hukugyň başga bir şahsa berilmegine ýol berilmeýär.

**29-njy madda. Haryt nyşanynyň ulanylmagyna bolan hukugyň başga birine berilmegi**

1. Haryt nyşanyny ulanmaga bolan hukuk ygtyýarlandyryş şertnamasy esasynda, şertnamada bellenen çäklerde haryt nyşanynyň eýesi (ygtyýarlandyryjy) tarapyndan başga bir şahsa (ygtyýar alyja) ol özleri babatda bellige alnan harytlaryň hemmesi ýa-da bir bölegi üçin berlip bilner.

2. Haryt nyşanynyň ulanylmagy baradaky ygtyýarlandyryş şertnamasynda ygtyýar alyjynyň harytlarynyň hiliniň ygtyýarlandyryjynyň harytlarynyň hilinden pes bolmajakdygy we şu şertiň ýerine ýetirilmegine ygtyýarlandyryjynyň gözegçiligi amala aşyrjakdygy baradaky şertler

bolmalydyr.

3. Eger haryt nyşanynyň ulanylmagy baradaky ygtyýarlandyryş şertnamasynyň hereket ediş möhleti haryt nyşanynyň hereket ediş möhletinden artyk bolsa, onda haryt nyşanynyň eýesi onuň hereket ediş möhletini öz wagtynda uzaltmalydyr. Şeýle edilmedik halatynda, görkezilen şertnama öz hereketini haryt nyşanynyň hereket ediş möhletiniň tamamlanan senesinden bes edýär.

**30-njy madda. Haryt nyşanyna bolan hukugyň başga birine berilmegi hakyndaky şertnamanyň we haryt nyşanynyň ulanylmagy hakyndaky ygtyýarlandyryş şertnamasynyň döwlet belligine alynmagy**

1. Haryt nyşanyna bolan hukugyň başga birine berilmegi hakyndaky şertnama we haryt nyşanynyň ulanylmagy hakyndaky ygtyýarlandyryş şertnamasy Türkmenpatentde döwlet belligine alynmaga degişlidir we olar döwlet belligine alnan senesinden güýje girýär. Görkezilen şertnamalar döwlet belligine alynmasa, hakyky däl diýlip hasap edilýär.

2. Haryt nyşanynyň ulanylmagy hakyndaky bellige alnan ygtyýarlandyryş şertnamasyna onuň hereket ediş möhletiniň çäklerinde taraplaryň ylalaşygynyň esasynda üýtgetmeler girizilip bilner.

3. Haryt nyşanyna bolan hukugyň başga birine berilmegi hakyndaky şertnamany, haryt nyşanynyň ulanylmagy hakyndaky ygtyýarlandyryş şertnamasyny döwlet belligine almagyň we oňa üýtgetmeler girizmegiň tertibi Türkmenpatent tarapyndan kesgitlenýär. Ýokarda görkezilen hereketleriň döwlet belligine alynmagy üçin paç alynýar.

4. Haryt nyşanyna bolan hukugyň başga birine berilmegi hakynda şertnamanyň, haryt nyşanynyň ulanylmagy hakynda ygtyýarlandyryş şertnamasynyň we bellige alnan ygtyýarlandyryş şertnamasyndaky üýtgetmeleriň döwlet belligine alynmagy baradaky maglumatlar Döwlet sanawyna girizilýär, şeýle hem Resmi býulletende çap edilýär.

**31-nji madda. Haryt nyşanynyň döwlet belligine alynmagynyň hakyky däl diýlip ykrar edilmegi**

1. Haryt nyşanynyň döwlet belligine alynmagy şu ýagdaýlarda hakyky däl diýlip ykrar edilip bilner:

1) eger haryt nyşanynyň döwlet belligine alynmagy şu Kanunyň 10-njy maddasynyň ikinji böleginde we üçünji böleginiň 3-6-njy bentlerinde bellenen talaplar bozulyp geçirilen bolsa, onuň hereket ediş möhletiniň bütin dowamynda dolulygyna ýa-da bölekleýin;

2) eger haryt nyşanynyň döwlet belligine alynmagy şu Kanunyň 3-nji maddasynyň ikinji böleginde bellenen talaplar bozulyp amala aşyrylan bolsa, onuň hereket ediş möhletiniň bütin dowamynda dolulygyna;

3) haryt nyşanynyň döwlet belligine alnan senesinden başlap, bäş ýylyň dowamynda dolulygyna ýa-da bölekleýin, eger:

a) ol şu Kanunyň 10-njy maddasynyň üçünji böleginiň 1-nji we 2-nji bentlerinde bellenen talaplar bozulyp geçirilse;

b) haryt nyşanynyň eýesiniň söwda agenti ýa-da wekili nyşanyň eýesiniň razyçylygy bolmazdan, Pariž konwensiýasyna gatnaşyjy döwletleriň birinde ol nyşanyň döwlet belligine alynmagy üçin öz adyndan haýyşnama beren bolsa; görkezilen agent ýa-da wekil tarapyndan onuň hereketini delillendirýän subutnamalaryň berlen halaty muňa degişli däldir;

ç) bäsdeşiň meňzeş ýa-da gatyşyp gitmek derejesine çenli çalymdaş haryt nyşany kysmy bir harytlar we (ýa-da) hyzmatlar babatynda öz adyna bellige alnan bolsa.

2. Islendik gyzyklanýan şahs, degişli pajy tölän şertinde, haryt nyşanynyň döwlet belligine alynmagynyň hakyky däl diýlip ykrar edilmegi barada, şu maddanyň birinji böleginde bellenen möhletlerde Türkmenpatentiň Arz-şikaýat toparyna şikaýat edip biler.

Görkezilen arzany beren şahsyň, şeýle hem haryt nyşanynyň eýesiniň arzasyna seredilmegine özüniň ýa-da öz wekilleriniň üsti bilen gatnaşmaga hukugy bardyr.

3. Haryt nyşanynyň döwlet belligine alynmagy we haryt nyşany üçin şahadatnama

Türkmenpatentiň Arz-şikaýat toparynyň ýa-da kazyýetiň çözgüdiniň esasynda hakyky däl diýlip ykrar edilýär.

**32-nji madda. Haryt nyşanynyň hukuk goragynyň bes edilmegi**

1. Haryt nyşanynyň hukuk goragy şu ýagdaýlarda bes edilýär:

1) haryt nyşanynyň hereket ediş möhletiniň tamamlanmagy bilen baglylykda;

2) haryt nyşanynyň hereketiniň togtadylmagy barada haryt nyşanynyň eýesinden arza gelip gowşan halatynda.

2. Haryt nyşanynyň hereketi şu ýagdaýlarda Türkmenpatentiň Arz-şikaýat toparynyň ýa-da kazyýetiň çözgüdi esasynda möhletinden öň bes edilýär:

1) haryt nyşanynyň şu Kanunyň 26-njy maddasynyň dördünji bölegine laýyklykda ulanylmaýandygy bilen baglylykda;

2) haryt nyşanynyň eýesi bolup durýan fiziki şahsyň telekeçilik işiniň bes edilen ýa-da ýuridik şahsyň ýatyrylan halatynda;

3) köpçülikleýin nyşanyň hil taýdan bitewi ýa-da beýleki umumy häsiýetnamalary bolmadyk harytlarda ulanylan halatynda;

4) bellige alnan haryt nyşanynyň belli bir görnüşdäki harytlaryň belgisi hökmünde ählumumy ulanyşyga giren belgä öwrülen halatynda.

3. Haryt nyşanynyň hereketiniň bes edilmegi baradaky maglumatlar Resmi býulletende çap edilýär.

**33-nji madda. Paçlar**

1. Haýyşnamanyň berilmegi, onuň bilermenler seljermesi, haryt nyşanynyň döwlet belligine alynmagy, Döwlet sanawyna üýtgetmeleriň girizilmegi, haryt nyşanynyň hereket ediş möhletiniň uzaldylmagy, haryt nyşanyna bolan hukugyň başga birine berilmegi we beýleki iş amallary bilen baglanyşykly ýuridik taýdan ähmiýetli hereketleriň amala aşyrylmagy üçin paç alynýar.

2. Eger Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, paçlar haýyşnamaçy, haryt nyşanynyň eýesi ýa-da islendik üçünji şahs tarapyndan tölenilýär.

3. Paçlaryň tölenilmeginden gelip gowşan serişdeler Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilýär.

4. Paçlaryň möçberi, olary tölemegiň möhletleri we tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär.

## IV BAP. JEMLEÝJI DÜZGÜNLER

**34-nji madda. Türkmenpatentiň Arz-şikaýat topary**

1. Türkmenpatentiň Arz-şikaýat topary bozulan ýa-da jedelleşilýän hukuklar baradaky arzalara Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda seretmek boýunça edara bolup durýar.

Türkmenpatentiň Arz-şikaýat topary şahslaryň aşakdaky şikaýatlaryna seretmäge ygtyýarlydyr:

1) şu Kanunyň 17-nji maddasynyň birinji bölegine laýyklykda, Türkmenpatentiň çykaran çözgüdi bilen razylaşylmaýandygy baradaky;

2) şu Kanunyň 31-nji maddasynyň birinji bölegine laýyklykda, haryt nyşanynyň ýa-da köpçülikleýin nyşanyň döwlet belligine alynmagynyň hakyky däl diýlip ykrar edilmegi baradaky;

3) şu Kanunyň 32-nji maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda, haryt nyşanynyň hereket ediş möhletiniň möhletinden öň bes edilmegi baradaky;

4) Türkmenpatentiň haryt nyşanyna bolan hukugyň başga birine berilmegi hakyndaky şertnamanyň döwlet belligine alynmagy, haryt nyşanynyň ulanylmagy üçin ygtyýarlandyryş şertnamasynyň döwlet belligine alynmagy ýa-da haryt nyşanynyň ulanylmagy üçin ygtyýarlandyryş şertnamasyna üýtgetmeleriň girizilmegi babatda Türkmenpatentiň çykaran çözgüdi bilen razylaşylmaýandygy baradaky;

5) Türkmenpatentiň toparynyň patent ynamdarlygyna dalaşgäriň hünär synagy boýunça

çykaran çözgüdi bilen razylaşylmaýandygy baradaky.

Patent ynamdarlaryny hünär synagyndan geçirmegiň we bellige almagyň tertibi Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan kesgitlenilýär.

Ol boýunça şikaýat edilen haryt nyşanynyň döwlet belligine alynmagy babatdaky ýuridik ähmiýetli hereketler şikaýata seredilmegi tamamlanýança togtadylýar.

2. Haýyşnamaçy şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan şikaýaty, degişli pajyň tölenilen şertinde, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen möhletlerde Türkmenpatentiň Arz-şikaýat toparyna bermäge haklydyr. Görkezilen şikaýata Türkmenpatentiň Arz-şikaýat topary tarapyndan fiziki we ýuridik şahslaryň haryt nyşanyna bolan bozulan ýa-da jedelleşilýän hukuklary baradaky şikaýatlaryna seretmegiň Tertibinde bellenilen möhletlerde seredilmelidir.

Şikaýata seretmegiň möhleti şikaýat eden şahsyň, şeýle hem haryt nyşanynyň eýesiniň towakganamasy boýunça uzaldylyp bilner, ýöne ol şikaýata seretmek üçin ilkibaşda bellenilen möhletiň tamamlanan senesinden başlap, alty aýdan köp bolmaly däldir.

Türkmenpatentiň Arz-şikaýat toparynyň çözgüdine gaýtadan seredilmegi baradaky towakganama gyzyklanýan taraplaryň islendigi tarapyndan çözgüdiň alnan senesinden başlap, bir aýyň içinde Türkmenpatentiň Arz-şikaýat toparynyň başlygynyň adyna berlip bilner.

Gyzyklanýan taraplaryň islendigi Türkmenpatentiň Arz-şikaýat toparynyň çözgüdine onuň tassyklanylan senesinden başlap, kyrk bäş senenama gününiň içinde kazyýetde şikaýat edip biler.

**35-nji madda. Jedellere kazyýet tertibinde seredilmegi**

1. Kazyýetler Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde aşakdakylar bilen bagly jedellere seredýärler:

1) haryt nyşanyna bolan aýratyn hukugyň bozulmagy we onuň bikanun ulanylmagy;

2) harytlaryň bikanun diýlip ykrar edilmegi we haryt nyşanynyň onuň eýesiniň razyçylygy bolmazdan ulanylandygy üçin ýetirilen zeleliň öweziniň dolunmagy;

3) ygtyýarlandyryş şertnamasynyň hem-de haryt nyşanyna bolan hukugyň başga birine berilmegi hakyndaky şertnamanyň baglaşylmagy we ýerine ýetirilmegi;

4) ol boýunça meňzeş haryt nyşany Türkmenpatentde başga bir şahsyň adyna bellige alnan haýyşnamanyň berlen senesinden soň onuň üçin Türkmenistanda haýyşnama berlen firma adynyň döwlet belligine alynmagy;

5) meňzeş firma adynyň başga bir şahsyň adyna Türkmenistanda döwlet belligine alynmagy üçin haýyşnamanyň berlen senesinden soň Türkmenpatente onuň üçin haýyşnama berlen haryt nyşanynyň döwlet belligine alynmagy;

6) ikinji derejeli milli domeniň öz meňzeş adynyň Türkmenistanda döwlet belligine alynmagyndan öň Türkmenpatente başga bir şahs tarapyndan onuň üçin haýyşnama berlen haryt nyşanyna bolan aýratyn hukugyň bozulmagy;

7) Türkmenpatentde başga bir şahsyň adyna bellige alnan meňzeş haryt nyşanynyň haýyşnamasynyň berlen senesinden öň Türkmenistanda bellige alnan, ikinji derejeli milli domeniň öz adyna bolan aýratyn hukugyň bozulmagy;

8) Türkmenpatentiň Arz-şikaýat toparynyň çözgütleriniň jedelleşilmegi.

Kazyýetler Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde şu Kanunyň ulanylmagy bilen baglanyşykly beýleki jedellere hem seredip bilerler.

2. Şu maddanyň birinji böleginiň 1-4-nji we 6-njy bentlerinde göz öňünde tutulan jedellere seredilende haryt nyşanynyň eýesi tarapyndan haryt nyşanynyň özüniň olar üçin bellige alnan harytlarynda we (ýa-da) ol tarapyndan ýerine ýetirilýän işler ýa-da edilýän hyzmatlar babatynda hakykat ýüzünde ulanylmagy baradaky subutnamalar berilmelidir.

3. Şu maddanyň birinji böleginiň 5-nji bendinde göz öňünde tutulan jedellere seredilende firma adynyň eýesi öz adynyň onuň harytlarynda (onuň ýerine ýetirýän işlerinde, edýän hyzmatlarynda) hakykat ýüzünde ulanylmagy baradaky subutnamalary bermelidir.

4. Şu maddanyň birinji böleginiň 7-nji bendinde göz öňünde tutulan jedellere seredilende ikinji derejeli milli domeniň öz adynyň eýesi öz domeniniň harytlaryň ýerlenilmeginiň maksatlarynda ulanylmagynyň subutnamalaryny, şeýle hem ýerine ýetirilýän işler ýa-da edilýän

hyzmatlar baradaky maglumaty bermelidir.

5. Kazyýet bikanun harytlaryň muzdsuz alynmagy hakynda çözgüt çykarmaga haklydyr.

**36-njy madda. Gümrük gözegçiligi**

Haryt nyşanlarynyň eýeleriniň hukuklarynyň goralmagy babatda gümrük gözegçiligi Türkmenistanyň gümrük kanunçylygyna laýyklykda, gümrük edaralary tarapyndan amala aşyrylýar.

**37-nji madda. Haryt nyşanynyň bikanun ulanylandygy üçin jogapkärçilik**

1. Haryt nyşanlarynyň eýeleriniň razyçylygy bolmazdan amala aşyrylýan, aşakdakylar bilen bagly bikanun hereketler haryt nyşanynyň ýa-da onuň bilen gatyşyp gitmek derejesine çenli çalymdaş belginiň kysmy bir harytlar babatynda bikanun ulanylmagy diýlip ykrar edilýär:

1) olaryň bikanun taýýarlanylmagy, ulanylmagy, mahabatda, çap edilýän neşirlerde, kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň resmi kagyzlarynda, at ýazgylarynda, Türkmenistanda geçirilýän sergilerde we ýarmarkalarda eksponatlar görkezilende bikanun peýdalanylmagy;

2) olaryň Türkmenistana getirilmegi, Türkmenistandan çykarylmagy, satylmagy we Türkmenistanyň çäginde hojalyk dolanyşygyna başgaça girizilmegi ýa-da saklanylmagy, daşalmagy;

3) işler ýerine ýetirilende ýa-da hyzmatlar edilende olaryň ulanylmagy we (ýa-da) ýerleşdirilmegi;

4) haryt nyşanynyň eýesine ýa-da harytlary sarp edijilere zelel ýetirýän beýleki hereketler.

2. Haryt nyşanyny ýa-da onuň bilen gatyşyp gitmek derejesine çenli çalymdaş belgini bikanun ulanýan (şol sanda hyzmatlar edilende hem) şahs onuň eýesiniň talap etmegi ýa-da kazyýetiň çözgüdi boýunça şulara borçludyr:

1) ony ulanmaklygy bes etmäge;

2) ýitirilen peýdany hasaba almak bilen, ýitginiň öwezini dolmaga ýa-da kazyýetiň çözgüdi bilen ýa-da taraplaryň ylalaşygy boýunça kesgitlenilýän öwezini doluş puluny tölemäge;

3) bikanun ulanylýan haryt nyşanyny ýa-da onuň bilen gatyşyp gitmek derejesine çenli çalymdaş belgini harytdan ýa-da onuň gabyndan aýyrmaga.

**38-nji madda. Şu Kanunyň herekete girmegi**

1. Şu Kanun resmi taýdan çap edilen gününden herekete girizilýär.

2. Şulary güýjüni ýitiren diýip ykrar etmeli:

2008-nji ýylyň 23-nji oktýabrynda kabul edilen «Haryt nyşanlary, hyzmat ediş nyşanlary we harytlaryň gelip çykan ýeriniň ady hakynda» Türkmenistanyň Kanunyny (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2008 ý., № 4, 53-nji madda);

2013-nji ýylyň 22-nji iýunynda kabul edilen «Türkmenistanyň käbir kanunçylyk namalaryna üýtgetmeler girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2013 ý., № 2, 44-nji madda) II bölegini;

2018-nji ýylyň 9-njy iýunynda kabul edilen «Türkmenistanyň käbir kanunçylyk namalaryna üýtgetmeler girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 43-nji madda) birinji böleginiň 13-nji bendini.

*Aşgabat şäheri.*
*2019-njy ýylyň 8-nji iýuny.*
*№ 141-VI.*

**TÜRKMENISTANYŇ KANUNY**

**Harytlaryň gelip çykan ýerleriniň atlary hakynda**

*Şu Kanun harytlaryň gelip çykan ýerleriniň atlarynyň hukuk goragy we ulanylmagy çygrynda ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýär.*

## I BAP. UMUMY DÜZGÜNLER

**1-nji madda. Esasy düşünjeler**

Şu Kanunda aşakdaky esasy düşünjeler ulanylýar:

1) **bikanun harytlar** – harydyň gelip çykan ýeriniň bellige alnan ady ýa-da onuň bilen gatyşyp gitmek derejesine çenli çalymdaş belgi özünde bikanun ulanylýan harytlar, olaryň etiketkalary we gaplary;

2) **bilermenler seljermesi** – haýyşnama, şeýle hem harydyň gelip çykan ýeriniň adynyň we görkezilen ady ulanmaga bolan hukugyň ýa-da harydyň gelip çykan ýeriniň öň bellige alnan adyny ulanmaga bolan hukugyň döwlet belligine alynmagyna degişli beýleki resminamalara harytlaryň gelip çykan ýerleriniň atlarynyň hukuk goragy babatda ygtyýarly edara – Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Intellektual eýeçilik boýunça döwlet gullugy tarapyndan seredilmeginiň iş amallary;

3) **harydyň gelip çykan ýeriniň ady** – geografik obýektiň häzirki zaman ýa-da taryhy, resmi ýa-da resmi däl, doly ýa-da gysgaldylan ady bolup durýan ýa-da ony özünde saklaýan belgi, şeýle hem bu atdan ýasalan we aýratyn häsiýetleri diňe ýa-da esasan şol geografik obýekti üçin mahsus bolan tebigy şertler we (ýa-da) etnografik faktorlar bilen kesgitlenilýän haryt babatda onuň ulanylmagynyň netijesinde belli bolan belgi. Geografik obýektiň Türkmenistanda ählumumy ulanyşa giren ady belli bir görnüşdäki harydyň onuň taýýarlanylan ýeri bilen baglanyşykly bolmadyk belgisi hökmünde harydyň gelip çykan ýeriniň ady diýlip ykrar edilmeýär;

4) **harydyň gelip çykan ýeriniň adyny ulanmaga bolan hukuk hakynda şahadatnama** (mundan beýläk – şahadatnama) – harydyň gelip çykan ýeriniň adyny ulanmaga bolan hukugy tassyklaýan resminama;

5) **harytlaryň gelip çykan ýerleriniň atlarynyň Döwlet sanawy** (mundan beýläk – Döwlet sanawy) – harytlaryň gelip çykan ýerleriniň atlary we olary ulanmaga bolan hukuklar baradaky maglumatlary, harydyň gelip çykan ýeriniň ady özi üçin bellige alnan harydyň aýratyn häsiýetleri baradaky maglumaty, şeýle hem harytlaryň gelip çykan ýerleriniň atlarynyň döwlet belligine alynmagyna degişli beýleki maglumatlary özünde saklaýan resminama;

6) **harytlaryň gelip çykan ýerleriniň atlarynyň Resmi býulleteni** (mundan beýläk – Resmi býulleten) – harytlaryň gelip çykan ýerleriniň atlarynyň hukuk goragy babatda ygtyýarly edaranyň seredilmegi üçin kabul edilen haýyşnamalar we harytlaryň gelip çykan ýerleriniň atlarynyň we olary ulanmaga bolan hukuklaryň döwlet belligine alynmagy baradaky Döwlet sanawyna girizilen maglumatlaryň çap edilmegi üçin niýetlenilen döwürleýin neşiri;

7) **haýyşnama** – harydyň gelip çykan ýeriniň adynyň we görkezilen ady ulanmaga bolan hukugyň ýa-da harydyň gelip çykan ýeriniň öň bellige alnan adyny ulanmaga bolan hukugyň döwlet belligine alynmagy üçin zerur bolan resminamalaryň jemi;

8) **haýyşnamaçy** – haýyşnamany beren, ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahs ýa-da telekeçilik işini amala aşyrýan ýuridik şahs;

9) **patent ynamdary** – Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan, harytlaryň gelip çykan ýerleriniň atlarynyň hukuk goragy babatda ygtyýarly edarada hünär synagyndan geçen we bellige alnan hem-de harydyň gelip çykan ýeriniň adyny ulanmaga bolan hukugy almakda fiziki we ýuridik şahslaryň bähbitlerine professional esasda wekilçilik edýän Türkmenistanyň raýaty.

**2-nji madda. Harytlaryň gelip çykan ýerleriniň atlary hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy**

Harytlaryň gelip çykan ýerleriniň atlary hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar we şu Kanundan we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ybaratdyr.

**3-nji madda. Harydyň gelip çykan ýeriniň adyny ulanmaga bolan hukuk**

1. Harydyň gelip çykan ýeriniň adyny ulanmaga bolan hukuk şu Kanun bilen ýa-da Türkmenistanyň halkara şertnamalarynyň esasynda goralýar we şahadatnama bilen tassyklanylýar.

2. Harydyň gelip çykan ýeriniň şol bir adyny ulanmaga bolan hukuk şol bir geografik obýektiň çäklerinde şonuň ýaly esasy häsiýetleri bolan harydy öndürýän islendik şahsa berlip bilner.

3. Görkezilen ady ulanmaga bolan hukugy döwlet belligine aldyrmazdan, harydyň gelip çykan ýeriniň Türkmenistanda bellige alnan adyny ulanmaga hiç kimiň hukugy ýokdur.

**4-nji madda. Wekillik**

1. Türkmenistanyň ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahslary we ýuridik şahslary harydyň gelip çykan ýeriniň adynyň hukuk goragy babatda ygtyýarly edara bilen işlerini gönüden-göni hem, wekilleriniň ýa-da patent ynamdarlarynyň üsti bilen hem alyp barmaga haklydyrlar.

2. Wekiliň ýa-da patent ynamdarynyň ygtyýarlyklary degişli ynanç haty bilen tassyklanylýar.

**5-nji madda. Daşary ýurtly fiziki we ýuridik şahslaryň hukuklary**

1. Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda, daşary ýurtly fiziki we ýuridik şahslar şu Kanunda göz öňünde tutulan hukuklardan Türkmenistanyň fiziki we ýuridik şahslary bilen deň hatarda peýdalanýarlar.

2. Harytlaryň gelip çykan ýerleriniň atlaryny Türkmenistanda bellige aldyrmak hukugy Türkmenistanyň fiziki we ýuridik şahslaryna şeýle hukugy berýän döwletleriň fiziki we ýuridik şahslaryna berilýär.

3. Daşary ýurtly fiziki we ýuridik şahslar harydyň gelip çykan ýeriniň adynyň hukuk goragy babatda ygtyýarly edara bilen gatnaşyklarda öz hukuklaryny patent ynamdarlarynyň üsti bilen durmuşa geçirýärler.

## II BAP. HARYTLARYŇ GELIP ÇYKAN ÝERLERINIŇ ATLARYNYŇ HUKUK GORAGY WE ULANYLMAGY ÇYGRYNDA DÖWLET DÜZGÜNLEŞDIRMESI WE GÖZEGÇILIGI

**6-njy madda. Harytlaryň gelip çykan ýerleriniň atlarynyň hukuk goragy we ulanylmagy çygrynda döwlet düzgünleşdirmesini we gözegçiligini amala aşyrýan edaralar**

Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, harytlaryň gelip çykan ýerleriniň atlarynyň hukuk goragy babatda ygtyýarly edara – Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Intellektual eýeçilik boýunça döwlet gullugy (mundan beýläk – Türkmenpatent) harytlaryň gelip çykan ýerleriniň atlarynyň hukuk goragy we ulanylmagy çygrynda döwlet düzgünleşdirmesini we gözegçiligini amala aşyrýan

edaralardyr.

**7-nji madda. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ygtyýarlylygy**

Türkmenistanyň Ministrler Kabineti harytlaryň gelip çykan ýerleriniň atlarynyň hukuk goragy çygrynda:

1) ýeke-täk döwlet syýasatyny kesgitleýär;

2) kadalaşdyryjy hukuk namalaryny çykarýar;

3) döwlet häkimiýet edaralarynyň işini utgaşdyrýar;

4) haýyşnamaçynyň Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän geografik obýektiň çäklerinde aýratyn häsiýetleri şol geografik obýekt üçin mahsus bolan tebigy şertler we (ýa-da) etnografik faktorlary bilen kesgitlenilýän harydy öndürýändigini tassyklaýan resminamany bermäge ygtyýarly döwlet edaralarynyň sanawyny tassyklaýar;

5) Türkmenistanyň kanunçylygynda onuň ygtyýarlylygyna degişli edilen beýleki wezipeleri amala aşyrýar.

**8-nji madda. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň ygtyýarlylygy**

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi harytlaryň gelip çykan ýerleriniň atlarynyň hukuk goragy çygrynda:

1) ýeke-täk döwlet syýasatyny durmuşa geçirýär;

2) kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kabul edýär;

3) Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda öz üstüne alan borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär;

4) şulary tassyklaýar:

a) Türkmenpatent hakynda Düzgünnamany;

b) harytlaryň gelip çykan ýerleriniň atlaryny döwlet belligine almagyň Tertibini;

ç) harytlaryň gelip çykan ýerleriniň atlaryny ulanmaga bolan hukuklary döwlet belligine almagyň Tertibini;

d) Döwlet sanawyny ýöretmegiň Tertibini;

e) Türkmenpatentiň Arz-şikaýat toparynyň Düzgünnamasyny;

ä) fiziki we ýuridik şahslaryň bozulan ýa-da jedelleşilýän hukuklary baradaky şikaýatlaryna seretmegiň Tertibini;

f) harytlaryň gelip çykan ýerleriniň atlarynyň we olary ulanmaga bolan hukugyň, şeýle hem harytlaryň gelip çykan ýerleriniň öň bellige alnan atlaryny ulanmaga bolan hukugyň döwlet belligine alynmagyna degişli beýleki düzgünnamalary we tertipleri, şeýle hem resminamalaryň görnüşlerini;

5) Türkmenistanyň kanunçylygynda onuň ygtyýarlylygyna degişli edilen beýleki wezipeleri amala aşyrýar.

**9-njy madda. Türkmenpatentiň ygtyýarlylygy**

Türkmenpatent harytlaryň gelip çykan ýerleriniň atlarynyň hukuk goragy çygrynda:

1) ýeke-täk döwlet syýasatyny durmuşa geçirýär;

2) harytlaryň gelip çykan ýerleriniň atlary hakynda Türkmenistanyň kanunçylygynyň ulanylmagy boýunça düşündirişleri berýär;

3) şu Kanunyň 8-nji maddasynyň 4-nji bendinde görkezilen resminamalaryň taslamalaryny işläp taýýarlaýar we tassyklatmak üçin Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligine berýär;

4) haýyşnamalary seredilmegi üçin kabul edýär, haýyşnamanyň bilermenler seljermesini geçirýär we harytlaryň gelip çykan ýerleriniň atlarynyň we görkezilen atlary ulanmaga bolan hukuklaryň ýa-da harydyň gelip çykan ýeriniň öň bellige alnan adyny ulanmaga bolan hukugyň

döwlet belligine alynmagyny amala aşyrýar;

5) Döwlet sanawyny ýöredýär we şahadatnamany berýär;

6) harytlaryň gelip çykan ýerleriniň bellige alnan atlary we olary ulanmaga bolan hukuklaryň eýeleri baradaky maglumatlaryň Resmi býulletende çap edilmegini amala aşyrýar;

7) patent ynamdarlarynyň hünär synagyny geçirýär we olary bellige alýar;

8) Türkmenpatent hakynda Düzgünnama laýyklykda, tölegli hyzmatlary edýär;

9) Türkmenistanyň kanunçylygynda onuň ygtyýarlylygyna degişli edilen beýleki wezipeleri amala aşyrýar.

## III BAP. HARYTLARYŇ GELIP ÇYKAN ÝERLERINIŇ ATLARYNYŇ WE GÖRKEZILEN ATLARY ULANMAGA BOLAN HUKUKLARYŇ DÖWLET BELLIGINE ALYNMAGY

**10-njy madda. Haýyşnamanyň berilmegi**

1. Haýyşnama Türkmenpatente berilýär.

2. Haýyşnamada saklanýan maglumatlara ýa-da oňa goşulýan resminamalara bildirilýän talaplar Türkmenpatent tarapyndan bellenilýär.

3. Haýyşnama haýyşnamaçy, patent ynamdary ýa-da başga wekil tarapyndan gol çekilýär.

4. Haýyşnama harydyň gelip çykan ýeriniň bir adyna degişli bolmalydyr.

5. Haýyşnama bir ýa-da birnäçe şahs tarapyndan berlip bilner.

6. Haýyşnamada şular bolmalydyr:

1) haýyşnamaçynyň, şeýle hem onuň ýaşaýan ýeriniň ýa-da ýerleşýän ýeriniň görkezilmegi bilen, harydyň gelip çykan ýeriniň adynyň we ol ady ulanmaga bolan hukugyň ýa-da diňe harydyň gelip çykan ýeriniň öň bellige alnan adyny ulanmaga bolan hukugyň döwlet belligine alynmagy baradaky arza. Arza döwlet dilinde berilýär we oňa haýyşnamaçy ýa-da onuň wekili, ýa-da patent ynamdary tarapyndan gol çekilýär;

2) haýyşnama berlen belgi;

3) ol babatda harydyň gelip çykan ýeriniň adynyň we ol ady ulanmaga bolan hukugyň ýa-da diňe harydyň gelip çykan ýeriniň öň bellige alnan adyny ulanmaga bolan hukugyň döwlet belligine alynmagy soralýan harydyň görkezilmegi;

4) harydyň aýratyn häsiýetleriniň ýazgysy;

5) tebigy şertleri we (ýa-da) etnografik faktorlary harydyň aýratyn häsiýetlerini doly ýa-da esasan kesgitleýän, ýa-da kesgitläp biljek harydyň gelip çykan ýeriniň (geografik obýektiň çäkleriniň) görkezilmegi.

7. Haýyşnama şular goşulmalydyr:

1) haýyşnamany bermek üçin bellenen möçberdäki pajyň tölenilendigini tassyklaýan resminama;

2) eger haýyşnama wekiliň ýa-da patent ynamdarynyň biriniň üsti bilen berilýän bolsa, olaryň ygtyýarlyklaryny tassyklaýan ynanç haty;

3) haýyşnamaçynyň Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän şol geografik obýektiň çäklerinde aýratyn häsiýetleri diňe ýa-da esasan şol geografik obýekt üçin mahsus bolan tebigy şertler we (ýa-da) etnografiki faktorlar bilen kesgitlenilýän harydy öndürýändigi barada ygtyýarly edaranyň netijenamasy (Türkmenistanyň haýyşnamaçylary üçin).

Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän harydyň gelip çykan ýeriniň öň bellige alnan adynyň ulanylmagyna bolan hukugyň berilmegi üçin haýyşnama ygtyýarly edaranyň haýyşnamaçynyň şol geografik obýektiň çäklerinde Döwlet sanawynda görkezilen aýratyn häsiýetlere eýe bolan harydy öndürýändigi barada netijenamasy hem goşulmalydyr;

4) daşary ýurtly haýyşnamaçynyň harydyň gelip çykan ýeriniň haýyşnama berlen adyna

bolan hukugyny tassyklaýan resminama (daşary ýurtly haýyşnamaçylar üçin).

Käbir halatlarda haýyşnama harydyň gelip çykan ýeriniň adynyň döwlet belligine alynmagy üçin zerur bolan beýleki resminamalar hem goşulyp bilner.

8. Eger haýyşnama şahslaryň binäçesi tarapyndan berilse, oňa her bir haýyşnamaçynyň harydy babatynda şu maddanyň ýedinji böleginiň 3-nji bendinde görkezilen netijenama goşulmalydyr.

Haýyşnama goşulýan resminamalar olaryň döwlet diline terjimesi goşulmak bilen, daşary ýurt dilinde berlip bilner. Daşary ýurt dilinde berlen resminamalar, eger olaryň döwlet diline terjimesi haýyşnamanyň berlen senesinden başlap, üç aýyň içinde gelip gowşan bolsa, olaryň Türkmenpatente gelip gowşan senesinde berlen diýlip hasap edilýär.

Eger görkezilen terjime haýyşnamanyň berlen senesinden başlap, üç aýyň içinde berilmese, terjimäni bermegiň möhleti haýyşnamaçynyň towakganamasy boýunça, eger towakganamanyň bu möhletiň tamamlanmazyndan öň degişli pajyň tölenilendigi baradaky resminama bilen bilelikde gelip gowşan şertinde, goşmaça üç aý uzaldylyp bilner.

Döwlet diline terjimesiniň bellenilen möhletlerde berilmedik halatynda haýyşnama ýatyrylýar.

9. Şu maddanyň altynjy böleginde göz öňünde tutulan resminamalaryň Türkmenpatente gelip gowşan güni harydyň gelip çykan ýeriniň adynyň döwlet belligine alynmagy üçin haýyşnamanyň berlen senesi diýlip hasap edilýär, eger görkezilen resminamalar bir wagtda berilmedik bolsa, soňky resminamanyň gelip gowşan güni harydyň gelip çykan ýeriniň ady üçin haýyşnamanyň berlen senesi diýlip hasap edilýär.

10. Harydyň gelip çykan ýeriniň adynyň döwlet belligine alynmagy üçin haýyşnamanyň seredilmegi üçin kabul edilen halatynda Türkmenpatent berlen haýyşnamalar baradaky maglumatlary haýyşnamalaryň Resmi býulleteninde çap edýär; harydyň aýratyn häsiýetleriniň ýazgysyny özünde saklaýan maglumatlar muňa degişli däldir.

Seredilmegi üçin kabul edilen haýyşnama baradaky maglumatlar çap edilenden soň, harydyň gelip çykan ýeriniň adynyň we ol ady ulanmaga bolan hukugyň döwlet belligine alnan senesinden öň islendik şahs, degişli pajyň tölenilen şertinde, harydyň gelip çykan ýeriniň adyna hukuk goragynyň berilmegine degişli ýazmaça görnüşdäki delillendirilen nägileligi Türkmenpatente bermäge haklydyr.

**11-nji madda. Haýyşnamanyň bilermenler seljermesi**

1. Haýyşnamanyň bilermenler seljermesi Türkmenpatent tarapyndan geçirilýär we ol haýyşnamanyň deslapky bilermenler seljermesini hem-de haýyşnama berlen belginiň düýp manysy boýunça bilermenler seljermesini öz içine alýar.

2. Haýyşnamaçy haýyşnamanyň Türkmenpatente gelip gowşan senesinden başlap, iki aýyň içinde, degişli pajy tölemezden, öz başlangyjy boýunça haýyşnamanyň ýanyna goşulýan resminamalara üýtgetmeleri ýa-da goşmaçalary girizmäge haklydyr.

Haýyşnamaçydan üýtgetmeler ýa-da goşmaçalar girizilen resminamalaryň haýyşnamanyň gelip gowşan senesinden başlap, iki aý geçenden soň gelip gowşan mahalynda degişli paç tölenilýär.

3. Bilermenler seljermesiniň geçirilýän döwründe görkezilen bilermenler seljermesini geçirmek üçin zerur bolan goşmaça maglumatlary haýyşnamaçydan talap etmäge Türkmenpatentiň hukugy bardyr.

4. Talap edilýän goşmaça maglumatlar talapnamanyň iberilen senesinden başlap, üç aýyň içinde berilmelidir. Haýyşnamaçynyň towakganamasy boýunça, haýyşnamanyň bu möhletiň tamamlanmazyndan öň gelip gowşan we degişli pajyň tölenilen şertinde, bu möhlet uzaldylyp bilner. Türkmenpatentiň talap etmegi boýunça goşmaça maglumatlary bermegiň möhletiniň uzaldylmagy bellenilen üç aýlyk möhletiň tamamlanan senesinden başlap, alty aýdan köp bolmaly däldir.

Eger görkezilen möhletler haýyşnamaçy tarapyndan berjaý edilmese, haýyşnama ýatyrylýar,

bu barada haýyşnamaçy habarly edilýär.

5. Haýyşnamaçynyň haýyşy boýunça haýyşnama oňa garalmagynyň islendik döwründe, ýöne harydyň gelip çykan ýeriniň adynyň döwlet belligine alnan senesinden gijä galynman, yzyna alnyp bilner.

Ýatyrylan ýa-da yzyna alnan haýyşnama boýunça ýuridik ähmiýetli hereketler amala aşyrylmaýar.

6. Bilermenler seljermesiniň geçirilmeginiň barşynda ýüze çykýan meselelere garalmagyna gatnaşmaga haýyşnamaçynyň hukugy bardyr.

**12-nji madda. Haýyşnamanyň deslapky bilermenler seljermesi**

1. Haýyşnamanyň Türkmenpatente berlen senesinden başlap, iki aý geçenden soň, şu Kanunyň 10-njy maddasynda göz öňünde tutulan resminamalaryň bar bolan halatynda, bir aý möhletde ol boýunça deslapky bilermenler seljermesi geçirilýär.

2. Haýyşnamanyň deslapky bilermenler seljermesiniň geçirilmeginiň barşynda haýyşnamanyň manysy, zerur resminamalaryň barlygy, olaryň bellenen talaplara laýyklygy, şeýle hem pajyň tölenilendigi barlanylýar.

3. Eger haýyşnamanyň deslapky bilermenler seljermesiniň barşynda haýyşnamanyň bellenilen talaplara laýyk gelmeýändigi anyklanylsa, ýüze çykarylan kemçilikleri görkezmek bilen we ýetmeýän ýa-da düzedilen resminamalaryň talapnamanyň iberilen senesinden başlap, üç aýyň içinde berilmegi teklip edilip, haýyşnamaça talapnama iberilýär.

Türkmenpatentiň talap etmegi boýunça berilýän goşmaça maglumatlara şu Kanunyň 11-nji maddasynyň dördünji böleginde bellenen talaplar degişlidir.

4. Haýyşnamanyň deslapky bilermenler seljermesiniň netijeleri boýunça haýyşnamasynyň seredilmegi üçin kabul edilendigi barada haýyşnamaçy habarly edilýär ýa-da haýyşnamasyny seredilmegi üçin kabul etmekden ýüz dönderilmeginiň sebäpleri görkezilen, delillendirilen hat iberilýär.

**13-nji madda. Haýyşnama berlen belginiň düýp manysy boýunça bilermenler seljermesi**

1. Haýyşnama berlen belginiň düýp manysy boýunça bilermenler seljermesi haýyşnamanyň deslapky bilermenler seljermesi tamamlanandan soň we degişli pajyň tölenilen şertinde, ýöne haýyşnamanyň berlen senesinden başlap, alty aýdan soň geçirilýär.

Görkezilen bilermenler seljermesi geçirilende haýyşnama berlen belginiň şu Kanunyň 1-nji maddasynyň 3-nji bendinde göz öňünde tutulan kadalara laýyklygy anyklanylýar.

2. Harydyň gelip çykan ýeriniň ady hökmünde haýyşnama berlen belginiň we harydyň gelip çykan ýeriniň adyny ulanmaga bolan hukugyň döwlet belligine alynmagy üçin haýyşnamanyň bilermenler seljermesiniň netijeleri boýunça harydyň gelip çykan ýeriniň ady hökmünde haýyşnama berlen belginiň we görkezilen ady ulanmaga bolan hukugyň döwlet belligine alynmagy barada çözgüt kabul edilýär ýa-da haýyşnama berlen belgini harydyň gelip çykan ýeriniň ady hökmünde döwlet belligine almakdan ýüz döndermek barada deslapky çözgüt kabul edilýär.

3. Harydyň gelip çykan ýeriniň Türkmenistanda öň bellige alnan adyny ulanmaga bolan hukugyň berilmegi üçin haýyşnamanyň bilermenler seljermesiniň netijeleri boýunça görkezilen ulanmaga bolan hukugyň berilmegi barada çözgüt kabul edilýär ýa-da bu hukugy bermekden ýüz döndermek barada deslapky çözgüt kabul edilýär.

4. Haýyşnamaçy Türkmenpatentiň harydyň gelip çykan ýeriniň ady hökmünde haýyşnama berlen belgini ýa-da harydyň gelip çykan ýeriniň Türkmenistanda öň bellige alnan adyny ulanmaga bolan hukugy döwlet belligine almakdan ýüz döndermek baradaky deslapky çözgüdi bilen razylaşmadyk halatynda, çözgüdiň iberilen senesinden başlap, üç aýyň içinde görkezilen çözgüt bilen razylaşmaýandygy barada arza bermäge haklydyr. Şunda görkezilen arzany bermegiň möhleti haýyşnamaçynyň möhletiň uzaldylmagy baradaky towakganamasy üç aýlyk möhletiň

tamamlanmazyndan öň gelip gowşan we uzaldylmagyň her aýy üçin degişli pajyň tölenilen şertinde alty aýa çenli uzaldylyp bilner.

5. Türkmenpatentiň deslapky çözgüdi bilen razylaşylmaýandygy baradaky arza onuň gelip gowşan senesinden başlap, iki aý möhletde seredilmelidir we oňa seredilmeginiň netijeleri boýunça Türkmenpatentiň gutarnykly çözgüdi çykarylýar.

6. Islendik şahs haýyşnama seredilmeginiň islendik döwründe harydyň gelip çykan ýeriniň adynyň we görkezilen ady ulanmaga bolan hukugyň ýa-da harydyň gelip çykan ýeriniň öň bellige alnan adyny ulanmaga bolan hukugyň döwlet belligine alynmagyna ýol berilmezligi barada delillendirilen arzany berip biler. Görkezilen arza degişli pajyň tölenilen şertinde berlip bilner.

**14-nji madda. Türkmenpatentiň haýyşnamanyň bilermenler seljermesiniň netijeleri boýunça çözgüdiniň jedelleşilmegi we geçirilen möhletleriň dikeldilmegi**

1. Türkmenpatentiň haýyşnamanyň bilermenler seljermesiniň netijeleri boýunça çözgüdi görkezilen çözgüdiň iberilen senesinden başlap, üç aýyň içinde Türkmenpatentiň Arz-şikaýat toparyna degişli şikaýaty bermek arkaly haýyşnamaçy tarapyndan jedelleşilip bilner.

Şikaýatyna seredilmegine haýyşnamaçynyň özüniň ýa-da wekiliniň üsti bilen gatnaşmaga hukugy bardyr.

2. Türkmenpatentiň talap etmegi boýunça resminamalary ýa-da maglumatlary bermegiň haýyşnamaçy tarapyndan geçirilen möhleti we Türkmenpatentiň haýyşnamanyň bilermenler seljermesiniň netijeleri boýunça çözgüdine şikaýat etmegiň geçirilen möhleti dikeldilip bilner. Geçirilen möhletiň dikeldilmegi baradaky arza, degişli pajyň tölenilen şertinde, bellenilen möhletiň tamamlanan senesinden başlap, alty aýdan gijä galynman Türkmenpatente haýyşnamaçy tarapyndan berlip bilner.

Geçirilen möhletiň dikeldilendigi barada haýyşnamaçy habarly edilýär.

**15-nji madda. Harydyň gelip çykan ýeriniň adynyň döwlet belligine alynmagynyň amala aşyrylmagy**

1. Haýyşnama berlen belgini harydyň gelip çykan ýeriniň ady hökmünde döwlet belligine almak barada çözgüdiň kabul edilen we degişli pajyň tölenilendigini tassyklaýan resminamanyň alnan halatynda Türkmenpatent görkezilen bellige almaklygy amala aşyrýar hem-de harydyň gelip çykan ýeriniň ady baradaky maglumatlary Döwlet sanawyna girizýär.

Degişli pajyň tölenilendigi baradaky resminama degişli çözgüdiň haýyşnamaça iberilen senesinden başlap, üç aýyň içinde Türkmenpatente berilmelidir.

2. Pajyň şu maddanyň birinji böleginde görkezilen möhletde tölenilmedik halatynda haýyşnamaça, her geçirilen aý üçin degişli pajyň tölenilen şertinde, bellenilen möhletiň tamamlanan senesinden başlap, alty aýlyk möhlet berilýär.

Harydyň gelip çykan ýeriniň adyny döwlet belligine almak degişli pajyň tölenilendigini tassyklaýan resminama alnandan soň, bir aýyň dowamynda geçirilýär.

Pajyň tölenilendigi baradaky resminamanyň görkezilen möhletlerde berilmedik halatynda harydyň gelip çykan ýeriniň adyny döwlet belligine almak geçirilmeýär. Şu ýagdaýlarda haýyşnama ýatyrylýar, bu barada haýyşnamaçy habarly edilýär.

**16-njy madda. Harydyň gelip çykan ýeriniň adyny ulanmaga bolan hukugyň döwlet belligine alynmagynyň amala aşyrylmagy we şahadatnamanyň berilmegi**

1. Harydyň gelip çykan ýeriniň adyny ulanmaga bolan hukugy döwlet belligine almak barada çözgüdiň kabul edilen we degişli pajyň tölenilendigini tassyklaýan resminamanyň alnan

halatynda Türkmenpatent görkezilen bellige almaklygy amala aşyrýar, harydyň gelip çykan ýeriniň adyny ulanmaga bolan hukuk baradaky maglumatlary Döwlet sanawyna girizýär hem-de şahadatnamany berýär.

2. Şahadatnamany bermek Türkmenpatent tarapyndan harydyň gelip çykan ýeriniň adyny ulanmaga bolan hukugyň döwlet belligine alnan senesinden başlap, üç aýyň içinde geçirilýär.

Şahadatnamanyň görnüşi we onda görkezilýän maglumatlaryň sanawy Türkmenpatent tarapyndan kesgitlenilýär.

3. Harydyň gelip çykan ýeriniň adyny ulanmaga bolan hukugyň döwlet belligine alynmagy we şahadatnamanyň berilmegi üçin şu Kanunyň 15-nji maddasynyň birinji böleginiň ikinji tesiminde göz öňünde tutulan möhletlerde degişli paç tölenilýär.

Pajy tölemegiň ýa-da pajyň tölenilendigi baradaky resminamany bermegiň möhletleriniň berjaý edilmedik halatynda şu Kanunyň 15-nji maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan kadalar ulanylýar.

4. Şahadatnamanyň eýesi harydyň gelip çykan ýeriniň adynyň ýanynda ulanylýan belginiň harydyň gelip çykan ýeriniň Türkmenistanda bellige alnan ady bolup durýandygyny görkezýän «R» ýa-da halkanyň içindäki «R» latyn harplarynyň görnüşinde, ýa-da «harydyň gelip çykan ýeriniň ady» ýa-da «harydyň gelip çykan ýeriniň bellige alnan ady» diýen sözler bilen aňladylan duýduryjy belgilemäni goýmaga haklydyr.

5. Şahadatnamanyň eýesiniň başga bir şahslara, ygtyýarlandyryjy şertnama boýunça, harydyň gelip çykan ýeriniň adyny ulanmaga rugsatnama bermäge hukugy ýokdur.

**17-nji madda. Şahadatnamanyň hereket ediş möhleti**

1. Harydyň gelip çykan ýeriniň adyny ulanmaga bolan hukuk hakynda şahadatnama haýyşnamanyň Türkmenpatente berlen senesinden başlap, on ýylyň dowamynda hereket edýär.

2. Degişli pajyň tölenilen we Döwlet sanawynda görkezilen häsiýetlere eýe bolan harydyň öndürilmeginiň faktyny tassyklaýan resminamanyň berlen şertinde şahadatnamanyň hereket ediş möhleti onuň eýesiniň towakganamasy boýunça indiki on ýyla uzaldylyp bilner.

Şahadatnamanyň eýesi Türkmenistanyň çäklerinden daşarda ýerleşýän geografik obýektiň ady bolup durýan harydyň gelip çykan ýeriniň ady babatynda degişli pajyň tölenilendigi baradaky resminama bilen birlikde şahadatnamanyň hereket ediş möhletiniň uzaldylmagy barada arzanyň berlen senesinde harydyň gelip çykan ýurdunda onuň harydyň gelip çykan ýeriniň adyny ulanmaga bolan hukugyny tassyklaýan resminamany ýa-da onuň tassyklanylan nusgasyny berýär.

Şahadatnamanyň hereket ediş möhletiniň uzaldylmagy baradaky arza onuň hereket ediş möhletiniň soňky ýylynyň dowamynda berilýär.

3. Degişli pajyň tölenilen şertinde, şahadatnamanyň eýesine onuň hereket ediş möhletiniň uzaldylmagy üçin alty aýlyk möhlet berilýär.

4. Şahadatnamanyň hereket ediş möhletiniň uzaldylmagy baradaky ýazgy Döwlet sanawyna girizilýär, bu barada şahadatnamanyň eýesi habarly edilýär.

Şahadatnamanyň hereket ediş möhletiniň uzaldylmagy baradaky maglumatlar Resmi býulletende çap edilýär.

**18-nji madda. Döwlet sanawyna üýtgetmeleriň girizilmegi**

1. Döwlet sanawyna harydyň gelip çykan ýeriniň adynyň, şahadatnamanyň eýesiniň familiýasynyň, adynyň ýa-da atasynyň adynyň üýtgemegi bilen baglanyşykly üýtgetmeler, şeýle hem harydyň gelip çykan ýeriniň adynyň ýa-da ony ulanmaga bolan hukugyň döwlet belligine alynmagyna degişli beýleki üýtgetmeler girizilýär.

2. Döwlet sanawyna üýtgetmeleriň girizilmegi, degişli pajyň tölenilen şertinde, şahadatnamanyň eýesiniň arzasy boýunça geçirilýär. Döwlet sanawyna üýtgetmeleriň girizilmegi barada arzalary bermegiň we olara seretmegiň tertibi Türkmenpatent tarapyndan kesgitlenilýär.

**19-njy madda. Döwlet sanawyndan maglumatlaryň berilmegi**

Türkmenpatent islendik şahsyň ýazmaça arzasy esasynda, degişli pajyň tölenilen şertinde, harydyň gelip çykan ýeriniň adynyň we görkezilen ady ulanmaga bolan hukugyň ýa-da harydyň gelip çykan ýeriniň öň bellige alnan adyny ulanmaga bolan hukugyň döwlet belligine alynmagy baradaky maglumatlary berýär. Görkezilen maglumatlar Döwlet sanawyndan göçürme görnüşinde berilýär.

Döwlet sanawyndan alnan maglumatlary özünde saklaýan resminama Türkmenpatentiň ýolbaşçysy tarapyndan gol çekilýär we onuň möhri bilen tassyklanylýar.

**20-nji madda. Harytlaryň gelip çykan ýerleriniň atlarynyň we görkezilen atlary ulanmaga bolan hukugyň döwlet belligine alynmagy baradaky maglumatlaryň çap edilmegi**

Harytlaryň gelip çykan ýerleriniň atlarynyň we görkezilen atlary ulanmaga bolan hukugyň döwlet belligine alynmagy baradaky maglumatlar Resmi býulletende çap edilýär; harydyň aýratyn häsiýetleriniň ýazgysyny özünde saklaýan maglumatlar muňa degişli däldir.

Resmi býulletende harydyň gelip çykan ýeriniň adyny we ony ulanmaga bolan hukugyň döwlet belligine alynmagyna degişli soňky ähli üýtgetmeler hem çap edilýär.

**21-nji madda. Harydyň gelip çykan ýeriniň adynyň we harydyň gelip çykan ýeriniň adyny ulanmaga bolan hukugyň daşary ýurt döwletlerinde bellige alynmagy**

Türkmenistanyň raýaty bolup durýan, ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahslar ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilen ýuridik şahslar harydyň gelip çykan ýeriniň adyny we ony ulanmaga bolan hukugy daşary ýurt döwletlerinde bellige aldyrmaga haklydyrlar.

Harydyň gelip çykan ýeriniň adynyň we ony ulanmaga bolan hukugyň daşary ýurt döwletlerinde bellige alynmagy üçin haýyşnama ol ady ulanmaga bolan hukuk Türkmenistanda alnandan soň, görkezilen şahslar tarapyndan berlip bilner.

**22-nji madda. Harydyň gelip çykan ýeriniň adynyň we ony ulanmaga bolan hukugyň döwlet belligine alynmagynyň hakyky däl diýlip ykrar edilmegi**

1. Harydyň gelip çykan ýeriniň adynyň döwlet belligine alynmagy, eger ol şu Kanunda bellenen talaplar bozulyp geçirilen bolsa, onuň hereket ediş möhletiniň bütin dowamynda jedelleşilip we hakyky däl diýlip ykrar edilip bilner.

2. Islendik şahs, şu maddanyň birinji böleginde bellenen möhletde we degişli pajyň tölenilen şertinde, harydyň gelip çykan ýeriniň adynyň döwlet belligine alynmagynyň hakyky däl diýlip ykrar edilmegi barada Türkmenpatentiň Arz-şikaýat toparyna şikaýat edip biler.

3. Harydyň gelip çykan ýeriniň adynyň döwlet belligine alynmagy we onuň üçin berlen şahadatnama Türkmenpatentiň Arz-şikaýat toparynyň ýa-da kazyýetiň çözgüdi esasynda hakyky däl diýlip ykrar edilýär.

**23-nji madda. Harydyň gelip çykan ýeriniň adynyň hukuk goragynyň we şahadatnamanyň hereketiniň bes edilmegi**

1. Harydyň gelip çykan ýeriniň adynyň hukuk goragy aşakdakylar bilen baglylykda bes

edilýär:

1) şol geografik obýekt üçin mahsus bolan aýratynlyklaryň ýitip gitmegi we Döwlet sanawynda görkezilen häsiýetlere eýe bolan harydyň öndürilmeginiň mümkin däldigi;

2) harydyň gelip çykan ýurdunda daşary ýurtly fiziki ýa-da ýuridik şahslar tarapyndan harydyň gelip çykan ýeriniň adyny ulanmaga bolan hukugyň ýitirilmegi.

2. Şahadatnamanyň hereketi bes edilýär:

1) harydyň gelip çykan ýeriniň şol ady babatda Döwlet sanawynda görkezilen aýratyn häsiýetleriň harytda ýitirilmegi bilen baglylykda;

2) harydyň gelip çykan ýeriniň adynyň hukuk goragynyň bes edilmegi bilen baglylykda;

3) ýuridik şahsyň – şahadatnamanyň eýesiniň ýatyrylan halatynda;

4) fiziki şahsyň – şahadatnamanyň eýesiniň telekeçilik işiniň bes edilen halatynda;

5) şahadatnamanyň eýesi tarapyndan Türkmenpatente berlen arzanyň esasynda.

**24-nji madda. Paçlar**

1. Haýyşnamanyň berilmegi, onuň bilermenler seljermesi, harydyň gelip çykan ýeriniň adynyň we görkezilen ady ulanmaga bolan hukugyň ýa-da harydyň gelip çykan ýeriniň öň bellige alnan adyny ulanmaga bolan hukugyň döwlet belligine alynmagy, Döwlet sanawyna üýtgetmeleriň girizilmegi, şahadatnamanyň hereket ediş möhletiniň uzaldylmagy we beýleki iş amallary bilen baglanyşykly ýuridik ähmiýetli hereketleriň amala aşyrylmagy üçin paç alynýar.

2. Paçlar, eger Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, haýyşnamaçy, harydyň gelip çykan ýeriniň adyny ulanmaga bolan hukugyň eýesi ýa-da islendik üçünji şahs tarapyndan tölenilýär.

3. Paçlaryň tölenilmeginden gelip gowşan serişdeler Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilýär.

4. Paçlaryň möçberi, olary tölemegiň möhletleri we tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär.

## IV BAP. JEMLEÝJI DÜZGÜNLER

**25-nji madda. Türkmenpatentiň Arz-şikaýat topary**

1. Türkmenpatentiň Arz-şikaýat topary bozulan ýa-da jedelleşilýän hukuklar baradaky arzalara seretmek boýunça ygtyýarly edara bolup durýar.

Türkmenpatentiň Arz-şikaýat topary şahslaryň aşakdaky şikaýatlaryna seretmäge ygtyýarlydyr:

1) şu Kanunyň 14-nji maddasynyň birinji bölegine laýyklykda, Türkmenpatentiň çykaran çözgüdi bilen razylaşylmaýandygy baradaky;

2) şu Kanunyň 22-nji maddasynyň birinji bölegine laýyklykda, harydyň gelip çykan ýeriniň adynyň döwlet belligine alynmagynyň hakyky däl diýlip ykrar edilmegi baradaky;

3) şu Kanunyň 23-nji maddasyna laýyklykda, harydyň gelip çykan ýeriniň adynyň hukuk goragynyň we şahadatnamanyň hereketiniň bes edilmegi baradaky;

4) hünär synagy toparynyň patent ynamdarlygyna dalaşgäriň hünär synagy boýunça çykaran çözgüdi bilen razylaşylmaýandygy baradaky.

Harydyň gelip çykan ýeriniň şikaýat berlen adynyň döwlet belligine alynmagy babatdaky ýuridik ähmiýetli hereketler şikaýata seredilmegi tamamlanýança togtadylýar.

2. Haýyşnamaçy şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan şikaýaty, degişli pajyň tölenilen şertinde, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen möhletlerde Türkmenpatentiň Arz-şikaýat toparyna bermäge haklydyr. Görkezilen şikaýata fiziki we ýuridik şahslaryň bozulan we jedelleşilýän hukuklary baradaky şikaýatlaryna seretmegiň Tertibinde bellenilen möhletlerde Türkmenpatentiň Arz-şikaýat topary tarapyndan seredilmelidir.

Şikaýata seretmegiň möhleti şikaýat eden şahsyň, şeýle hem harydyň gelip çykan ýeriniň adyny ulanmaga bolan hukugyň eýesiniň towakganamasy boýunça uzaldylyp bilner, ýöne ol şikaýata seretmegiň ilkibaşda bellenilen möhletiniň tamamlanan senesinden başlap, alty aýdan köp

bolmaly däldir.

Türkmenpatentiň Arz-şikaýat toparynyň çözgüdine gaýtadan seredilmegi baradaky towakganama gyzyklanýan taraplaryň islendigi tarapyndan çözgüdiň alnan senesinden başlap, bir aýyň içinde Türkmenpatentiň Arz-şikaýat toparynyň başlygynyň adyna berlip bilner.

Gyzyklanýan taraplaryň islendigi Türkmenpatentiň Arz-şikaýat toparynyň çözgüdine onuň tassyklanan senesinden başlap, kyrk bäş senenama gününiň içinde kazyýetde şikaýat edip biler.

**26-njy madda. Jedellere kazyýet tertibinde seredilmegi**

Kazyýetler Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde şu Kanunyň ulanylmagy bilen baglanyşykly jedellere, şol sanda aşakdaky jedellere seredýärler:

1) harydyň gelip çykan ýeriniň adyny ulanmaga bolan hukugyň bozulmagy baradaky;

2) harydyň gelip çykan ýeriniň adynyň bikanun ulanylandygy üçin ýetirilen zeleliň öweziniň dolunmagy baradaky;

3) Türkmenpatentiň Arz-şikaýat toparynyň çözgütleriniň jedelleşilmegi bilen baglanyşykly.

Kazyýetler Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde şu Kanunyň ulanylmagy bilen baglanyşykly beýleki jedellere hem seredip bilerler.

**27-nji madda. Gümrük gözegçiligi**

Şahadatnamalaryň eýeleriniň hukuklarynyň goragy babatynda gümrük gözegçiligi Türkmenistanyň gümrük kanunçylygyna laýyklykda, gümrük edaralary tarapyndan amala aşyrylýar.

**28-nji madda. Harydyň gelip çykan ýeriniň adynyň bikanun ulanylandygy üçin jogapkärçilik**

1. Harydyň gelip çykan ýeriniň adynyň bikanun ulanylmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan jogapkärçilige eltýär.

Şular harydyň gelip çykan ýeriniň adynyň bikanun ulanylmagy bolup durýar:

1) harydyň gelip çykan ýeri we aýratyn häsiýetleri babatda alyjyny ýalňyşdyrmaga ukyply, gatyşyp gitmek derejesine çenli çalymdaş belginiň islendik haryt üçin ulanylmagy;

2) adyň daşary ýurt diline terjimesinde ýa-da «kysym», «görnüş», «meňzetme» ýaly sözler bilen baglanyşdyrylyp ulanylmagy;

3) harydyň gelip çykan ýeriniň ady babatda şahadatnamanyň eýesine zelel ýetirýän beýleki hereketleriň amala aşyrylmagy.

2. Harydyň gelip çykan ýeriniň adyny ýa-da onuň bilen gatyşyp gitmek derejesine çenli çalymdaş belgini bikanun ulanýan şahs şahadatnamanyň eýesiniň talap etmegi ýa-da kazyýetiň çözgüdi boýunça şulara borçludyr:

1) ony ulanmaklygy bes etmäge;

2) hukugyň bozulmazyndan öňki ýagdaýy dikeltmäge;

3) ýitirilen peýdany hasaba almak bilen, ýitginiň öwezini dolmaga ýa-da kazyýetiň çözgüdi bilen ýa-da taraplaryň ylalaşygy boýunça kesgitlenilýän öwezini doluş puluny tölemäge;

4) harydyň gelip çykan ýeriniň bikanun ulanylýan adyny ýa-da onuň bilen gatyşyp gitmek derejesine çenli çalymdaş belgini bikanun harytlardan aýyrmaga.

3. Kazyýet bikanun harytlaryň muzdsuz alynmagy barada çözgüt çykarmaga haklydyr.

**29-njy madda. Şu Kanunyň herekete girmegi**

Şu Kanun resmi taýdan çap edilen gününden herekete girizilýär.

*Aşgabat şäheri.*
*2019-njy ýylyň 8-nji iýuny.*
*№ 142-VI.*